enedilim.com



Gurbannazar Ezizow

# SAÝLANAN ESERLER

Gurbannazar Ezizow

—

# SAÝLANAN ESERLER

—

«BEREKET-BINA» – 1995

**Gurbannazar Ezizow, Saýlanan eserler.**
Çapa taýýarlan, redaktirlän hem sözbaşy ýazan Ahmet Gurbannepesow.

—

Türkmenistanyň halk ýazyjysy, Magtumguly adyndaky Döwlet baýragynyň laurety Gurbannazar Ezizowyň «Saýlanan eserleri» şu kitabyň üsti bilen ilkinji gezek türkmen okyjylaryna hödürlenýär. Kitaba şahyryň gysga ömründe döreden ajaýyp goşgularydyr poemalary saýlanyp girizildi.

«Saýlanan eserler» bilen tanyş bolanyňyzdan soň, Gurbannazar Ezizowyň XX asyrdaky türkmen şahyrlarynyň iň beýikleriniň biridigine göz ýetirersiňiz.

—

Bu kitapdaky maglumat "bolşy ýaly" esaslarda, kepilliksiz getirilýär. Bu iş taýýarlananda ähli seresaplyk çäreleri görlen hem bolsa, ne awtor(lar), ne «Enedilim.com» sahypasy bu işdäki informasiýa sebäpli çekilen göni ýa gytaklaýyn ýitgi ýa zelel üçin hiç bir adamyň ýa guramanyň öňünde jogapkärçilik çekmeýär.

—

Digital görnüşe geçiren: «Enedilim.com» topary.
PDF-a geçirildi: 2. Awgust 2011
Wersiýa: 1.0
«Enedilim.com» sahypasynyň kitaphanasy.
`http://enedilim.com`

# Içindäkiler


«Adamlary özgerdýän şahyrdyr» . . . viii
Sähram . . . 1
Göwnüm . . . 2
Meniň aslyýetim . . . 3
Gözüm düşdi . . . 4
«Hamala çagalyk geçmejek ýaly...» . . . 5
Ynam . . . 6
«Ýok, lukman, ýüregim hiç kime bermen...» . . . 7
«Dosta näçe serpaý etseň az ýaly...» . . . 8
Dost . . . 8
«Oýnadyp ýeserje gara gözleriň...» . . . 9
«Hany, çal dutary, mähriban dostum...» . . . 10
«Örän aýdyň hem çuň bir hakykat bar...» . . . 10
Erk hakynda goşgy . . . 12
«Boldy. Besdir. Hol deräniň göwsünde...» . . . 14
«Halas ediň» . . . 15
Tylla balyk . . . 16
Ýaşlyk . . . 17
Şöhrat . . . 18
Şadyýan gün . . . 19
Seni söýdüm... . . . 20
Şanyňa ýazylan liriki setirler . . . 21
«Geçmen seniň üçin ýagyşdan, ýelden...» . . . 23
«Eger seni özüm döreden bolsam...» . . . 24
«Çykanmyzda obamyzyň çetine...» . . . 25
««Birkemsiz gözel ýok» diýenmişinler...» . . . 25
«Hiç düşünip, Hiç düşünip bilemok...» . . . 26
«Söýgim — juwanlykda açylan gunça...» . . . 26
Aýralyk pursady . . . 27
«Sen geldiň-de...» . . . 27
«Menem söýdüm söýülmedik juwany...» . . . 28
«Edil düýn ýalydy...» . . . 28
«Sen hakda oýlara batanymda, gel...» . . . 29
«Günlerimiz...» . . . 30
«Artyk hereketler, ýeňles gylyklar...» . . . 30

«Ýene howa garalyp...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 31
«Maňa seniň gözleriňden gitme ýok...» . . . . . . . . . . . . . 32
«Sen örtenme aýralykdan, ezizim...» . . . . . . . . . . . . . . 33
Gyzlaryma . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 33
«Bu neneňsi geň gylyk?..» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 34
Gijeki myhman . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 35
«Giderin, giderin...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 38
Men özümi aýamadym hiç ýerde . . . . . . . . . . . . . . . . . 38
Razy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 39
Sag bol, durmuş... . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 40
«Ýene gaýdyp geldim dogduk diýara...» . . . . . . . . . . . . . 42
Söwütli . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 43
Seniň adyňda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 44
«Atlar ýataklarda horguryp durlar...» . . . . . . . . . . . . . 44
Goja . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 45
Ýetginjek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 47
Atalar we ogullar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 48
Ata igenji . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 49
Märeke . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 50
Köne kart . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 51
Görmeksiz gyz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 52
«Öz söýenmiz üçin hemmämiz jomart!» . . . . . . . . . . . . . . 54
Biziň günämiz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 55
Şäher, dynç güni, säher . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 56
Nobatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 57
Kiçijik şäherler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 58
Il . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 59
Söýüň çagaňyzy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 59
«Säher turup, syl ýüzüňe çagaňy...» . . . . . . . . . . . . . . 61
Gaplaň . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 62
Uzak ýaýlada enäniň hüwdüsi . . . . . . . . . . . . . . . . . . 63
«Onarsyň bar zady oňatlyga ýor...» . . . . . . . . . . . . . . 65
«Bir gün bag deý ýanyp-köýseň...» . . . . . . . . . . . . . . . 65
«Käte merdem ýagşylyga garaşýar...» . . . . . . . . . . . . . . 66
«Mahal-mahal seniň müňlerçe gören...» . . . . . . . . . . . . . 67
Bagt . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 67
«Baglaryň üstüne gonanda agşam...» . . . . . . . . . . . . . . 68
«Näçe meýlis, näçe ýasda bolundy...» . . . . . . . . . . . . . . 68
«Hemmeler sylaýar «kiçigöwüni»...» . . . . . . . . . . . . . . 69
«Gaharjaňlyk agyr günde dörärmiş» . . . . . . . . . . . . . . . 69
«Bir uly eşret bar ýeriň ýüzünde...» . . . . . . . . . . . . . . 70

Söz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 71
«Bireýýäm Gün ýaşdy, Garaldy dünýä...» . . . . . . . . . . . 71
Paralleller kesişmeýär hiç haçan . . . . . . . . . . . . . . . . . 72
«Dünýede her kimiň öz gylygy bar...» . . . . . . . . . . . . 73
Küteklik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 74
«Aty debsiläp çapma...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 75
«Gar ereýär...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 76
Toý . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 77
Sygan aýaly . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 78
Ynanjaň gyz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 80
Rus halk aýdymyna öýkünme . . . . . . . . . . . . . . . . . . 80
Epitafiýalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 82
Myhmançylykda aýdylan tost . . . . . . . . . . . . . . . . . . 82
«Maňa öwran-öwran...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 82
«Iki zat erklidir, ýeriň ýüzünde...» . . . . . . . . . . . . . . 85
«Adam ölýär...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 85
Gözleg . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 86
Topragym . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 87
Sazlaşyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 88
«Ajap syýahatda boldum diýdi ol...» . . . . . . . . . . . . . 89
Daglar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 90
Ilkinji gar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 91
Gar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 93
Orak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 94
«Deňiz başda gök däldi-de, mawudy...» . . . . . . . . . . . . 94
Sonet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 95
«Ala gözli Maral gaýadan gaýtdy...» . . . . . . . . . . . . . . 95
Ýazlarym . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 96
«Guşlar bilen söhbet açdym...» . . . . . . . . . . . . . . . . 97
Iki agaç . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 98
«Guý, ýagyş! Eziber tallaň saçlaryn...» . . . . . . . . . . . . 99
«Göz aýla dört ýana — gül depe-düzüň!» . . . . . . . . . . . 100
«Baharda gül ýagdy...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 100
«Neneň oňat!» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 101
«Sährа ýyldyzlary öçdi bireýýäm...» . . . . . . . . . . . . . . 101
«Gäwersiň düzünde bahar şoh bolup...» . . . . . . . . . . . . 103
Baharyň işi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 104
«Asmanyň manysyn, dünýäniň syryn...» . . . . . . . . . . . . 104
Güýz bilen söhbet . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 106
Durnalar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 108
Güýz peýzažy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 109

Güýz gijesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 110
Durna . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 110
«Söýýän güýz paslyny...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 111
Aýralyk pasly . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 112
Gorky . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 112
Bäşim nuraly . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 113
Mukamlar başy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 115
Talantlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 116
Närazylyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 117
Jedeller . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 118
Ýeke setir . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 119
1841-nji ýyl, Lermontow dueliň öň ýanynda . . . . . . . . . . 120
Dantes . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 121
Musa Jelile . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 122
Şahyra hat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 123
Omar Haýýama . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 126
Omar Haýýam . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 126
«Iki gyzym iki ýerden...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . 128
Magtymguly . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 129
Gündogar şygry . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 130
Ýazylmadyk şygyrlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 130
Poeziýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 131
Otuz ýaşda ýazylan goşgy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 132
Sungat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 132
Şahyr ýüregi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 133
«Ýalňyz talyň saýasynda otyryn...» . . . . . . . . . . . . . 133
Sena . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 134
Aýallar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 135
Çagalyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 136
Gözlegim . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 137
«Seniň gözleň garalygy...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . 138
«Söýdüm çyn ýürekden, şo boldy bagtym...» . . . . . . . . . . 138
Gözleriň seniň . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 139
Olýa şirliýewa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 139
Iki söýgi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 143
Güýz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 144
Etýud . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 144
Epitafiýa . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 145
Mertlik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 146
Çaga we men . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 146
Türkmen sährasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 147

«Geňräk gylyk bar...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 147
«Şeýleräkdi Abdyllanyň gylygy...» . . . . . . . . . . . . . . . 148
«Ýaş şahyrlar garap galdy yzyňdan...» . . . . . . . . . . . . . 149
Darlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 150
Leýlisaç . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 151
Ýeri, saçyň ýolup aglajakmy sen . . . . . . . . . . . . . . . . 152
Çaga dogrulýan öýüň öňünde oýlanma . . . . . . . . . . . . . 153
Ümsümlik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 157
«Men özüme dost gözledim ýaşlykdan...» . . . . . . . . . . . . 157
«Men Puşkini, Lermontowy okadym...» . . . . . . . . . . . . . 158
Dostluk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 158
Atam . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 159
Arzuw . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 160
Aý problemasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 161
Çilim jaýlanyşy hakda ballada . . . . . . . . . . . . . . . . . 163
«Uly şahyr edil Wolga ýalydyr...» . . . . . . . . . . . . . . . 165
Ýalňyzlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 166
Degişme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 168
Çişlikçi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 169
«Obanyň üstüne çöküpdir agşam...» . . . . . . . . . . . . . . . 170
«Mydam söýdi meni deňi-duşlarym...» . . . . . . . . . . . . . 172
«Okyjym, men seniň taňry myhmanyň...» . . . . . . . . . . . . 173
Täze ýylyň bosagasynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 174
Hemme ýollar diňe ýürege barýar . . . . . . . . . . . . . . . . 175
Eneme . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 176
«Salam dostum, mähribanym, Aşgabat...» . . . . . . . . . . . . 177
«Gök gümmürdäp...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 178
Tehnika . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 179
Hüwdi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 179
«Bu dünýä düşüniň...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 180
«Tüweleme, döwran bize dolandy...» . . . . . . . . . . . . . . 181
Dileg . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 182
Bilýän . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 182
«Saňa sataşdyrmady...» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 183
Gije we gündiz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 184
Eneler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 185
Baky hoşlaşyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 186
««Watana» barýaryn, görýärin kino...» . . . . . . . . . . . . . 187
Meniň dostum . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 188
«Ilkinji goşgulam edilende çap...» . . . . . . . . . . . . . . . 189
Kämillik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 189

Gözellik . . . 190
Beýiklik . . . 191
Saňa garaşýan . . . 192
It . . . 193
Ýalňyşlyk . . . 194
Aldawçy awçylar . . . 195
«Äý, näme söz diýjek Pyragydan soň?» . . . 196
«Käbiri gaýradan, käsi ilerden...» . . . 196
«Men öňdenem bilýärdim...» . . . 196
Dost waspy . . . 198
Erteki we hakykat . . . 199
Gorkaklar . . . 199
«Adamlary söýmek — ýeňil iş däldir...» . . . 200
At goýmasy kyn goşgy . . . 201
Sähram ne giň, ne dar . . . 201
Gojalyk . . . 202
Duralgalar . . . 203
«Görmedik baglaryň gözel ýalydyr...» . . . 205
Akar suw . . . 206
Sönen wulkanlar . . . 207
Ikiýüzlüler . . . 208
Hamala . . . 209
Ýaş şahyr . . . 209
Poeziýa diýen zat nämekä? . . . 211
Üç atly . . . 212
Döredijilik üçin . . . 213
Şahyr bilen ulus-iliň arasy . . . 215
Erbet goşgular . . . 216
Ballada . . . 217
«Sen ony kyrk birde ýolladyň beýläk...» . . . 218
Uruş . . . 219
Gödek soldat . . . 222
«Aýakda gabarçak, maňlaýynda der...» . . . 222
«Uruş gidip otyrdy...» . . . 223
Urşa ýüzlenme . . . 225
«Ýogalýar eneler! Ýogalýar, arman...» . . . 225
Soldat ýüregi . . . 226
Asatur aga . . . 226
«Bir dosty Kiýewde ýazyldy ýere...» . . . 228
Düýşler . . . 229
«Deň-duşlarmyň bary kämil çykypdyr...» . . . 229

«Geliň, özümizi köşeşdirmäliň...» . . . . . . . . . . . . . . . . . 230
Daş gyz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 231
Pikir derýasynda akyl gämisi... . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 239
Söýgi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 246
Güýz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 254
Serpaý . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 262

# «Adamlary özgerdýän şahyrdyr»

Gaty tanyş, oňat görýän, şahyr hökmünde sylaýan, halypa saýýan adamyň barada söz açmak hem aňsat, hem kyn boljak eken. Aňsatlygy ol hakda köp zatlar bilýärsiň, haýsy birini aýdaň-da esli gürrüň edip boljak, Kynlygy — şol bilýän zatlaryň haýsysyndan başlajagyňy, çozup gelýän pikirleriň haýsysyny bije başy etjegiňi bilmän kösenýärsiň. Gurbannazar Ezizow barada ýatlamakçy bolanymda her gezek şeýle bolýar.

Bagyşla, halypa, şägirt hökmünde meniň sen barada ýatlama ýa-da şol kybap makala ýazyp bilmänligimiň sebäbi şundan ybarat boldy. Haçandyr bir wagt bir zat ýazmak borjumdygyny bilýärin, ýöne her gezek bu barada pikirlenenimde, işe başlamakçy bolanymda ýokarky hadysa ýüze çykýar-da, uzak mahallap pikir edip bu işi ertire goýýaryn. Günler bolsa geçip dur. Seniň panydan bakyýa gideliňe ýigrimi ýyl bolup barýar. Şu döwür içinde seni ýatlap birje ýatlama ýazdym. Ol 1990-njy ýylyň 2-nji martynda, seniň elli ýaşyň dolanda «Edebiýat we sungat» gazetinde çap edilipdi, Peýwagtyma bolanlygymda ony hem ýazmazlygym mümkin eken. Gazet işini özüň bilýärsiň, zakaz edýärler. Boýun alan zadyňy wagtynda eltmeseňem senden makala ýazyp bermegi haýyş eden işgäre kyn düşýär. Onuň redaktoryň käýinjini alaýmagy mümkin. Ine, şol jogapkärçilik maňa şol makalany ýazdyrypdy. «Adamlary özgerdýänler şahyrdyr» diýen, edil ýokarky at bilen berlen şol makalany uzak oýlardan soň, ejir çekip ýazypdym. Dostlarymyň telimsine okadyp, maslahatlaryny, düzedişlerini girizip çap etdiripdim. Ynha, bu gün maňa seniň «Saýlanan eserleriňi» taýýarlamagy hem-de oňa sözbaşy ýazmagy buýrdular. Ýene-de şol ejirli oýlar başlandy. Nähili ýazanymda göwnejaý boljagyny bilibilmän, öňki ýazan zatlarymy dörüp, hälki makalany tapdym. Ondan peýdalanma, ýa-da, ony şol durşuna alaýmak niýetim bardy. Emma näme üçindir makala göwnümden turmady. Köp zat, esasy zatlar aýdylmadyk ýalydy. Her hal, mejbury işe girişdim. Agzan makalamdan, aňymdaky ýatlamalardan towuk ýaly çokjalap, garaz bu işi bitirerin. Belki hudaý, bu iş seniň ruhyňa hoş ýaksyn.

Bu işe başlamazdan öň, seniň ýaşap ýören döwrüňde çap etdiren kitaplaryňda, soňra çap edilen «Serpaý» hem «Serdarym» atly kitaplaryňa şahyr Annaberdi Agabaýewiň sen barada ýazan «Ezizowyň emri

bilen» diýen kitabyna seredip çykdym. Şolaryň birinde-de terjimehalyň berilmän eken. Özge dillerde çap edilen kitaplaryňda berlen bolmagam mümkin. Olaryň hemmesi gol astymda bolmanlygy üçin, muny takyk bilmedim. Her hal türkmen okyjysyna ony ýetirmek gerek. Şonuň üçinem «Ýazyjylar soýuzyna baryp, kadrlar bölüminden «liçnoe delo»-ňy alyp, öz eliň bilen ýazan terjimehalyňy okap çykdym. Sen ony 1972-nji ýylyň 31-nji awgustynda ýazan ekeniň. Terjimehal rus dilinde ýazylypdyr, Ony terjime edip, şu ýerde getirmegi müwessa bildim.

## Terjimehal

Men, Ezizow Gurbannazar, 1940-njy ýylyň mart aýynda mugallymyň maşgalasynda doguldym. Meniň kakam, Hümmedow Aziz beýik Watançylyk urşuna gatnaşan. Frontdan gaýdyp gelenden, şu güne çenli ol mugallym bolup işleýär. Dürli sebäplere görä, biziň maşgalamyz respublikamyzyň dürli künjeklerinde bolupdyrlar. 1948-nji ýylda mekdebe girdim we 1959-njy ýylda 29-njy orta mekdebi Aşgabat şäherinde tamamladym. Şol ýylam Türkmen döwlet uniwersitetiniň filologiýa fakultetine okuwa girdim. 1955-nji ýyldan (eserlerim) çap edilip başlady. Ýöne diňe student ýyllarymda edebiýat bilen çynlakaý meşgullanyp başladym. Köpçülikleýin ýygyndylarda (eserlerim) çap edildi. Uniwersiteti 1964-nji ýylda tamamladym we Çagalar edebiýatynyň birleşen neşirýatynyň redaksiýasyna işe iberildim. Şol ýylam Sowet goşunynyň hataryna çagyryldym.

Gullugy 1965-nji ýylyň 19-njy awgustşda kiçi seržant çininde gutardym.

Goşun gullugyndan soň, tä 1970-nji ýyla çenli «Edebiýat we sungat» gazetiniň poeziýa bölüminiň müdiri bolup işledim. Üç sany goşgular kitabynyň awtory, olaryň biri Moskwada çap edildi.

Häzir TSSR ÝAS-de edebi maslahatçy bolup işleýärin.

*31/08/1972*
*(Şahyryň goly)*

Şu terjimehalda bir zat undulypdyr. Olam şahyryň doglan ýeri. Emma kadrlaryň hasaba alynýan «Liçnyý listok»-ynda bu mesele aýdyňlaşdyrylypdyr. Onda «doglan ýeriň» diýlip berilýän sowala: şahyr öz eli bilen — Aşgabat raýonynyň Büzmeýin obasy — diýip, ýazypdyr.

Gurbannazaryň maňa özüniň gürrüň bermegine görä, kakasy şu ýerde, ýagny, Büzmeýin obasynyň NKWD (gynansak-da öň negözel

obalara, ýa-da uly oba degişli ýaşalýan ýerlere şular ýaly atlar dakylyp göýberilýärdi) uçastogynda mugallym bolup işläpdir, şol ýerde-de onuň ogly bolupdyr. Şol ogulam Gurbannazar bolmaly.

Her niçik-de bolsa, ol Gökdepäniň Söwütli obasyny köp agzardy. Onuň ata-babasynyň ýurdy şol oba bolmaly. Muny şahyryň «Söwütli» diýen goşgusy hem tassyklaýar:

Söwütli,
Söwütli,
Eziz diýarym,
Iň oňat zatlaryň undulşy ýaly,
Senden aýra düşüp on bäş ýyl ýarym,
Ahyry üstüňden saldym men ýoly.

Çagalaryň undan enesi ýaly,
Söwütliniň söwütleri giç-ertir,
«Haçan geler, gaýdyp geler balalam»
Diýip, ýollaryna seredip otyr...

Şahyr doglan ýerini, ata-baba ýurduny görende ýüregi jiglenýändir, elbetde. Ýöne Gurbannazar diňe bir ýere bendiwan bolup oturan adam däldi, onuň watanynyň serhetleri giňdi. Respublikamyzyň haýsy künjegine barsa-da ol tanalýardy, dostlary kändi. Şol wagtky uly soýuzyň belli şäherlerinde-de «Dostum gelipdir!» diýip, ony garşylamaga çykardylar. Gurbannazar bu sözleri gaty kän dilde eşidip görendir...

Men bu ýerde Gurbannazar Ezizowyň çeper döredijiligini analiz edip oturmakçy däl. Ol barada Ezizowyň ýaşan döwründe-de, soňra-da atly hem atsyz şahyrlar, tankytçylar, tanyşlar we dostlary şeýle hem okyjylar onuň poeziýasy, adamkärçiligi barada kän-kän makalalar, ýatlamalar ýazdylar. Şolary bir ýere jemleseň, ullakan kitap boljak. Munuň üstesine-de ol aramyzda ýaşap ýörkä respublikamyzyň ýaşlar baýragyny, soňra bolsa Magtymguly adyndaky döwlet baýragyny hem Türkmenistanyň halk ýazyjysy diýen ady aldy. Şu zatlaryň özem onuň näderejedäki şahyrdygyndan habar berýär. Galamasynam eserlerini okan mahalyňyz özüňiz görersiňiz. Iň esasy zat — gudrat şolardadyr. Adyň eserlere, ýa-da eserleriň ada duwlanýandygyny düşünjeli okyjy derrew saýgarar. Şonuň üçinem men bu meseläni üstümden aýryp, okyjylaryň şahyryň eserleriniň üsti bilen bilip bilmejek zatlarynyň üstünde durup geçeýin. Munuň üçin ýatlamalara ýüz urmaly bolýar.

Ýatlama ýazylanda bir ýagdaý ýüze çykýar: aýtjak bolýan pikiriňi bolup geçen haýsydyr bir waka bilen baglanyşdyrmaly bolýar.

Olam köplenç öz gatnaşan wakaňdyr. Ine, şuny gürrüň berýärkäň, wakany baglanyşdyrmak, onuň nähili ýagdaýda ýüze çykandygyny duýdurmak üçin özüň bilen bagly ýerlerinem aýtmaly bolýar. Şunda öteräk geçäýseň: «Büýä pylany hakda ýazjak diýip, özi hakynda ýazaýypdyr» diýýärler. Elbetde, öte geçmejek bolup çalyşaryn, ýöne birden wakanyň özi şuny talap eden ýagdaýynda-da şeýle hakykat ýüze çykaýsa, ynanyň: men ony diňe şu kitabyň awtoryny ýatlamak üçin aýdandyryn.

## Ilkinji duşuşyk

Bu «Ýaş kommunist» gazetiniň redaksiýasynda bolupdy. Ol mahallar şu gazetiň redaksiýasynda ýaş döredijileriň edebiýat birleşmesi yzygiderli geçirilerdi. Özem ýaş edebiýatçylaryň birleşmä getiren edebi eserlerine örän eserdeňlik bilen çynlakaý garalardy. Her birleşmä hökman meşhur ýazyjy-şahyrlar, tankytçylar çagyrylardy. Ýaş nesliň hörpüni bilmek üçin, käte çagyrylmadyklaram barardylar. Umuman, edebiýatçylaryň bu üýşmeleňine höwes uludy. Indi seredip otursam, şol döwürler biziň edebiýatymyzyň täze bir basgançaga galyp ugran döwürleri eken. Bu birleşme-de şonuň bir mekdebidi.

Şol döwürde Aşgabadyň pedagogiki uçilişesinde okaýardym, edebiýat bilen gyzyklanýardym, goşgy ýazýardym, birlän-ikilen goşgym raýon gazetinde, käbir habarjyklarym respublikan gazetde çykypdy. «Ýaş kommunistde» edebiýat birleşmesiniň geçirilýändigi baradaky habarlary okanymda, oňa gatnaşasym gelýärdi. Emma ol ýere saýlantgy adamlar barmalydyr öýdüp, oba oglanynyň çekinjeňligi bilen saklanýardym.

Uzak ýaýdançlardan soň 1962-nji ýylyň mart aýynda (Bu senäni agzaljak goşgynyň gazetde çap edilen wagtyndan çen tutup agzaýaryn.) birleşmä bardym. Birleşme «Ýaşkomyň» redaksiýasynyň şol wagtky jaýynda (Sowet köçesi — 46, häzirki Sahy Jepbarow köçesi) geçýärdi. Ony gazetiň şol wagtky propaganda we agitasiýa bölüminiň müdiri Baýrammämmet Täçmämmedow alyp barýardy. Şol duşukykda atly şahyrlardan Mämmet Seýidow bardy öýdýän. Döredijі hökmünde tanalyp ugran adamlardan Gowşut Şamyýewiň, Saýlaw Myradowyň barlygy magat ýadyma düşýär.

Goşgy okalýardy ol barada pikirler aýdylýardy, umuman meniň üçin ýadyrak gürrüňler edilýärdi. Aýdylýan zatlaryň käsine düşsem, käsine düşünmeýärdim, berilýän bahalaryň dogrulygyny, nädogrylygyny saýgaryp bilmän, ýygrylyp, burny deşilen ýaly bolup, redaktoryň

adamdan doly jaýynyň gaýra burçunda otyrdym. Her hal meniň üçin bu zatlary diňlemek gyzyklydy.

Birleşme ortalap ugranda: — Hany, Gurbannazar, sen näme getirdiň, näme okap berjek? — diýip, şu mahala çenli sesini çykarman, ýüzüni ýokarrak tutup oturan, saçlary arkan gaňtarylan, çal kostýumly, ak köýnekli, ortadan uzynyrak boýly inçemik syrdam ýigide ýüzlendiler. Ol saýhallylyk bilen ýerinden turup, öz sypaýy boý-syratyna, gelşikli at ýüzüne garanyňda azajyk gödegräk gelýän, ýöne merdemsi eşdilýän bogazdan gaýdýan ses bilen: «Şahyr hem ýaşlyk» diýip goşgşyň adyny aýtdy-da, ony okamaga girişdi.

Onuň goşgy okaýşy özgelere düýbünden meňzemeýärdi. Her sözi çintgep aýdýardy, käbir ýerlerde uzak pauza berýärdi. Azajyk sakawlaýany, ýa-da ony bilgeşlin edýänligi gaty bir duýulmaýardy. Käte bir goluny çalaja hereketlerindirip, bir söze aýratyny basym berende, hereket many bilen deň gidenligi üçin ol oňa gelişýärdi. Oturanlar örän ünsli diňleýärdiler. Has dogrusy, ol özüni alyp barşy, goşgy okaýşy bilen, olary diňlemäge mejbur edýärdi. Göwnüne bolmasa, bu ýigit hökman bir gowy goşgy okaýmaly ýaly bolup görünýärdi. Onuň edep--ekramlylygy, terbiýe görenligi bildirýärdi hem mundan diňe gowy zat çykar diýen ýaly duýgy döredýärdi. Men şu ýazan zatlaryma edil şol mahal akyl bilen düşünen bolmasam-da aň bilen düşunipdirin öýdýän. Şu görnüş ýadymdan çykanok.

Ýokarky ýagdaýy şeýle çintgäp ýazmak bilen, gulak asana bir hakykaty aýtmak isleýärin. Sypaýy geýinmek, özüňi saýhally alyp barmak, haýsy işe baş goşanlygyňa garamazdan, oňa gaty ýürekden çemeleşýändigiňi duýarlykly görkezmek, ýagny töweregiňdäkileriň yhlasyňy duýmagy, olarda örän gowy täsir galdyrýar eken. Aýratynam ýapyşan işiňe ukybyň bar bolsa. Ukybyň ýok işe ýapyşmag-a iliň öňünde gülkünç ýagdaýa düşmäge, özüňe hormat goýulmazlyga sebäp bolýar. Çekýän bimany zähmetiňem munuň üstesine!

Bu meselede aýratynam ilkinji täsir güýçli bolýar. Şonuň üçinem kämillige, hormata ymtylýan ýaşlaryň şuny berk ýatda saklamaklaryny sargaýaryn. Ynha, häzir ilkinji gezek gatnaşan edebiýat birleşmämi ýatlaýaryn welin mende aýratyn täsir galdyran Gurbannazar Ezizowyň şol sypaýy görnüşi, goşgy okaýşy hem-de şol mahallar ýa dördünji, ýa-da, altynjy klasda okap ýören ýaş oglanjyk — Öwezmämmet Durdyýewiň şeýle ýaşlykdan bu käre baş goşup, çykyş etmegidi.

...Gurbannazar goşgusyny tamamlap, oturdy. Jaýdakylar esli salymlap dymdylar. Men goşga düşünmändim, ýa-da, düşünen däldirin öýdýärdim. Üstesine-de goşgy barada pikir aýtmak meýlim-ä bir ýokdy, hatda pikirimi soraýanlarynda-da ol märekäniň içinde gürle-

mekden çekinerdim. Göwnüme bolmasa, oturanlarda-da şol meýil ýok ýalydy, hiç kim sesini çykarmaýardy, ýa aýdara zat ýokdy, ýa-da, aýdany ýalňyş bolaýar öýdüp, her kim çekinýärdi. Indi-indi pikirlenýärin welin, munuň sebäbi poeziýa gelende Gurbannazar taýýarlykly gelipdi, ol şol döwürlerem dünýä edebiýatyndan belli bir derejede habarlydy, ustesine-de tebigy akyldyr, türkmençe berlen oňat terbiýe onda bardy. Onuň goşgusy hakynda giň dünýägaraýyş, inçe akyl ýetiriş ukybyň bolman sözleseň, öz sepiň açylaýmagy, ýagny çeper senede düşüniş derejäň nähiliräkdigini köpüň öňünde paş edäýmegiň mümkindi. Onsaňam awtor goşgyny nähili uly ynam hem joşgun bilen okady! Eseriniň gowulygyna göz ýetirmese ol beýle okarmy? Aslynda ol bir oglan oýunjagy ýaly zat üçin orta çykarmy?! Häzir pikirlenenimde: başga bir awtor goşgusyny okan mahaly bada-bat ony ara alyp maslahatlaşmaga girişýän şol adamlaryň kep oýurganandyklarynyň sebäbi şular ýaly bolup dur. Ine, Gurbannazar Ezizow çigitläp maňzy berilýän poeziýa däl-de oýlanyp, içki akyl ýetiriş derejäňi birneme baýlaşdyryp düşünmeli poeziýa şeýle girişipdi...

Megerem, Mämmet Seýidow ilki dillenäýdi öýdýän:

— Hawa-da, adam herän-haçan dünýeden ötende-de oňa ir gitdi diýilýärdä.

Onsoň sesler çykyp ugrady:

— Goşgy gowy-la!

Umuman, galan replikalaram soňky replika kybabyrak boldy. Goşgynyň artykmaç hem kemter taraplary hakynda düýpli gürrüň edilmän, ony gazetde çap etmek üçin alyp galdylar. 1962-nji ýylyň 30-njy martynda çap edilen şol goşgy, ynha:

## *Şahyr hem ýaşlyk*

Onuň aýdymlary misli bir peýkam,
Adamlaň ýüregne çümüpdir mäkäm.
Söýgi, ýaşlyk hakda aýdylan bada,
Elmydam şol şahyr düşermiş ýada.

Ýyllar geçip, ýene il arasynda:
Şeýle gürrüň çykýar ol barasynda:
«Diňe juwan ynsan, diňe ýaş ýürek,
Dünýä şeýle aýdym eçilse gerek.»

Täze ýollar ýasap, ýumrup kenaryn,
Suw akyp dolduran köp ýylyň jamyn.
Günleriň birinde söýgüli şahyr,
Amanat janyny berenmiş ahyr.

Şonda il gözýaşyn süpürip assa,
Diýenmiş: «Wah, aýny wagty neresse...»
Emma, bak, şahyryň şol ölen güni,
Onuň bir ýüz ýaşy dolan ekeni.

Elbetde, bu Gurbannazar Ezizowyň irkiräk goşgusy. Bu ýerde onuň tapýan täsin kapiýalaryny görüp bolanok. Esasan adaty kapiýalar ulanylypdyr, olaryň käbirleri dürs sazlaşmandyr diýseňem boljak. Munuň üstesine-de şol döwürlerde köp ulanylýan şeýle bir däp bardy: goşgy soňky jemleýji pikiriň hatyrasyna ýazylýardy. Bu goşguda-da şol däbi duýmak bolýar. Mundan başga-da Gurbannazar oturyşyklarda, şahyrana duşuşyklarda goşgy okamaklygy gowy görerdi. Emma şolaryň birinde şu goşgyny okany ýadyma düşenok. Ýadyma düşüşine görä, ol özüniň taýýarlan kitaplarynyň birine-de şu goşgyny salmandy. Şahyr Atamyrat Atabaýew «Serpaýy» taýýarlanda hem şu goşgyny girizmändir. Diňe şahyryň döredijiligi mümkingadar doly görkezilmäge synanyşylan «Serdarymda» bu goşgy alnypdyr. Diýmek şahyryň bu goşgusy bolmanlygynda-da onuň döredijilik ýüzi doly görnüpdir. Bu zatlary aýtmak bilen, näme diýmekçi bolýaryn?!

Elbetde, häzir: «Onda näme üçin ol edebiýat birleşmesin-de okalanda beýle täsir galdyrdyka?» diýen sowal ýüze çykýandyr. Men onuň käbir sebäplerini ýokarda aýdypdym. Her hal okyjy: Gurbannazar ussatlarça goşgy okamak bilen, oturanlaryň gözüni baglandyr öýdüp pikir etmesin. Bu pikiriňem jany ýok däl, ýöne esasy sebäp başgady. Ol poeziýany ýürekden söýerdi, onuň yşgy bilen ýaşardy. Poeziýa babatda halka diňe gowy eserler hödürlemeli diýip, düşünerdi. Ýazan zatlarynam dostlaryna, ýoldaşlaryna okap berip, onuň gowulygyna çirksiz ynanandan soňam ile hödürleýärdi. Ine, ýokarky goşgy hem şol çirksiz ynam bilen okalan goşgy bolmaly. Ol özündäki ynamyň esli bölegini özgelere geçirip bilýärdi. Öň bilinýän zat bolsa-da gowy zady gaýtalamagyň zeleli ýok: ili ynandyrmak üçin ilki özüň ynanmaly. Onda-da ikirjinlemeýän, yranmaýan, synmaz ynamyň bolmaly. Onda şu artykmaçlyk bardy.

## Şahyryň goşgy okaýşy hakda ýene bir ýatlama

Gürrüňi ediljek goşgynyň haçanyrak ýazylandygyny biljek bolup, Gurbannazar Ezizowyň çap edilen eserleriniň bibliografik görkezijisine-de seredip çykdym. Emma onuň haçan çap edilendigi baradaky maglumat onda ýok eken. Ýöne onuň rus dilindäki terjimesiniň 1970-nji ýylda W. Sybin tarapyndan terjime edilip, «Molodaýa gwardiýa» žurnalynyň dördinji nomerinde çap edilendigi bibliografik görkeziji-de görkezilipdir. Onuň türkmençesem, megerem, altmyşynjy ýyllaryň ahyrlarynda çap edilen bolmaly, diýmek, şol döwürlerde-de ýazylan bolsa gerek.

Şol döwürlerde Türkmenistanyň Ýazyjylar soýuzynyň ýanynda «Ýaş ýazyjynyň güni» diýen bir edebi üýşmeleň geçirilerdi. Ony şol mahallar Ýazyjylar soýuzynyň edebi konsultanty bolup işleýän, ýazyjy Gurbandurdy Gurbansähedow gurardy. Bu gün adatça, çarşenbe güni öýleden soň geçirilerdi hem-de oňa Türkmenistanyň belli ýazyjylary gatnaşardylar we ýaşlara maslahat bererdiler. Indi seredip otursam, bu edebi üýşmeleň hem ýaş döredijiler üçin özboluşly mekdep bolupdyr. Ýaşlar ýazyjynyň gününe gelmek bilen uly ýazyjy-şahyrlaryň maslahatlaryny diňleýärdiler, özara tanyşýardylar, dostlaşýardylar, biri-birleriniň döredijiliginiň nähiliräkdigini, kimiň haýsy hörpden gopýandygyny aýyl-saýyl edýärdiler. Ynha, indi edebiýat meýdanyna göz aýlaýarsyň welin, häzir pylany diýlip ady tutulýan ýazyjy-şahyrlaryň köpüsi şol «ýazyjynyň gününde» goşgy okan ýaşlar bolup dur.

Gurbannazar Ezizow ol mahallar edebiýatçylaryň meşhur gazeti bolan «Edebiýat we sungatda» poeziýa bölüminiň müdiri bolup işleýärdi. Ol okalan goşgularyň gowy diýlip hasap edilenlerini soňra gazetde çap edýärdi. Men ol döwürde «Ýaş kommunist» gazetiniň propaganda we agitasiýa bölüminde işleýärdim. Goşgularym respublikan gazetlerde çap edilýärdi. Köňüldäki şahyrana göçgünlilik maňa: «Senem indi Gurbannazarçarak ýazyp biljek» diýip pyşyrdaýardy. Men muňa ynanmanam duramakdym.

Hawa, «Ýazyjynyň güni» dowam edýärdi. Öňde Gurbandurdy Gurbansähedow, Gurbannazar Ezizow, Mämmet Seýidow dagynyň oturanyny bilýän. Zalda başga-da ýazyjy-şahyrlar, gazet işgärleri köpdi. Olaryň arasynda Italmaz Nuryýewem bardy. Ýaşlaryň çykyş etjekleri çykyş edip saýpallandan soň, Gurbandurdy Gurbansähedow garaşylmadyk teklibi orta atdy.

— Mämmet diýýän-ä, (ol Mämmet Seýidowa ýüzlenýärdi) ýaşlaryň eserlerin-ä diňledik. Oňatja goşgulary bar eken. Indi şü «men şahyr» diýip, döşlerine kakyp ýören şahyrlarymyz bar, (ol bu sözle-

ri oýunlyga salyp aýdýardy) şolaram diňläp göräýsek nähili bolarka? Soňky döwürde şularyň sesinem eşidip bolanok. Men Gurbannazardyr Italmazyň hersiniň bir goşgy okap bermegini haýyş edäýjek bolýan. Ýaşlaram diňlesin, bizem diňläli. Goý, şahyrdyklaryny görkezsinler. Neneň görýäň?

Mämmet Seýidow hem oýunlyga salyp bir zatlar diýip, teklip bilen ylalaşdy. Goşgy okamagy ilki bilen Gurbannazardan haýyş etdiler. Ol prezidiumda çap etmek üçin alnyp galynan goşgulary öňünde üýşürip, öňündäki ak kagyza bir zatlar bellik edip otyrdy. Teklip duýdansyz bolanlygy üçin ol ýerinden turup biraz oýurgandy. Soňra bolsa prezidiumdan düşüp, zalyň gaýra başyndaky penjiräniň öňüne baryp, gollaryny gowşuryp az salym uzaklara seredip durdy-da:

— Täzeräk ýazan goşgularymyň birini okap beräýeýin — diýdi.

— Goşgyň ady näme? — diýip, Gurbansähedow sorady.

— Heniz-ä at goýamok.

Gurbandurdy aga oýunlyga salga, ýene Mämmet Seýidowa ýüzlendi.

— Mämmet men-ä şu ýaşlara haýran galýan. Gowy-gowy goşgular ýazýarlar-da şolara at dakmany oňaranoklar. Men-ä haýran. Her niçigem bolsa bu zatlar senden ýeten ýoň bolsa gerek.

Gurbansähedow Mämmet Seýidowyň şol döwürlerde ýazan ajaýyp sekizlemelerini (olaram atsyzdy) göz öňünde tutup bu sözleri diýýärdi.

— Hany, goşgusyny okasyn bakaly, göwnümiz ýetmese, baý oňa at dakarys-a! — diýip, Mämmet aga özüne mahsus ýitilik bilen jogap gaýtardy.

Ara düşen böwşeňlikden kemsiz peýdalanyp, özüni dürsen Gurbannazar goşgy okamaga girişdi. Ol şonda «Maňa seniň gözleriňden gitme ýok» diýen setirler bilen başlanýan goşgusyny okapdy. Bu meşhur goşga soňra ajaýyp kompozitorymyz Nury Halmämmedow saz ýazypdy we döwrümiziň taýsyz aýdymçylarynyň biri Atageldi Garýagdyýew ony aýdym edip aýdypdy.

Bu goşgy hemişe mana Çingiz Aýtmadowyň «Jemile» powestindäki bir epizody ýadyma salýar. Ol Daniýaryň purgun sürip barşyna Jemilä aýdyp berýän aýdymydy. Gijara, gazak sährasyna ýaýylyp giden çol aýdymy Çingiz Aýtmadow şeýle bir ussatlyk bilen ýazypdyr welin, onuň owazy gulagyňa gelip duran ýaly bolup dur. Gurbannazaryň bu goşgusy hem näme üçindir ýaňlanyp duran ýaly täsir galdyrýardy. Goşguda göräýmäge türkmençe däl ýaly bolup eşidilýän «gitme ýok» diýen söz düzüminiň geňräkligini goşgynyň bütin durkundan gelip çykýan joşgunly, päkize, wepadar duýgy basmarlap, gaýta ony goşgyny bezeýän ýaly edip görkezýärdi.

Maňa —
seniň gözleriňden gitme ýok.
Maňa —
seniň sözleriňden gitme ýok.

Düşun, bu dünýede soňky güne çen
Seniň şatlyk hem gussaňa kaýyl men.
Seniň ýüpek gijeleňden gitme ýok,
Seniň aýdyň gündizleňden gitme ýok...

Üstesine-de goşgynyň okgunlylygy (tempi) gitdigiçe ösýärdi, özünden başga zat barada pikir etmäge maý bermeýärdi. Megerem, şu ýagdaý ol bir gezek okalanda hemişelik ýadymda galmagyna sebäp bolan bolsa gerek. Bu goşguda şahyr Ezizowyň döredijiliginiň söýgi lirikasynda hiç bir türkmen şahyrynyň şu mahala çenli söýgi temasyndan ýazan şygryna meňzemeýän, juda özboluşly, çeper goşgyny we giň gözýetimli liriki gahrymany görse bolýar. Ol däp bolan, käbir derejede ýürege düşen «ýandym», «köýdüm», «öldüm ýar»... diýen ýaly lejikdiren zatlardan has ajaýypdy... Goşgy soňky küplete çenli ösýärdi, soňra birhili rahatlanan ýaly, düzlükden gidip barşyna, az-kem pese inen ýalyrak bolup tamamlanýardy:

Zemin aýlanyp dur.
Oňatlyk örän!
Hiç bir güýje oň ýoluny tutma ýok.
Dünýäň her gülünde men seni görýän,
Şonuň üçin bu dünýeden gitme ýok.

Bu ýagdaý barha hyjywlanyp, inçelip, üzülip barýan duýgulary birneme kadalaşdyrýardy, uludan demiňi aldyrýardy. Az-kem rahatlyk berýärdi. Bu çaklar Ezizowyň döredijiliginiň gülläp ösýän döwürleridi. Öň ol ähli pikirlerini, duýgularyny goşgynyň soňky küpletinde jemleýän bolsa, indi ol her setir saýy pikiri, duýgyny ösdürmek isleýärdi. Hatda setirleriň arasyndanam okamaga zat tapylýardy. Pikirini mümkingadar çugdam, az söz bilen bermäge çalyşýardy. Bu onuň okyja, poeziýa hormatynyň hem ussatlygynyň alamatydy...

Ussatlarça okalan goşgy tamamlandy. Ony dym-dyrs bolup diňlän zal henizem jadylanan ýaly dymyp otyrdy. Gurbansähedow: «Neneň gördüňiz?» Goşgyny şeýleräk ýazarlar!» diýýän ýaly, göýä Gurbannazaryň ajaýyp goşgusynyň üsti bilen ýaşlara oňat sapak berip bilenine begenýän ýaly keýpi-köklik bilen bize göz aýlaýardy. Mämmet aga bolsa adaty degişgenligi bilen:

— Heý, bular ýaly goşga-da at dakyp bolarmy?! — diýip, bälçireýärdi.

Meniň kalbymdaky özüme göwniýetijilik duman ýaly syrylyp: «Gurbannazaryň yzyndan ýetjek bolsaň, entekler çorba sowatmaly boljag-ow» diýip, içimi gürledýärdim.

Gurbannazardan soň, Italmaz Nuryýew: «Atalar ýaş ölýär...» diýen goşgusyny okady. Bü-de örän gowy goşgudy. Umuman, şol gün bu iki şahyr ýaş galamdaşlaryna — bize özleriniň ýöne ýere orta çykmandyklaryny görkezdiler. Ol goşgular henizem kalbymda ýaňlanyp dur.

## Tanyşlyk

Men kyrk ýaşyma ýetýänçäm, megerem, ondanam soňrak ideal, ýagny kämil adamlary gözledim. Bu gözleg belli bir senet, kär, talant babatda däldi-de, tutuş adamkärçilik kompleksi babatdady. Ykbal meni gowy, talantly adamlar bilen duşurdy. Olaryň käbirini ilkibada kämil hasaplaýardym. Emma häsiýetiň açyldygyça, şol kämil diýip hasaplan adamlarym-da nähilidir bir ýetmezçilikler duýulýardy... Şol ýetmezçilikleri görmek maňa agyr degýärdi. Käbir dostlarymdan göwnüm geçýärdi. Bu meniň kämil hasaplan adamymdan talabymyň gaty ýokarylygyndandy. Soň-soňlar dostlary kemçilikleri bilen gowy görmeseň bolmajakdygyny duýdum. Gynansam-da kämil adam ýa maňa duşmaýardy, ýa-da, ol ýokdy. Oňarsaň-a özüň kämil bolmalydygyna, oňarmasaňam kämil adam gözläp heläk bolup ýörmeli däldigine akylym ýetdi.

Beýle diýsem: «Munuň adamlardan köp göwni geçipdir-ow» diýip, pikir etmäň. Kämil diýip gol beren adamlarym kämil däldiklerini aýan edenlerinde, elbetde göwnüň geçýärdi. Ýöne şol adamlaryňam ajaýyp gowy häsiýetleri, öwrenerlikli, öý-künerlikli gowy gylyklary bardy. Azda-kände edepli, adamkärçilikli, sowatly, talantly bolsam, bu zatlar şolardan öwrenilen zatlar bolmaly. Men olara hemişe minnetdar. Kämahal dostlarymyň ýanynda: «Men örän gowy adamlar bilen duşuşdym ýoldaş boldum. Şu babatda ykbalymdan razy» diýip ýürekden aýdýaryn. Bu sözler dostlaryňy kemçiligi bilen söýmegi öwrenmekden hem şol kemçilik üçip ondan kine etmän, gaýtam oňa gynanmakdan gelip çykýardy. Üstesine-de şol meniň kemçilik diýýän zatlarym, belki, meniň gözlerim bilen seredeniňde kemçilikdir. Başga biriniň gözi bilen seretseň, onuň kemçilik däl bolmagy hem mümkin. Uzyn sözüň gysgasy soňky döwürde ideal gözlemegi diňe kitaplaryň

üsti bilen dowam edýärin.

Her hal meniň ideal gözläp duşan adamlarymyň içinde Gurbannazar döredijiligi babatda-da, adamkärçiligi babat-da-da meniň idealdyr öýdýän talaplaryma has ýakynyrak gelýän adamdy.

Biziň Baýramguly Amangeldiýew diýen bir dostumyz bar. Ol menden birki ýaş ulurak, Gurbannazar bilenem deň-duş. Megerem, olar Uniwersitetiň filologiýa fakultetini bir döwürräkde tamamlapdylar. Baýramguly ýaş mahallary welosiped ýaryşlaryna gatnaşyp, respublikanyň çempiony, SSSR-iň sport ussady bolan oglandy. Edebiýata uçursuz hormat goýýardy, örän inçelik bilen düşünip, ondan köp adamdan artykmaç lezzet alýardy. Uçursuw düşünjeli gürrüňdeşdi. Bir gezek ol maňa şeýleki wakany gürrüň berdi.

— Bir gezek üç-dört oglan bolup öýe geldik. Özümizem içgiliräkdik. Agşam çaglarydy. Netimizem öň başlanan meýlisi dowam etdirmekdi. Ýaňy myhman jaýa geçip oturdyk welin çyra söndi. Bu ýagdaý hemmämiziň lapymyzy keç etdi. Men öýdäkilere çaý-naharyň aladasy bilen boluň, diýip, daşaryk çykyp köçä, özge jaýlaryň penjirelerine seretdim. Hiç ýerde yşyk görünmeýärdi. Oglanlaryň ýanyna gelip, olara göwünlik berdim:

— Uzak eglemez, derrew ýanar. Hemişe şular ýaly bolanda-ha tiz ýanýardy, goňşy-golamlar eýýäm Aşsete jaň edip ugrandyrlar — diýip-diýmänkäm çyra ýandy. Göwrümimiz giňäp gitdi. Ýöne nämeüçindir Gurbannazar ünjüliräk otyrdy. Ol şol oturşyna birden müýnliräk seslendi.

— Baýram, bagyşla...

Men oňa geň galyp, nämäni bagyşlamalydygyny bilmän, sözüni agzyndan gapyp alyp, özüne sowal berdim.

— Nämäni bagyşlamaly? Edýän gürrüňiň nähili?!

— Ýaňy çyra sönende, soňky günler size köpüräk gelýänligimiz ýadyma düşdi. Birden şularyň maşgalalaryny irizýän bolaýmaly, çyranam şolar bilgeşleýin söndüren bolaýmasynlar diýip, pikir etdim. Şeýle pikir edenligim üçin bagyşla diýýärin...

Baýram Gurbannazaryň adamkärçiligini, onuň aýna ýaly aňyrsy görnüp duranlygyny nygtamak üçin bu gürrüňi aýdyp berýärdi. Özem:

Sered-ä, ol aňyna gelen ýalňyş pikir üçin ötünç soraýar. Şony günä hasap edýär, şondan utanýar — diýip, guwanç gatyşykly tolgunma bilen aýdyp berýärdi...

Oglankak ýaşulylaryň: «Haýsydyr bir ýaramaz pikiri aňyňa getireniň bilen, şol ýaramaz işi edeniň günäsi deňmiş» diýip, gürrüň berýänleri ýadyma düşýär. Emma bizi ýaşulylaryň terbiýesine uýdurmajak bolup, şol mahalky ideologiýa jan etdi. Belent tribunalardan:

ata-babalarymyzyň ömrüniň körlükde, nadanlykda geçendigi hakdaky gürrüňler ýaňlandy durdy. Olaryň edýän gürrüňlerinde ylmy esas ýokdur diýen düşünje biziň aňymyzda ornaşdy. Soň-soň hindileriň beýik eposy bolan Mahabharatada bu pikire duşup, şol ýaşulylaryň howaýy zat aýtmaýandygyna düşündim.

Gurbannazarda şu terbiýe bardy. Bu oňa ýaşulylaryň öwütleri bilen geçipmi, ýa-da okalan kitaplaryň — onçasyny bilemok. Ýöne Gurbannazar atasy Hümmet agany uly hormat bilen ýatlaýardy. Edep-terbiýe babatda ondan köp ýagşy zatlar öwrenendigini aýdýardy.

...Altmyşynjy ýyllaryň aýaklaryna şahyr Annaberdi Agabaýew toý etdi. Ine, şol toýda otyrdyk. Gurbannazar toýa gijiräk geldi. Ol meýlis gurlup oturylan stoluň iler gündogar başyragynda oturdy. Uzynlygy ýedi-sekiz metr bolan bu toý stolunyň gaýra günbatarragynda oturan ýerimden baş atyp salamlaşdyk. Gurbannazary daşyndan tanaýanam bolsam, onuň bilen heniz gürleşip görmändim we ol meni tanaýandyr öýtmeýärdim. Emma beýle däl eken: salamlaşanymyzdan soň, ol mende nazaryny egledi-de:

— Goşgularyňy okadym, gowy gördüm — diýdi. Bu sözleriň şol hepdede «Ýaşkomda» çykan goşgularyma degişlidigine bada-bat düşündim. Emma şeýle ýagdaýda näme diýilýändigini hem näme diýjegimem bilmän, ýylgyryp başymy atdym. Ine, biziň ilkinji gürrüňdeşligimiz şeýle başlanyp, şeýle-de tamamlandy. Dogry, birek-birege gürrüň atyşardan ara daşyrakdy. Üstesine-de bu gyzyp duran toý meýlisi hem muňa ýol berjek däldi.

Döwrümiziň ajaýyp şahyrlary Kerim Gurbannepesowyň, Mämmet Seýidowyň döredijiliginiň gülläp ösýän döwri bolan altmyşynjy ýyllaryň aýaklaryna mahsus zatlaryň biri: ol çaklar käbir toý-baýram üçin ýazylan dabaraly goşgular bolaýmasa, tötänleýin adamlaryň tötänleýin goşgulary metbugatda peýda bolmaýardy. Bu döwür: Gurbannazar Ezizowyň, Annaberdi Agabaýewiň, Halyl Kulyýewiň, Italmaz Nuryýewiň hyjyw bilen orta çykan döwürleridi. Deklaratiwlikden gaty bir gaça durmaýan Ata Atajanowam bu ýyllarda ene hakynda ajaýyp goşgular ýazypdy. «Öçme ojagym» diýen gowy liriki goşgular topary bilen çykyş edýärdi. Berdinazar Hudaýnazarowam agras, saldamly, türkmen ýaşulylarynyň öwüt-ündewlerine meňzäp duran goşgularyny ýazmagyny dowam edýärdi.

Agzalan döwürde poeziýany yzygiderli çap edýän metbugat organlary azdy. Poeziýa ol çaklar «Edebiýat we sungat» gazetine, «Sowet edebiýaty» žurnalyna daýanýardy. Ýaşlaryň poeziýasy bolsa esasan «Ýaş kommunist» gazetine daýanýardy. Ýokarda agzalan iki neşirde ýaş şahyryň goşgularynyň peýda bolmagy, ol awtor üçin uly hadysady.

Okyjylar üçin bolsa bu ýaş şahyryň ulular tarapyndan ykrar edilip ugralmagynyň alamatydy. Üstesine-de edebiýata üns berýän metbugat organlarynyň poeziýa bölümleriniň sakasynda ýanyna ýaramaz şygyr bilen baryp bolmaýan, gaty talapkär adamlar oturýardy: «Edebiýat we sungatda» Gurbannazar Ezizow, «Sowet edebiýatyn-da» Mämmet Seýidow, «Ýaş kommunistde» bolsa Baýramjan Gurbanmuhammedow. Baýramjany hemmeleriň tanamaýan bolmagy mümkin. Ýöne ol altymyşynjy ýyllarda tanalýan ýigitdi. Ony ol döwürler umytly ýaş şahyr hem terjimeçi hökmünde tanaýardylar. Baýramjan Gurbanmuhammedow gowy goşgular ýazmak bilen, Resul Gamzatowyň käbir goşgularyny oňat terjime etmek bilen özüni ykrar etdiripdi. Üstesine-de ol sowatly, talapkär, halal işleýän oglandy. Baýramjanyň edebi dörejiligini dowam etdirmänligi hakynda pikirlenenimde: döredijі adam bolmak üçin diňe zehindir sowat hem ýeterlik däl borly. Onuň üçin ylhamly hüwdüleýän ykbal hem gerek diýip, pikirlenýärin. Elbetde, raýy gaýtmaýan yhlasam gerek.

...Gurbannazar Ezizow iň köp okaýan şahyrlaryň biridi. Ol şahsy kitaphana edinmekde-de köp adamlara görelde bolandyr öýdýärin. Bizde bedeni terbiýelemek hakynda köp gürrüň edilýär. Emma aňy terbiýelemek hem türgenleşdirmek hakynda, şunuň ugurlary barada az gürrüň edilýär. Soňka diňe okamak arkaly ýetip bolmaýar. Beýnini hem terbiýelemek, türgenleşdirmek gerek. Gurbannazar bu işi okamak, dürli krosswordlary, tapmaçalary çözmek hem öz bilýän, täze eşden zatlaryny ýoldaşlaryna gürrüň bermek arkaly amala aşyrardy. Gürrüň edende wakany bolşy-bolşy ýaly gürrüň etmän, oňa öz fantaziýasyny goşardy, mümkingadar ýumoristik äheň goşmaga çalyşardy. Umuman ol döredijilik fantaziýasyny yzygiderli işletmäge çalyşardy. Şu zatlar aňyňy, pikirini terbiýelemek isleýänlere gerekli zatlardyr diýip, hasap edýärin. Men Gurbannazardan: nämeleri okamaklygy maslahat berýändigini sorardym. Ol:

— Eliňe düşen zady — diýip, jogap bererdi. Eýýäm onýyllyk mekdebi tamamlan döwründe dünýä edebiýatynyň klassyklarynyň esasy bilen tanyş, uniwersitetde hem munuň üstüni ýetiren adam üçin munuň dogry bolmagy hem mümkin. Emma men bu zatlaryň yzyndan soň kowup ýetmeli boldum. Şonuň üçinem saýlabyrak okamalydygyma, wagty iň öwrenmeli zatlarym üçin sarp etmelidigime düşünýärdim.

Şol döwürde «Edebiýat we sungat» gazetiniň redaksiýasy häzirki Prezident köşgüniň gapdalynda ýerleşerdi. «Edebiýat we sungat» gazetiniň işgärleri Sowet (häzirki Sahy Jepbarow) köçesiniň ugrundaky Poligrafkombinata gelip gazet çykarardylar, onuň gaýra ýüzünde ýer-

leşýän Birleşen neşirýatdan galam haklaryny almak üçin her aýyň on birine, ýigrimi altysyna öýleden soň gelerdiler. Karl Marks köçesinden Sowet köçesne gönügeniňden soň maňlaýyňy güne tutup gaýtmalydy. Sowet köçesinde-de bag seýrekdi, bir gapdalyňam haýat bolansoň, gyzan haýatyň ugruny syryp, gyzgyn jöwzada maňlaýyňy güne tutup gaýtmak kyn bolansoň Gurbannazar dagy bu aralyga «Sahara» (Sahara çöli manysynda) diýip, atlandyrardylar. Bir gezek men oňa Saharanyň ortaragynda gabat geldim. Howa yssy däldi, megerem, ýaz aýynyň aýaklarydy. Gurbannazar ýöräp gelşine, «Smena» žurnalyny okap gelýärdi. Gepiň gerdişine görä aýtsam, ýolugra okamak häsýetine Gurbannazar bilen Saýlaw Myradowda köp duşardym. Bular ýeke barýan çaglary ellerindäki gazeti, ýa-da žurnaly okar gelerdiler.

Gurbannazaryň golaýda «Edebiýat we sungatda» goşgulary çap edilipdi. Şol goşgularyň arasynda duşan bir pikirim meni iňkise goýýardy. Göwnüme bolmasa, onuň aýdýan zady ata-baba aýdylyp gelinýän zada — ykrar edilen zada ters gelýän ýalydy. Ine, ol:

«Biziň kärimizde ýagşy niýetiň
Ýarym döwlet däldigini» bilsem-de,
Niýetsiz ýaşamak çetin, ah çetin,
Ýagşy niýet edýän wagty il senden.

Her niçigem bolsa, örän sylaýan şahyrymyň ýazan bu setirlerinde aýdylýan pikiriň nädogry bolup biljegine şübhelenýärdim. Gazetde ýalňyşlyk gitdimikä, ýa-da men düşünmeýärmikäm diýip, içimi gürledýärdim. Gurbannazary görenimden şuny soramak meýli döredi. Özem bu meniň onuň bilen ilkinji gürleşjek bolşumdy. Ilkinji gürrüňdeşlikde salamdan soňky berlen bu sowal mortaragam bolsa, garaz, sowal berdim. Ol hiç hili aýyp-syn etmän, çabga ýagýan ýaly çalt-çalt gürläp, öz pikiriniň dogrulygyny düşündirmäge durdy.

— Ýagşy niýet edeniň bilen goşgy gowlananok. «Parahatçylyk bolsun», «Hasyl köp bolsun», «Biz hakykatyň tarapdary»... diýeniň bilen şygyr kalby gozganok. Biz şu zatlaryň bolmagyny hakykatdanam isleýäris. Ýöne ony nähilidir başga ýollar bilen, okyjynyň kalbynyň gozganyp kabul ederi ýaly derejede aýtmaly. Şonuň üçinem biziň kärimizde ýagny, şahyrçylykda ýagşy niýet edeniň bilen goşgyň gowulananok, çeperleşenok, diýmekçi boldum.

Örän çalt aýdylan bu pikirleri bada-bat kabul edip bilmedimmi, ýa-da, aňa galyp bolan: «Ýagşy niýet — ýarym döwlet» diýen halk nakylynyň şahyrçylyk babatda aýdylanda juda gönümel bolýandygyny duýup ýetişmedimmi — garaz, jogap göwnüme jaýlaşmady. Şeýle-de

bolsa, ilkinji söhbetdeşlik-de, ýol ugrunda bu meseläni çintgäp durmagy birhiliräk görüp, göýäki düşünýän deý ýylgyryp başymy atdym-da:
— Hä-ä, şeýle diýse-ne — diýdim.

— Meniň pikirimçe-hä şeýle — diýip, ol ullakan mawumtyk gözleri bilen maňa seredýärdi. Soňra bolsa, ol meniň ikirjiňleýändigimi duýan deý: — Näme redaksiýa baraňok, (ol «Edebiýat we sungatyň» redaksiýasyny göz öňünde tutýardy) bar, goşgularyňy elt. Öýe gezmäge bar. Oturyşarys, gürleşeris, — diýdi.

Ine, biz ilkinji söhbetdeşlikde şeýle gürleşip, soňra bolsa hoşlaşyp, herimiz öz ugrumyza gitdik. Gurbannazar «Smenasyny» okap ilerligine, menem gaýralygyna gitdim.

Gozgalan gürrüň düşnükli bolary ýaly, altmyşynjy ýyllaryň başlaryndaky poeziýada ýoň bolan bir ýagdaýy belläp geçmeli. Şol döwürde şahyrlar otuzynjy ýyllardaky gönümellikden, ýagny öz termini bilen aýtsak, deklaratiwlikden daşlaşmak isleýärdiler. Şonuň üçinem täze beýan ediş usullaryny gözleýärdiler. Bu gözleglerem esasan şeýleräk ýagdaýlara syrygýardy. Mysal üçin haýsydyr bir şahyr çeşme hakypda goşgy goşmakçy bolsa: ilki çeşmäni suratlandyrýardy. Ol dag daşlarynyň astyndan syzylyp çykýardy-da sähra tarap gönügýärdi. Baran ýerini gülzarlyga öwürýärdi. Soňra şahyr pikirini şeýleräk jemleýär: «Menem çeşme ýaly baran ýerimi gülzarlyga öwürsemdim».

Beýle manyly goşgy bir ýa iki bolanlygynda oňuşsa-da bolardy. Emma bular köpdi. Gurbannazar aýtmyşlaýyn şeýle goşgulary düzýän şahyrlar hakykatdanam ýagşy arzuw, niýet edýärdiler. Emma şeýle arzuwlaryň birsyhly gaýtalanyp durmagy poeziýany garyplaşdyrýardy.

Poeziýada ýagşy niýetiň ýarym döwlet däldigi, ynha şu ýagdaýlardan gelip çykýardy.

...Soňra bu ilkinji söhbetdeşlik dostluk gatnaşyklaryna ýazyp gitdi.

## Ol haçan ýazýardy

Gurbannazar Ezizow bilen içgin tanyş adamlar, dostlary birek-birege şeýleräk sowaly bererdiler: «Ol haçan ýazýar-ka?» Beýle sowalyň berilmegine esasam bardy. Sebäbi Gurbannazaryň ýeke özüniň içini hümledip oturan wagtyna gabat gelmek kyndy. Öýlerine barsaň, myhmansyz wagtyna duşup bolmaýar diýen ýalydy. Olar diňe Gurbannazary idäp gelýän myhmanlar däldi. Şahyryň kakasy Eziz aga-da tanyşlary, dostlary kän, polady ýumşak, süýji dilli adamdy. Onuň ýanyna oturmaga gelýänler kändi. Gurbannazarlaryň öýleri hakynda myhmanly meselede gürrüň açaňda şeýleki bir ýagdaýy aýtman geç-

mek mümkin däl: öýüň aýaly-erkegi myhmany güler ýüz bilen mähirli garşylardylar. Myhmana edilýän hyzmatam ýürekdendir. Çaý-nahar wagtly-wagtynda geler durar. Gürrüňdeşligem, hödür-keremem şeýleki bir tebygy ýagdaýda bolup geçýändir welin, utanjaň myhmanyň çekinjeňligi hem bulut ýaly syrylyp ötägiderdi. Gurbannazary idäp gelen adamlar Eziz aga bilen, Eziz aganyň dostlary Gurbannazar bilen şeýle bir öwrenişerdiler welin, soňa baka şahyryň (çekgelerinden ak girip ugransoň) ol, ýa-da beýleki myhmanyň atanyň ýa-da oguluň myhmanydygyny saýgaryp bolmaýar diýen ýalydy.

Hawa, Gurbannazaryň köplenç ýany adamlydy. Köçä çykanda-da, işde-de. Tomus aýlary ýazyjylaryň Pöwrizedäki daçasyndan bir otagy eýeleýärdi. Ol ýere baranda-da myhmansyz, daşy dostsuz-ýoldaşsyz wagtyna duşup bolmaýardy. Ine, şu zatlar üçinem ony içgin tanaýanlar: «Gurbannazar haçan ýazýar-ka?» diýen sowaly biri-birlerine berýärdiler. Altmyşynjy ýyllaryň ikinji ýarymyndan soň yzygiderli tirkeşende bolsak, şu sowal meniňem öňümde ýatyr. Dogrudanam ol haçan işledikä?

Gurbannazaryň ýakyn dostlarynyň biri Derýa Baýramkulyýew şeýle gürrüň berýär:

— Megerem, dynç günüdi öýdýän. Bir gün ir bilen Gurbannazarlara bardym. Gapylarynda Hally gelnejem bir zatlar işläp duran eken. Salamdan soň, Gurbannazary soradym. Ol: «Gurbannazar ýok» diýip, jogap berdi. Men yzyma öwrülip gidiberjek boldum, iki-üç ädim ätsem ädendirin. Alňasak ýagdaýda içerden Gurbannazar çykdy. Ol ullakan mawy gözlerini güldürip ýylgyrdy-da keýpi kök wagtlary diýýän sözleri bilen maňa ýüzlendi:

— Kil munda!

Men bir hili boldum. Hally gelnejem menden beter utandy. Ol kän bir geplemsek bolmasa-da özuni aklamak üçin utanjyrap şeýle diýdi:

— Ynha-da, Derýa muň bolşy. Öz-ä her kim gelse-de men öýde ýokduryn diýip, tabşyrýar. «Ýok» diýseňem ylgap daş çykyp, seni dili gysga edýär...

— Aý, ýaňy bir zat kellä geldi-de stoluň başyna geçdim. Hallada: «Gelene ýok diý» diýdim — diýip, Gurbannazar günäň özündedigini boýun aldy. Soňra-da: — Şeýle diýenem bolsam, sen kime «ýok» diýmelidigini seljermeli ahyryn — diýip, şol ýylgyryp durşuna gelnine igenen boldy.

Onuň işlejek bolup ýeke galmaga synanyşyklary hem köpülenç şeýle tamamlanýan bolmalydy.

Bir gezek Pöwrüzä — ýazyjylaryň daçasyna gezelenje bardym. Bu ýerde Gurbannazar «dynç alýardy». Adatça keseden gelenler bu ýere

barýan ýazyjylar dynç alýandyr öýdýärler. Aslynda bu ýere gelýänler işlemäge gelýärdiler.

Ýadyma düşüşüne görä, şol gün Çary Aşyrow, Kaýum Taňrygulyýew, Gurbannazar — ýene kimleriň bary ýadyma düşenok — dagymyz uzak wagtlap billiard oýnadyk. Billiardyň ýanyndan garaňky kemsiz gatlyşansoň dagaşdyk. Soňra gelip Gurbannazaryň jaýynda esli salymlap oturdyk. Men şol ýerde ýatyp, ertesi gaýtmakçydym,..

Gijäniň näwagtydygyny bilemok, bir hümürdä oýandym.

Çyra ýanyp durdy. Gurbannazar stoluň başynda otурşyna, elindäki kagyzdan bir zatlar okaýardy. Ol meniň krowatda dik oturanymy görüp:

— Diňle, bir goşgy ýazdym, dogrusy entek gutarylmadyk. Ýöne özen bar. Käbir ýerlerini timarlap, güýçli jemleme tapaýmaly. Onda gulak as!

Gurbannazar goşgy okamaga girişdi. Uzak günüň ýadawlygyndanmy, ýa-da goşgynyň obrazyna girişenligindenmi, garaz ol gamgyn görünýärdi:

Sen meni ýaman gözlerden gorap saklajak bolduň,
Sen meni süýt-gaýmak bilen ekläp-saklajak bolduň,
Juda ýagşy suwlar bilen teşneligmi gandyryp,
Ýolumdaky ýaman sözleň baryn çöplejek bolduň.

...Ine, durun seň öňünde sakal-murtly gelişiksiz,
Nämüçindir arzuwyň däl, nämüçindir tagaşyksyz.
Bu dünýäniň bir ajaýyp, bir gazaply kanuny bar,
Bolmaly-bolmasyz zatlar enä hiç geneş salmaýar.

Ine durun seň öňüňde diňe ak süýdüni emen,
Meni hiç bir zatdan gorap bilmedik ýalnyz enem...

Megerem, şahyr bu goşgusyny göwün islegiçe tamamlap bilmedik bolarly. Meniň bilişimçe, ol muny özüniň taýýarlan goşgular ýygyndylarynyň hiç birine goşmandy. Goşgy ilkinji gezek şahyryň döredijiliginiň köp bölegini jemlän «Serdarym» diýen ýygyndyda neşir edildi. Eliňizdäki kitabyň saýlanan eserlerdigine garamazdan bizem ony kitaba girizdik. Sebäbi bu goşgy şahyryň ykbaly bilen baglylykda köp zatlar aýdýar, şeýle hem doly gutarylmadyklygyny aýdaýmasaň bildirip duranok.

Halk arasynda: «Şahyr hudaý beren bolanlygynda, onuň aýtjak sözi diline gelip duranmyşyn», ýagny goşgyny ýüzugra düzäýýän-

mişin diýen ýalňyş düşünje bar. Şeýledir öýdüp pikir edýänler gaty ýalňyşýarlar. Munuň şeýledigini zehin ýa zähmet siňdirmezden, hiç bir işiň hetdesinden gelip bolmaýanlygy bilen subut etmek bolar. Ikinjiden, ýeňillik bilen kämillige ýeten adama, şeýle hem «aňsatlyk bilen kämillige ýetdim» diýýän kämil adama duşan dälsiňiz. Goşgy agyz ugruna aýdylýan sarnama däldir. Ol uzak oýlaryň, üznüksiz zähmetiň, yzygiderli okamagyň, ýadawsyz sünnäligiň hem sünnälemäniň, inçe duýgularyň hyjyw, gynanç, göçgünlilik bilen ýüze çykýan söz sungatydyr. Şonuň üçinem aňsatlyk bilen düzulen sarnamanyň asyrlardan bize gelip ýetenini tapmarsyňyz. Aňsatlyk bilen dünýä inen setirler aňsat — tiz unudylýar.

Biziň döwrümizde dili örän akgynly hasap edilýän şahyrlar bolan Kerim Gurbannepesowyň, Meretguly Garryýewiň, Aman Annadurdyýewiň eserlerine ser salan halatyňda, göýäki sözler yzly-yzly suňşurylyp barýan ýaly duýgy döreýär. Olaryň şeýle akgynlylyga ýetmek üçin nähili jebir çekendigini we çekýändigini şahyrçylyk bilen azda-kände meşgullanyp görenlerem bilýändir. A. Annadurdyýewiň ýanynda bu mesele barada söz açsaň, ol oýunlyga salýarda: «Ol meni telbelige ýetirip barýar» diýýär. Ata-babalarymyz: «Azapsyz ýeriň ady ýok» diýipdirler.

...Gurbannazaryň Pöwrize jülgesindäki iki krowatly, bir şifonerli, birki sany stully hem bir gaty stolly kiçijik jaýda gijäniň bir mahaly ýeke özüniň gümürdenip oturmagy poeziýa üçin çekilýän azabyň gözli şaýadydy. Özi hem ol bu günlere: on ýyl mekdepde, bäş ýyl uniwersitetde, gije-gündiz öýde hem ýollarda okamak bilen, dünýäniň klassiki şahyrlarynyň mirasyny öwrenmek, diri halypalaryň öwütlerine gulak goýmak bilen, işde özi ýaly hem ýaş şahyrlaryň goşgularyny diňlemek, baha bermek, timarlamak bilen, dostlary, ýoldaşlary bilen duşuşanda, toýda, meýlisde poeziýa barada üznüksiz söhbetdir jedeller etmek bilen, garaz, küýi-köçesi poeziýa bolmak bilen gelipdi. Ine-de ol goşgusynda ýazyşy ýaly: sakgal-murty syrylgysyz, ukusyzlyk zerarly gabaklary ýellenen, ýüzi kokuşyp duran halda, egni köneräk gögümtik maýkaly, aýagy göwşüllän setin jalbarly, daralmadyk, ir çal sepen saçlarynyň üstüne çal bulut çöken ýaly edip, çilimini burugsadyp otyr. Üznüksiz çekilen çilimden ýaňa gyryljyk ardynjyraýar. Okan goşgusynyň nähilirräkdigini onuň mende galdyran täsiriniň üsti bilen biljek bolýar.

Şahyryň bu ýagdaýy,

Ine, durun seň öňüňde sakgal-murty gelişiksiz,
Nämüçindir arzuwyň däl, nämüçindir tagaşyksyz...
Meni hiç bir zatdan gorap bilmedik ýalňyz enem.

diýen setirleri meniň gözlerime ýaş aýladýar.

Hawa, Gurbannazar ýekelikde galmaga pursat tapan çaglary işleýärdi, ýagny köpçülikde, işde meýlisde, kitap okanda, gürrüňçilikde göwnüne gelen poetiki setirleri timarlaýardy, üstüni ýetirýärdi, sünnäleýerdi we kagyza geçirýärdi. Ol gaty zähmetsöýerdi, çydamlydy, özüne dözümli daraýardy. Meniň şeýle netijä gelmegime şeýle ýagdaýam sebäp boldy.

Gurbannazar ikimiz 1970-nji ýylyň baharynda bir sebäp bilen Gäwersde işledik. Biz bu ýerde altmyş gektar ýorunja suwarýardyk. Ýorunja oňly düzlenmedik tarap ýere ekilendi, özem onuň ilkinji suwuny tutýardyk. Kartanyň käbir ýerine suw çyksa, kä ýerlerine çykmaýardy. Suwy kartanyň hemme ýerine endigan çykarmak üçin bütin bir kartanyň boýuna pel çekmeli halatlarymyz seýrek bolmaýardy. Aýagymyz rezin ädikli, laýyň içinde akyp duran agyr laýdan pel çekýärdik. Mart aýy, howa onçakly ýylamandy. Ädigimiziň gonjundan suw girip, aýaklarymyz şypyljap durandyr. Suw tutulan laý kartanyň içinde çomup, onuň ol başyndan, ol başyna ýöräp geçmegiň özem hyllyla ýagdaýynda, biz oňa pel çekýärdik. Işden çykanymyzda çaýymyzy özümiz gaýnadynmalydyrys, nahar bişirinmelidiris ýagyş, çala şitirdese, doly ýagýan ýaly patyrdap duran çyg çadyryň içinde ýatyp-turmalydyrys.

Men bular ýaly ýabany durmuşy öň görüpdim. Kolhoz işläp suw tutupdym, goýun yzynda çolukçylyk edipdim. Ekspedisiýada şofýorçylyk eden wagtlarym çölde kyn ýagdaýlara uçran halatlarym bolupdy. Garaz men Gurbannazar ýaly şäherde önup-ösen hem redaksiýanyň salkyn jaýyndaky stolundan ýaňyrak turup gaýdan Gurbannazara garanyňda gatyny köpüräk görendim. Şu zatlara garamazdan ol gara zähmet çekmekde menden kem oturmazdy, özem asla hyk-çok etmeýärdi hem zeýrenmeýärdi. Munuň üstesine ol säherler menden has ir turardy. Men oýananymda ol ýaha kartanyň bir ýerlerinde suwa aýlanyp ýörendir, ýa-da ertir çaýyny gaýnatmak üçin kündigi otda goýup durandyr. Umuman zähmetsöýer adam gara işde-de, akyl işinde-de zähmetsöýer bolýan eken. Gurbannazaryň şeýleki zähmetsöýerligini men bularyň ikisinde-de görüpdim. Dogrymy aýtsam, onuň Gäwersdäki çydamlylygyna geň galypdym.

Gurbannazar Ezizow «Ýer-Gögüň arasynda» diýen goşgular ýygyndysyny Gäwersden gaýdanymyzdan soň taýýarlapdy. Şol günler onuň:

— Bu kitabymyň esasyny Gäwersde ýazan goşgularym tutýar — diýip, gürrüň berýäni ýadyma düşýär.

## Nusga alaýmaly häsiýetleri

Şahyryň nusga alarlyk häsiýetleri barada mundan öňdäki ýazgylarda-da agzap geçenlerim bolandyr. Bu meselede meniň bilmeýän zatlarymyň bolup biljekdigi hem tebigy zat. Şeýle hem käbir oňat häsiýetlerini gören-de bolsam, oňa aň eden bolmazlygym mümkin. Şonuň üçin hem bu aýdanlarymy hem aýtjaklarymy gutarnykly zat hökmünde kabul etmezligiňizi haýyş edýärin.

Hawa, Gurbannazar köp okardy, özi aýtmyşlaýyn: «eline düşen zady okaýardy», gündelik metbugaty, žurnallary sypdyrmazdy. Krosswordlary, dürli tapmaçalary çözmegi gowy görerdi. Şeýle hem mümkinçiligine görä köp işleýärdi, zähmetsöýerdi.

Täze dostlar, ýagny, poeziýasyna muşdak täze adamlar bilen duşuşmak, onuň üçin uly şatlykdy. Olar bilen köneden tanyş ýaly, uzak mahallap gürrüňleşip oturyp bilerdi. Şeýle duşuşyklaryň soňy bolsa dostlukly gatnaşyklara ýazyp giderdi.

Gürrüňdeşini sabyrlylyk bilen diňlärdi. Onuň gürrüňiniň arasyny bölüp, ara söz sokmazdy. Käbir oturyşyklarda kellesi gyzyp ile gezek bermän, bir özi gürleýän adamyň gürrüňi halys ýüregine düşen çaglary ullakan gögümtik gözlerini güldürerdi-de ýylgyryp: «Ah-ow, bize-de bir gezek ber, azajyk gepläýelile» diýerdi. Muňa oturanlar, hatda geplemsegiň özi hem gülerdi, göwnüne kine almazdy. Şunlukda gürrüň köpüň höwes edýän zatlaryna ýazyp giderdi.

Ol hiç haçan gürrüňdeşi bilen jedelleşmezdi. Jedelli mesele ýüze çykan halatlary özüniň dogry hasap edýän zadyny birki gezek aýdardy. Gördi-bakdy aýdylan zat gürrüňdeşine ýokman, şol oz eňegine tutup otyrmy, şonda Gurbannazar gözlerini süzübräk, tassyklaýjy äheňde başyny yrardy-da: «Hüm-m!» diýerdi hem mümkingadar şol gürrüňe dolanmazlyga çalyşardy.

Poeziýa muşdaklarynyň özara üýşmeleňlerinde, töweregindäkileriň höwesli diňleýändigine, düşünýändigine göz ýetiren halatlary goşgy okamagy gowy görerdi. Özem hiç haçan goşgyny göwünli-göwünsiz, kiçi dilden bärde okaman, yhlasly hem hyjywly okardy. Goşgularynyň köpusini ýatdan bilerdi. Oturyşyklarda hiç haçan öwünmezdi: Çendan iki-çäk oturyşyklarda, kelle gyzyp goşgy okaşylan halatlarda bir oňat goşgusyny okap bolandan soň, oýunlyga salyp, ýylgyryp: «Ah-o-ow, menem azajyk şahyrdyryn» diýerdi.

Köp zat okaýanlygy üçin, ol dürli hünärli adamlar üçinem gyzykly gürrüňdeşdi. Edýän gürruňlerine mümkikgadar ýumoristik äheň bermege çalyşardy. Hatda şahyrlar hakynda parodiýa ýazanda-da göwne degiji zat ýazman, parodiýany ýumoristik äheň bilen bezärdi. Onuň aňyrsynda ýatan hakykat göze dürtülip durman, mylaýymlaşardy, sypaýçylykly hala girerdi. Tankydy makalalar ýazanda-da haýsydyr bir awtoryň bir kemçiligini çintgäp durman, umumy edebiýada mahsus zatlary aýdardy. Düşünjek adam şol aýdylanlaryň arasyndan özüne mahsus kemçilikleri tapmalydy. Özüňiziň synlaryňyz ýaly, şahyryň Mämmet Seýidowa ýazan bir degişmesini şu ýerde getirmek isleýärin.

Bir zaman «Edebiýat we sungatda» Esentanyş ýaly Goşa kelle diýen bir şahs döretmekçi bolduk. Ol satirik hem ýumoristik äheňde edebiýata, sungata, medeniýete degişli nogsanlary aýtmalydy. Şol sahypany taýýarlaýarkak Gurbannazar üç sany parodiýa äheňli degişme getirdi. Olaryň üçüsi hem gazetde çap edilipdi. Ýöne awtoryň ady goýulmandy. Şonuň üçin köp adam bulary kimiň ýazandygyny hem bilýän däldir. Häzir men şolaryň Mämmet aga degişlisini getirmekçn bolýaryn.

«G. K. şahyrlara öýkünýär» diýen sözbaşy bilek berlen şol degişmeler şeýle giriş makalajygy bilen başlanýardy:

Säher çagy bulaklar her ýana akyp, baglarda bilbiller kah-kah urýarka, serhowuzyň başynda oturyp, onuň ortasyndaky çüwdürilip akýan fontana syn edip oturşyma: «Gyzyl-gyzyl horazlar harmandadyr, ýar--ýar» diýip, hiňlendim welin bagyň aşagynda oturan üç pyýada-da «Gyzyl horaz» sözi kem ýakmadyk bolarly: Olaram hiňlenip ugradylar. Menem bloknotymy çykardym-da olaryň aýdanlaryny duýdurman göçürip aldym. Soň görsem, olar Memmet Seýidow... dagy eken...

## *Mämmet Seýidowyň hiňlenmesi*

Aýt sen säheriň uwertýurasyn,
Eý, sen dünýämiziň sahypjemaly[1].
Säherem şeýle bir ýürege ýakyn, —
«Ses edýär-esedýär» kapýasy ýaly.

[1]Bu ýerde: «Sahypjemala» harmandaky gyzyl horaz diýip düşünmeli. (G. Ezizowyň belligi).

Harmandamyň, armandamyň bilemok,
Säher-säher sesiň eşden badyma:
Rowaýat däl, legenda däl, jan horaz
Bokurdagyň düşýär meniň ýadyma.

Täze ýylda dostlar bilen üýşdük biz,
Palawyň içinde gördük biz seni...
Eý, goja tebygat, eý, goja taryh,
Horazsyzam daňlar atjak ekeni!..

Bu degişmede Mämmet aganyň köp ulanýan sözleri söz öwrümleri, äheňi degişme astyna alynýan hem bolsa, poeziýada köpräk ýanjaýan zatlary görkezilse-de, görşüňiz ýaly göwne alarlyk zat ýokdy. Degişmäniň sýužet gurluşy, çeperçiligi, başga bir şahyra mahsus perdeden gopmagy esasy aýdyljak bolýan zady ikinji plana geçirýän ýaly edip görkezmegi ony kemsiz sypaýçylyklaşdyrýardy. Degişmäiiň, edebi tankydyň maksady adamyny ýaralamak däl-de, awtoryň käbir kemçiliklerine ünsüni çekmek, mümkingadar dostlukly düzediş bermeklige syrykdyrmak, şeýdilse ol has maksadyna ýetýär. Gurbannazar muny ýumşak tebygatyna mahsuslyk bilen gowy başarýardy.

Gurbannazar düýn görşen dosty bilen bu günki gün görşende, ony göýä bir ýyllap görmedik ýaly şatlyk bilen, güler ýüzli garşylardy, alçak salamlaşardy. Kine saklamazdy. Käbir adamlar meýlisde serhoş bolup özüni salyhatly alyp barmadyk halatynda-da ertesi oňa duşanda ýaňkynyň kemçiligini ýüzüne aýdyp, utandyryp durmazdy.

Umuman ol gowy ýigitdi. Bir gezek duşan adamyna özi bilen ikinji gezek hem duşmagy arzuw etdirip bilýärdi.

Men Gurbannazardan şahyrçylyk sungaty babatda, adamkärçilik babatda kän zat öwrendim. Başga şahyrlardanam kän zat öwrenendirin ýöne Gurbannazary ýeke-täk halypam saýýaryn. Ol muny bilýärdem. Her hal halypadyryn diýip, gönümel maslahat, öwüt-ündew bermezdi. Bu zatlar duýdansyzlykda — meniň ondan görelde alyp bilişimçe bolup geçerdi. Täze goşgularymy okap berenimde, umumyrak, örän sypaýçylykly bellikler ederdi. Onda hökman bir öwere mynasyp ýer tapardy, şony ýürekden öwerdi. Eline galam alyp düzedişdirjek bolmazdy. Meniň ýadyma düşüşine görä, onuň bir setirimi, ýa-da, bir sözümem düzedeni hakydama gelenok. Ol bir zady gönümel aýdardy. Olam: «Ahmet, poeziýada gaty halal bolaly, şuny gazanç çeşmesine öwürmäli. Juda oňmasak başga bir zatlar işläp günümizi dolaly» diýerdi. Onuň özi şeýle-de etdi, meniň muňa näderejede hötde gelip bilendigimi bilemok, ýöne şu pendi tutmaga yhlas edýärin.

Başda belleýşim ýaly, bu ýerde Gurbannazaryň hemme häsiýetlerini ýatlap bilmedik bolmagym mümkin. Sözümiň ahyrynda şeýle bir täsin ýagdaýy belläp geçesim gelýär.

Üç-dört ýyl mundan öň amerikan psihology Deýl Karnegiň «Dosty neneňsi gazanmaly we adamlara nädip täsiriňi ýetirmeli» diýen kitabyny terjime etdim. Kitabyň adyndan belli bolşy ýaly, munda adamyň kämilleşmegi üçin bir topar belli adamlaryň görelde alarlyk häsiýetleri mysal getirilýärdi hem umuman gowy adam bolmak üçin özüňi alyp barmagyň tärleri salgy berilýerdi. Şu kitapda ündelýän gowy häsiýetleriň köpüsi Gurbannazarda bardy. Şonuň üçinem onuň dostlary kändi, adamlara täsirini ýetirip bilýän tebygy bir güýç onda bar ýalydy.

## G. Ezizowyň poeziýasyna imrindirýän güýçler nämelerdi

Öňem aýdyşym ýaly, Gurbannazar Ezizow poeziýa meýdanyna taýýarlykly geldi. Üstesine-de onuň poeziýa gelen döwri şahyrlar üçin ondan öňki nesilleriňkä garanda amatlydy. Bu döwürde döredijі adamlary agyzdyryklap, uýanyny öz elinde saklan Staliniň şahsyýet kulti sowulaňkyrlapdy. Hruşew edebiýata birneme ýazylganlyk beripdi. Indi her sözüňi kesä çekip durmaýardylar. Öňki döwürden agzy uçyklan ýaşuly ýazyjy-şahyrlar oýurganyp täze döwre uýgunlaşyp bilmeýärdi. Bu döwrüň hupbatyny görmedik, kalby gorky-ürküsiz täze döredijі nesil bolsa batyrgaýlyk bilen söze başlandy. Şunlukda edebiýatyň buzly okeanlarynyň harsaň buzlary bahar siliniň içi bilen togalanyşyp, bir ýerlere eremek üçin münedekleşip barýardylar. Indi her sözüňde beýik serdaryň göwnüne ýakjak zatlar gözlemek hökman däldi. Adam öz içki dünýäsine, hatda käbir syýasy meselelere-de aralaşmaga hukuklydy. Dyngysyz tarypnamalardan iren halk hem täze öwüsgunlere teşnedi. Kerim Gurbannepesowyň, Gara Seýtliýewiň, Mämmet Seýidowyň, Allaberdi Haýydowyň, Berdinazar Hudaýnazarowyň, Ata Atajanowyň döredijiliginde şol täze öwüsginiň ýakymly şemaly ýüzüňe urýardy. Ine, şol döwürde-de Gurbannazar peýda bolupdy. Ol äheň, borma, pikir, inçe duýgularyň gözlegindedi. Köp işledilenligi zerarly lagar düşen kapiýalardan daşyrak durup, täze rifmalar gözleýärdi. Ilkibaşda onuň dili birneme agyrrakdy. Söz öwrümleri bir hili türkmençe däl ýaly bolup eşidilýärdi. Umuman onuň aýdýan aýdymlary öňki gulaga tanyş heňler däldi. Şuňa garamazdan okyjy munyň bilen öwrenişip barýardy. Tankytçylar bolsa bu zatlary tankytlap, bu üm-düzune tutup barýan ýigigdi dolap, öňki hana saljak bolýardylar. Şahyr:

Asfalt ýollar hiç maňzyma batanok,
Sebäp onda yz galmaýar aýakdan...

diýende: «Ah-o-ow, sen nähili ýoly küýseýärsiň? Şanly geljege alyp barýan ýolumyza şek ýetirjek bolýan bolaýma?!» diýip, ony kötekleýärdiler. Edilýän tankytlar onuň egninden basman, gaýtam ony meşhurlaşdyrýardy. Okyjylar şahyryň täze goşgularyny has çintgäp okaýardylar. Mämmet Seýidow ýaly halypalar bolsa käte şahyr ruhdan düşende: «Ýazyber, miwesiz agaja daş atmazlar» diýýärdi. Kerim Gurbannepesow ony ýaşlykdan goldap gelýärdi. Umuman bu adaty däl talantyň döredijiliginiň turuwbaşdan gürrüňi köp boldy. Ony TKP-nyň plenumynda hem tankytladylar. Emma tutanýerli ýaş ýigit öz ýolundan sowulmady. Onda öz gözlegleriniň dogrulygyna ynam synmady. Ol täze bir akymly edebiýatyň formirlenýän döwrunde ýiti tankydyň astynda, pikirdeş galamdaşlarynyň, okyjylaryň goldawyny duýmak bilen, ýadawsyz gözlegleriň netijesinde özüni şahyr hökmünde ykrar etdirdi.

Altmyşynjy ýyllaryň aýaklaryna, ýetmişinji ýyllaryň başlaryna okyjylar, hatda ýaş şahyrlaram metbugatda Gurbannazar Ezizowyň goşgularynyň çykaryna garaşýardylar. Ol özüniň poeziýa gelmegi bilen poeziýanyň okyjylaryny artdyrypdy. Ýaş şahyrlaryň köpüsi Gurbannazara öýkünmek bilen özleri gowy-gowy kitaphanalar edinipdi. Şu meselede Kakabaý Gurbanmyradow hemmelerden ozdurypdy. Gurbannazar bir tapylmaýan kitap gerek bolanda: «Kakabaýda bardyr» diýip, ondan diläp alyp okardy.

Ýetmişinji ýyllarda Gurbannazardan görelde alýan şahyrlar, oňa öýkünýänler beýleki şahyrlardan görelde alýanlardan has kändi. Goşgularyna baha berlende köp şahyr bilen ylalaşmaýan kejeňegiräk ýaş şahyrlaram Gurbannazaryň pikiri bilen ylalaşardy. Bu diňe onuň ynandyryjy deliller bilen tüýs ýürekden gürleşip bilýänliginiň alamaty bolman, onuň poeziýadaky abraýnyňam bir nyşanydy.

Onuň käbir goşgulary sözüň gowy manysyidaky poetiki ýoňa öwrülerdi. Mysal üçin şahyryň «Uzak ýaýladaky enäniň hüwdusi» diýen goşgusyny alyp göreliň. Hüwdi bir täzelik däl. Ol halk döredijiliginiň bir formasy. Emma Gurbannazar bu eserini ýazdy welin, ýaş şahyrlaryň köpüsi şu esere öýkunip goşgy ýazdylar. Gurbaňnazar ilkinji sonetler çemenini ýazandan soň, türkmen edebiýatynda näçe sonetler çemeni döredi?!

Gurbannazar sene goşgularyny ýazmazlyga çalyşardy. Gazet-žurnallaryň gyssagara zakazlaryny bitirjek bolup, har-sallyga ýüz urmazdy. Poeziýada köpsözlüligi halamazdy. Öz senedine, okyja uly hormat

goýardy. Ol ili güýmejek bolýan şahyr däldi-de her sözüne gaty jogapkärli çemeleşip ili özgertjek bolýan şahyrlaryň hilindendi.

Kämahal, uly şahyrlar dünýeden gidende, käbir şahyrlaryň: «Ol bize agyr ýüki goýup gitdi» diýen sözlerini eşidýärin. Bu sözler şu manyda aýdylýar, ýagny «uly şahyr dünýeden gitdi. Ol öz ömründe poeziýanyň agyr ýüküni göterýärdi... Indi şol ýüki biz götermeli boljak».

Şeýle sözleri eşidenimde näme üçindir ondan göwnüm suw içmeýär. Aýdylanlar özüňe artykmaç baha bermek ýaly bolup görünýär. Aýdaly, Magtymguly, Kerim, Gara Seýtli, Mämmet aga ýa-da Gurbannazar öz ýükini onuň egnine atyp gidenmişin. Indi olaryň ýüklerini-ňem garamaty onuň boýnunamyşyn. Bu pikir megerem nakysyrak.

Poeziýa meýdanyna ynsap bilen girmeli, halal ädimler bilenem ýoluňy dowam etdirmeli. Bir halkyň ruhyna dahylly işe girişdiňimi, öz borjuňy ynsap bilen ediber. Seniň egniňdäki ýüküň şol ynsabyň talabyna bagly bolar. Il-gününiň aladasyna edip, ýalan ýazman, ynsap bilen borjuny berjaý eden şahyrlar eserlerini bize galdyryp baka gidenlerinde agyr aýralykdan başga ýük taşlap gidenoklar. Olaryň poeziýa meýdanyndaky arçan ýollary gaýtam bize ol ýerden geçmäge, kynçylyksyz geçmäge mümkinçilik döretdi. Şonuň üçinem senedi harlaman, ony ýaranjaňlygyň, ýeňil ýaşamanyň guraly edinmän, çirksiz ynsap bilen işläber. Agyr ýük, onda-da başga biriniň, ýagny öz ýükini mertlerçe çekip gideniň ýüküni göterýän diýip, sojama. Biz her kimiň öz ýüküni götermelidigini, «geçiňem, goýnuňam öz aýagyndan asylýandygyny» bilýäris.

Hawa, Gurbannazar Ezizow poeziýanyň agyr ýükini bize galdyryp dälde, çekip gitdi. Onuň poeziýasynyň güýji, imrindirijiligi türkmen poeziýasyna, inçe duýguly, pikirjeň, sünnä, az sözli, dürli formaly giň düşünje berýän, dyngysyz gözleglerden doly, poeziýany getirenligindedir. Ol Rehmet Seýidow, Gara Seýtliýew, Kerim Gurbannepesow, Mämmet Seýidow, Allaberdi Haýydow, Ata Atajanow, Berdinazar Hudaýnazarow, Annaberdi Agabaýew, Halyl Kulyýew, Italmaz Nuryýew.., dagy bilen biziň poeziýamyzy täze bir basgançaga galdyrdy. Bu biziň ýigriminji asyrdaky poeziýamyzyň gymmatly üstünligidir.

Agzalan mesele boýunça kän hem-de uzak gürrüň etmäge, pikirleri mysallaryň üsti bilen subut etmäge material kän. Her hal kitabyň öňüne ýazylan sözbaşyda gürrüňi has uzaltmazlyk üçin, beýle etmekden saklanýaryn.

## Kitabyň düzülişi

Gurbaniazar Ezizowyň «Saýlanan eserlerini» çap etmek ideýasy, elbetde, poeziýa muşdaklarynyň kalbynda bar zat. Ideýany amala aşyrmagy başarjak adamlar goldanda, iş şow alýar. Bu mesele şeýle-de boldy. Şahyryň şägirtleriniň biri — Guldurdy Sähetdurdyýew bilen Aşgabat çaphanasynyň direktory — Gurbannazaryň klasdaş dosty Amangeldi Amanow ikisiniň bilelikde saýlanan eserleri çykarmak ideýasyny goldamaklary bizi diýseň begendirdi, «Bereket-Bina» hususy kärhanasynyň eýesi G. Sähetdurdyýew kitap üçin çykýan harajatlary boýnuna alsa, A. Amanow kitabyň oňat hilli neşir edilmegi üçin jan çekjekdigini aýtdy. Biz olara uly minnetdarlyk bildirip — öňünden taňryýalkasyn aýdyp, okyjylaram olary ýagşylykda ýatlarlar umydy bilen kitaby taýýarlamaga girişdik.

Kitabyň özeni edilip, Atamyrat Atabaýew bilen Annaberdi Agabaýew tarapyndan düzülen «Serpaý», soňra «Serpaý» esas edilip alynyp, birnäçe täze eserler girizilip çap edilen, H. Ezizowa tarapyndan taýýarlanan «Serdarym» kitaplary alyndy. Men işimi ýeňilleşdirmäge uly ýardam beren öňki kitaplaryň düzüjilerine taňryýalkasyn aýdýaryn.

Kitabyň göwrümi çäkli bolanlygy üçin, «Saýlanan eserlere» şahyryň döreden ähli eserleri girmedi. Üstesine-de eserleriň saýlanan bolmalydygyny nazara alyp, Gurbannazaryň döredijilik ýüzüni görkezýändir hasap eden eserlerimizi saýladyk. Şahyryň käbir goşgulary syýasy äheňleri sebäpli galdyryldy. Çagalar üçin ýazan eserleri girizilmedi. Şeýle hem heniz tamamlanmadyk käbir eserlerinden nusgalar alynmady. Gurbannazar Ezizowyň döredijilik gadamlary bildirer ýaly, käbir irki goşgulary we eksperiment üçin ýazan, goşgularynam kitaba goşduk.

Şahyryň döredijiliginiň has doly ýygyndysy — tomluklary hem çykar umydy bilen, bu «Saýlanan eserler» okyjylaryň göwnünden tursa biziň zähmetimiz ýerine düşüpdir diýip, hasap ederis.

*Ahmet Gurbannepesow.*

## *Sähram*

Al-elwan güllerden
Galypdyr duman.
Geçen günlerimden
Ýok mende arman.

Gülleriň ysyndan
Serhoş bu asman,
Sährany diýsen-e,
Elheder-aman!

Özümi gynadym
Boldy bir çeni.
Äkit, eý, gyr atym,
Giň sähra meni.

Ýaşyl şemal deýin,
Ganatly deýin,
Gideýin, gideýin,
Sähra gideýin.

Aýlana-aýlana,
Göwnüm açaýyn.
Ýylakly ýaýlalaň
Çalyn içeýin.

Giň asmanyň aýyn
Synlap bir zaman,
Gojaňy diňläýin,
Özüm gürlemän.

Aç gujagňy, sähram,
Goýnuň çaglydyr.
Meniň ähli baham
Saňa baglydyr.

Sen maňa pata ber
Perzendiň diýin,
Seniň durşuna der
Ýüzüň öpeýin.

Bu beýik baglaram
Başlanýar ýerden.
Bu beýik daglaram
Başlanýar ýerden.

Sähram!
Synmaz örküm,
Syryň aç maňa!
Ýer ber.
Menem köküm
Uraýyn saňa!

## *Göwnüm*

Göwnüm, göwnüm, eziz göwnüm,
Diýme muňa öwündigim.
Otuza ser uran günüm
Ahyr bildim göwündigiň.

Il derdine ters bakmadym,
Ony duşdan geçirmedim.
Goňşymyň için ýakmadym,
Hem oduny öçürmedim.

Aç bolmadym, ýöne weli,
Doklugymdan gägirmedim,
Ýigit kimin söýdüm ili,
Söýýän diýip gygyrmadym.

Ýöne şum iş gyssanynda,
Basylanda käte sussum,
Özüm däl, dost-ýarym üçin
Seni köpräk öňe tutdum.

Bu türkmeniň bahary deý
Ýaşlygymyz geçýär basym,
Il başyna düşen işden
Bizi hiç zat goramasyn.

Hakyň gözüne bakaly,
Şer iş ýerden göçer ýaly,
Ýüreklerde ot ýakaly,
Ojaklary öçürmäli.

Aglaly, bile güleli!
Myrat tapsyn maksat tutan.
Biz näm bolsak şo bolaly.
Bolsa bolýar, Eziz Watan!

## *Meniň aslyýetim*

Meň atamda zehin ýokdy üýtgeşik,
Ýöne öz kärini ýürekden söýdi.
Gaş bilen diwalaň goşuny goşup,
Kümüşdir gyzylyň nikasyn gyýdy.

Ussahanasynda — sungat öýünde,
Meniň eziz atam edensoň yhlas,
Gerçekleň gözüne gözel göründi
Türkmeniň edaly gözelleri has.

Gupbalary şazadalaň täji deý
Gözelleriň mertebesin göterdi.
Şahyr diňe gözelligi wasp etse,
Atam gözelligiň üstün ýetirdi.

Atamyň sarpasyn saklady millet,
Olam il sarpasyn saklady geldi.
Bir elinde haýyr, birinde sungat,
Şeýdip ol Şatlygyň şahyry boldy.

Meň kakamda zehin ýokdy üýtgeşik,
Hünär däl, borjuny ýürekden söýdi.
Duşman geleninde ençe ýurt aşyp,
Ol öz takdyryny mizana goýdy.

Atamyň Şatlykdan başlanan ýoly,
Ony gazap bedewine atardy.
Oň ýeňişli başlan gazaply ýoly,
Baryp Mauthauzende gutardy.

Hemme bilýär bendilikde dert uly,
Ol şol ýerde bir ýylyny ötürdi.
Bendilikde oň görkezen mertligi,
Türkmen gerçegine şöhrat getirdi.

Kakam saglyk bilen gowuşdy bize,
Bar hesreti bilen öýüne geldi.
Bir elinde haýyr, birinde naýza,
Ol şeýdip, hesretiň şahyry boldy.

Men olardan daşa zyňylan daş däl —
Süňňümde ganlaryn göterip geldim.
Men bu gün Şatlygyň ýurdundan başlap
Gözellik ýurdunyň şahyry boldum.

Günäkäri men däl beýle wakanyň,
Özümi şu wakaň şaýady öýdýän.
Hesretin wasp edýän diri kakamyň,
Ýok atamyň Şatlygyny wasp edýän.

## *Gözüm düşdi*

Men bu gün säher oýanyp, çykdym lälezarlyga,
Depäm üste ümmülmez gümmeze gözüm düşdi.
Bu äleme guwandym, guwandym men barlyga,
Ýylda solup, baky solmaz güllere gözüm
düşdi.

Güýzüň agras köçesinde ýaprak kowlaýar şemal,
Men onuň waspyn edipler tapmak isledim
wysal,
Ýüz sowal wysalyn tapdym, galdy ýene müň
sowal,
Sowal-jogapsyz ýören, dil bilmeze gözüm
düşdi.

El-aýaksyz, merdiwansyz bulduň göge galyşy,
Gunçalaryň açylyşy, ter gülleriň soluşy,
Tebigatyň şu ajaýyp, baş sazy çalyşy, —
Bizi üwrän sallançaga, düzlere gözüm düşdi.

El hünäri il gezermiş, aň hünäri Dünýäni!
Sen Watansyz hasap etme gonup-göçen
durnany,
Onuň üçin serhet bolmaz, ol dünýäň,
bendiwany...
Bir-birine gollar beren illere gözüm düşdi.

Eger seniň köňül içre bolmasa hoş sözleriň,
Sen ony öten ärleriň diwanyndan gözlegin,
Çünki bizden soňky döwre dikip baky
gözlerin
Biziň hoş sözlere mätäç günlere gözüm düşdi.

* * *

Hamala çagalyk geçmejek ýaly,
Çagalygyň kenarynda kän durdum.
Bu dünýe durşuna sowaldy maňa,
Şo sowallaň jogabyna näm berdim.

Ol şeýle kenardy, –
Beýik kenardy,
Alkymynda sorag Adasy bardy.
Aňyrsynda bolsa, başga bir beýik,
Başga bir giň kenar uzap gidýärdi.

Ol şeýle bir uzak,
şeýle çuň eken,
Ol şeýle bir beýik,
şeýle giň eken.
Çeker şatlygyny diňe göteren,
Gaýgysynam diňe göteren çeker.

Şo kenara gelip oý edip ýörün,
Ýygnap ýeňil, agyr soraglaň baryn —
...Ne bir o kenarda jogap tapdym men,
Ne bir bu kenarda jogap tapýaryn.

## *Ynam*

Men ony goradym ýaman gözlerden,
Jalaý ýigitleriň her garaýşyndan,
Sowuk gybatlardan, sowuk sözlerden,
Tükenmez ýyllaryň gara gyşyndan.

Goradym göripleň gargaýyşyndan,
Ýakynlarymdanam goradym ony.
Goradym dostlarmyň ýylgyryşyndan,
Hiç bir zada rowa görmedim ony.

Bişişini synlap ullakan almaň,
Şol uly alma-da gorkuly garap,
Ony ähli zatdan goradym, arman,
Özümi şol gyzdan bilmedim gorap.

Han-ha, iňrik ýere ýazylyp barýar,
Bilýän, bir ýerlerde eýýäm daň atdy,
Oň söýgüsi misli bir uly derýa
Zyňylan daş bolup, ýüregme ýetdi.

Ine, syryp ýörüs köçeleň boýun,
Bir-birmiz tanaman, nobata durus,
Geliň, syr saklaman, alalyň, boýun,
Şol daşy näçämiz göterip ýörüs.

Bir jeza bar jezalaňam jellady:
Wysallaryň myrat bolmak deregne,
Adamyň eý gören, ynanan zady
Bir gara daş bolup çökýär ýüregne.

Ynamsyz ýaşamak mümkin däl, mümkin,
Ony goramaly beýni hem ýürek.
Ýöne ynamlaňňam synýany üçin,
Käte ynamlardan goranmak gerek.

* * *

Ýok, lukman, ýüregim hiç kime bermen,
Oň üçin pyçagny gynama, lukman!
Başga kişiň ýüregini götärne,
Derdi-azar çekerine howlukmaň!

Ony arzan alyp, arzan satmadym.
Ol maňa berilen ömrüň ykbaly.
Men ony köçeden gözläp tapmadym,
Indi bun çykaryp berärim ýaly.

Bolgusyz joşanda sesin diňdirdim,
Hak söz diýeninde erk berdim doly.
Men oňa juda kän zehin siňdirdim,
Gel-gel bun çykaryp bermezim ýaly.

Sag günüm bäsdeşim ummandy, umman,
Höwesimdi köňlüm alan ýerlerim.
Meniň bu dünýede bir baýlygym bar, —
Olam aýdyp ýetişmedik syrlarym.

Başga biri üçin gursagma kakyp,
Hakyň ýok syryma gulak asmaga.
Ýürekler diwar däl,
Oňa çüý kakyp,
Soň şo çüýden başga pikir asmaga.

Nämä degseňizem,
Degmäň ýürege,
Mydam ýürekleri sylamak gerek.
Salmaň ony başga bir del kükrege, —
Agyr düşer del syrlary götermek?!

* * *

Dosta näçe serpaý etseň az ýaly,
Näçe söýseň,
Şonça söýüp ýörmeli.
Ýokdur dostuň gymmady ýa arzany.
Dost dost bolar,
Şoňa janyň bermeli.

Ýöne ol janyňy almaz hiç haçan,
Şoň üçin gar,
Gyşda galanyn bilseň
Ýyrtyk jübüsinden işlige gaçan
Iň soňky otluçöp dänesi bolsaň.

## *Dost*

Dostum mahal-mahal ýanyma gelýär,
Gürleşýäs. Gülüşýäs. Işlerimiz düz.
Ol mensiz ýeke gün oňup bilmeýär.
Men bolsa onsuz.

Meniň ähli syrym dostuma aýan.
Olam syryn gizläp, aldanok meni.
Ol meni özümden oňat tanaýar.
Men bolsa ony.

Aýrylşýas, «Hat ýazyp duraryn hökman!»
Oňa wada berýän. Ol bolsa maňa.
Soň ol maňa ýazyp durmaz beýle kän.
Men bolsa oňa.

Emma günleň biri, bilip bilmeýän,
Bu uly durmuşda bolsa maňa kyn,
Ol meň üçin başyn goýar bigüman.
A men oň üçin.

Ol maňa elmydam düşüner dogry,
Kemçiligim bilen dogramaz meni,
Ýalňyşsam darar-da goýbär dogumly.
Men bolsa ony.

Ine güýz. Ol güýz deý paýhasly barýar.
Wepalydyr. Dök ýürekde baryňy. Hawa.
Meniň şeýleräjik dostum bar!
A sizde barmy?

* * *

*Iş üstünde tragiki ýagdaýda aradan çykan*
*dostum, atdaşym Gurbannazar Nepesowa.*

Oýnadyp ýeserje gara gözleriň
Meň ýanyma geleniňde her gezek,
Ýazyp oturanmy görüp, diýerdiň:
«Men azar bermäýin, işlemek gerek!»

Ol gezegem şeýdip, çykdyň-da gitdiň,
Birküç sany wäşi sözüňi oklap.
Indem uzaklarda ümsüm ýatyrsyň,
Bütindünýä Ümsümligin gujaklap.

Eýýäm şu gün ýitiglerňi sanasaň,
Otuz ýaş asyr deý uzak görünýä.
Paýhaslanýas, hyjuwlarmyz köşeşýär.
Biz ýitirip düşünýäris bu dünýä.

Seniň baryp ýeten uzak ülkäňe
Otlular gatnanok, maşyn baranok.
Bu gün sen barada goşgy ýazýaryn,
Senem gelip, maňa azar bereňok.

Bu gün iňrik çöküp dagyň üstüne,
Gije göge seçeninde pişmesin,
Sen-ä gelip maňa azar bersediň,
Menem şu goşgyny ýazman geçsedim.

* * *

Hany, çal dutary, mähriban dostum,
Egseli, ýüregmiz atmanka gasyn,
Geçilen ýollaryň şatlyk-bagtyny,
Geçilmedik ýodalaryň gussasyn.

Egseli gussasyn ýalaňaç baglaň.
Güýzüň ýaprak bürän ýata suwlarnyň.
Egseli gussasyn, duw-ak gussasyn
Mesopotamiýa barýan guwlaryň.

Bar zat boldy: söýgi, dostluk, ýalan söz,
Büdremeler, ýasly gündür bagtly gün.
Asuda düzleriň gussasy bile
Düşündik biz manysyna şatlygyň.

Ýyllar geçdi durdy yzly-yzyna,
Has agras ýaşadyk, has agras söýdük,
Şu eziz topraga belent ynamy
Biz ähli zatlardan belentde goýduk.

Biz söýüldik, bagtly bolduk şoň üçin,
Diňe söýen güýzde gussa düşünýär.
Kim aýdypdyr pany diýip barlyga?
Ýaşanyňa juda degýär bu dünýä.

Ine, şu gözellik ýaşany üçin,
Küýsedik baharlar basymdan-basym,
Güýzüň ýaprak bürän ýata suwlarny,
Onuň ýadan ýodalarnyň gussasyn!

* * *

Örän aýdyň hem çuň bir hakykat bar:
Diriler ölüpdir. Diriler ölýä.
Ýöne şol ölenler müň ýyllar ötüp,
Başga biri bolup inýär bu dünýä.

Beýle bolsa kimkä meniň geçmişim?
Şahyrmykan?
Aşykmykan?
Ýa daýhan?
Ýa ol namartmykan çyn sözden gorkýan
Hem gorkusy üçin çyn söze duşman?

Eger şahyr bolsa, meniň şygrymy
Özüm bolup menden gizlin okýandyr.
Ejiz şygrym üçin saçlaryn ýolup,
Menligine ajy gözýaş dökýändir.

Eger aşyk bolsa, söýmediklerme
Söýýän diýenime ýanyp-bişýändir.
Ol meniň ruhumyň kazysy ýaly,
Öz päkligi bilen maňa duşmandyr.

Eger daýhan bolsa toprakdan alyp,
Oňa bermeýänme tutýandyr için,
Hem onuň bir oňat dilegi bardyr
Topraga bir tohum atarym üçin.

Indi bu ýaşlygam ötüşip barýa,
Etsemim bar bolsa, boldy bir çeni.
Gije-gündiz şahyr, aşyk hem daýhan
Depämden seredip goýmaýar meni.

Dünýede çyn sözüň sarpasyn saklap,
Çyn söz üçin özüm ederin gurban.
Ýazaryn, söýerin, tohum seperin.
Razy bolar
Şahyr,
Aşyk hem Daýhan.

Ölsem, dogry sözüň şol duşmanyny
Inkär eden — meni öper bu ýerim,
Müň ýyl ötüp, ýene döräp, şol şahyr.
Aşyk, daýhan bolup dowam ederin.

Yzyma seretsem, bir giden umman,
Öňüme seretsem, bir giden umman.
Geçmişiň öňünde uly bergim bar.
Geljegiň öňünde uly bergim bar.

## *Erk hakynda goşgy*

Hemme bilýär — erki bolýar her kimiň.
Meniňem paýyma birisi düşdi.
Göwnüne degmezdim lälik erkimiň,
Şoň üçin aldy-da, daşyma geçdi.

Günäsizmi ýa-da günälimidi,
«Ýör» diýse, yzyna düşäýmelidi.
«Mün» diýse, säginmän münäýmelidi.
«Düş» diýse, säginmän düşäýmelidi.

Gijeki peýdasyz oturlyşyklar,
Maňyzsyz jedeller, manysyz sözler,
Edilýän gybatlar — «opurlyşyklar»,
Akyllysyraýan akylsyz gözler, —

Syzdym: bulaň bary gerekmez zatdy,
Peslikdigini-de örän berk syzdym.
Ýöne erkim weli, diýseň bezzatdy,
Erkim bardy, emma ýene erksizdim.

Syzdym şu erk bolsa ruhum, serimde,
Bu durmuş, bu wagtyň manysy bolmaz.
Ýazylmaz ýazyljak setirlerim-de,
Okap biljek dessanlarym okalmaz.

Munuň özi şum düýş görüp uklama,
Munuň özi diňe boşluga elter.
Agşamky haýp geçen minutlaryma,
Şeýdip başym ýaýkap ökünýän erte.

Emma agşam ýüregimde tirpildi,
Otyryn. Göz welin, şol penjirede.
Ine, barmak aýna kakýar; tyrkyldy,
Men gidýärin boş dünýäme ýene-de.

...Men ahyr oturyp hyýala batdym,
«Nätmeli? Bu lälik erki nätmeli?»
Az ýöräp, köp ýöräp bir pikre ýetdim:
Ony it ýenjenden beter ýençmeli!

Men ony tutdum-da, daňdym erige,
Soň erikden çygly çybyk kesindim,
«Ilkinji urgyny haýsy ýerine
Eçilsemkäm» diýip, esli kösendim.

Wagtym az bolsa-da, bolsa-da iş kän,
Bar işimi taşlap urdum men, urdum.
Urdukça urmaga açyldy işdäm,
Urdukça beýgeldi, güýjedi ruhum.

Ony tertip bilen alty gün saýdym.
Wagt bolupdyr hezil edinerçe-de
Özünden gidenne düşünip aýdyň,
Boşatdym bagyndan ýedilenjide.

Boşatdym özümi halymsyraýan
Erkimiň öňünde çöken duýgudan.
Manysyz bolsa-da manylsyraýan
Şowsuz oturşyklar, şowsuz söýgüden.

Salam berdim bu durmuşa täzeden,
Birden wagtym many bilen gaplandy,
Bir wagtlar garşy çyksam näz eden
Erkim urgularda mäkäm taplandy.

Eger günleň biri tozadyp çaňyn,
Bir boş dünýä çagyraýsa erkiňiz,
Erk tapyň siz şeýle erki daňmaga
Soňra taýak bilen beriň merkini.

* * *

Boldy.
Besdir.
Hol deräniň göwsünde
Özüme ümsümje çadyr guraýyn
Säher-säher agras şemal öwsende,
Ýadan ýüregimi şoňa gereýin,
Ýataýyn, turaýyn belli bir wagtda.
Belli wagty iýeýin men naharymy.
Şäherden,
goh,
aladadan uzakda,
Ýok zat üçin getirmäýin gaharmy.
Howlukmaýyn.
Söz bermäýin hiç kime,
Öýüm çetde — hiç bir zady bilmäýin.
Düme oýlanaýyn,
Ýaşaýyn düme.
Gaty aglamaýyn,
Gaty gülmäýin.

Şygyrlar ýazaýyn şemal barada.
Gussajygmy ulus-ile sözläýin.
Iňrik bilen gün ýaşary arada
Ýaş bolsamam,
Gojalygmy gözläýin.

Indi näçe ýyldyr, şu hyýal mende
Toprakda nem ýetmez tohum deý ýatyr.
Ýöne çadyram ýok deräň göwsünde,
Öýümem çetde däl.
Merkezde otyr.

Gaty aglaýaryn. Gaty gülýärin.
Elmydama howlugýaryn bir ýere.
Söz berýärin,
Haýyr etjek bolýaryn,
Maňa galamyny beren illere.

Iň zerur sözleriň yzynda selpäp,
Büdreýärin.
Ýykylýaryn käýarym.
Öz şemaly bilen ýüzümi ýelpäp,
Şonda maňa medet berýär diýarym.

«Arma!» diýýän işe gümra daýhana.
Ýyndam otlulara elim bulaýan.
Bag astynda duran iki juwana
Özümkiden oňat ömür dileýän.

Şeýdip ýaşap ýörün,
Il bilen ätläp,
Il bilen deň çapyp ýyndam atymy
Hemem käte
Misli düýş kimin ýatlap,
Çadyr hakyndaky rowaýatymy.

## *«Halas ediň»*

Beýgelmek üçin däl — dag boljak boldum
Barha köp synladym dagyň ýüzüni.
Çünki, ol uzakdan ýetirdi maňa
Bir bendäniň: «Halas ediň!» sözüni.

Kim ol bende?
Haýsy darda asylýar?
Bogýar ony haýsy deňziň buzlary?
Ýatsam-tursam rahatlyk berenok
Ýüregimde: «Halas ediň!» sözleri.

Gözlerimi açdy asyryň güýzi,
Haýyram, şer işem açdy gözümi.
Meniň galamymam antenna meňzäp,
Tutdy durdy «Halas ediň!» sözüni.

Bagtly boluň, bagtly boluň, adamlar,
Ýöne bagt gözüňizi tutmasyn.
Şindi känkä «Halas ediň!» ýaňlary,
Bagt sizi körem,
Kerem etmesin.

Şu jedelde goýup biljek başymy,
Şol ýüregi ýag baglandyr bireýýäm,
Eşitmeýän bolsa «Halas ediňi!»
Bu çetinden,
O çetinden bu dünýäň!

Halas boluň, esgilerden, doklukdan.
Şum adamdan, köçeleriň itinden.
Halas boluň, ähli artykmaçlykdan,
Ýöne halas bolmaň «Halas ediňden!»

## *Tylla balyk*

Bardym kenaryna bulanyk derýaň
Atdym girdabyna mekir çeňňegi.
Irizdi gowgasy gowgaly dünýäň,
Gazandym men diňe gysyr emgegi.

Galkan kimin gat-gat edip tolkunyň,
Derýa menden baýlygyny gizledi
Çeňňek açyp däli derýaň gulpuny,
Meniň arzuw-hyýalymy gözledi.

Çeňňege ildirip derýaň baýlygyn
Kenara çykardym, synladym durdum,
Tapabilmän şol arzyly balygym,
Men olary ýene suwa goýberdim.

Agdardym, düňderdim derýa şalygyn,
Aw oňmady, gaýtdym yzyma bakan.
Sen haýsy suwlarda, tylla balygym?
Ýa bireýýäm tutup goýberdimmikäm?!

## *Ýaşlyk*

Gazaply kazy deý, mydam başymda
Sagat çot kakyp dur şyk-şyk-şyk.
Düýnüň özem garaşýardym ýaşlyga,
Bu gün bolsa, geçip barýar şo ýaşlyk.

Bir zada düşünýän:
şowhunly günler
Al atymy çapyp ýören haladym,
Öňümden çykana gül ýaşlygymy
Hormat edip, sowgat kimin paýladym.

Jomartlygym üçin «sagbolsunlara»
Ýüzüm göge tutup göçer ýörerdim.
Ýaşlygymy gerekmejek dostlara
Hem boş söhbetlere seçer ýörerdim.

Öwgülerden humar bolup, gijeler
«Alyň!» diýip, kişiň gapysyn kakdym.
Ýaşlygmy gül edip, jomartlyk bile,
Söýmeýän gyzlarmyň döşüne dakdym.

Men ony boş gijelere paýladym.
Men ony
Boş gürrüňlere paýladym.
Ine, bu gün uly döwletden galan
Köpüklermi ahmyr bilen sanadym.

Neçün beýle bolýar? Ilki ýalňyşyp,
Soňra ökünç bile egilip ýörüs!
Jaýymyzy çilim çekip, tüsseläp,
Soňra tüssämize bogulyp ýörüs!

Ah, bu gün säherem şeýle bir çytyk,
Bolaýmagy mümkin tüýs ýagyşly gün.
Ýaşlygymyz ýitirenok hiç zady,
Biz özümiz ýitirýäris ýaşlygy...

## *Şöhrat*

Şöhrat näme, bilemok,
Ýaşap ýörün dünýäde.
Gözüm açyp görenim
Şu zemindir, şu asman.
Gelin geldi uz ýaşynyp,
Elinde tylla bada,
Maňa oňat sözler diýdi,
Saçym sypap bir zaman.

Men oňa bar git diýdim,
Işiň bilen bol diýdim.
Işim başymdan agdyk
Galamym iş küýseýär.
Ol gözüni güldürdi.
Gel, goýnuma dol, diýdi,
Beýle gelin saňa aşyk
Bolup gezer niçezar.

Seniň saçyň sypaýyn
Öpeýin gül ýüzüňden.
Doý sen meniň näzimden,
Entek, entek pursat bar.
Tüweleme, işläbildiň,
Il ruh aldy sözüňden
Indi saňa meň goýnumda
Humar bolmak ýaraşýar.

Onuň otly gözlerine
Bakdym — ine aşyk men!
Ýöne erkim jemläp şonda
Bar duýgymy otladym.
Bar, git, diýdim, sen örteme,
Kowdum ony işikden,
Emma zaňňar maýa gelin
Penjireden ätledi.

Köňül şu gün geplemese
Aýt ahyr, joşsun haçan?
Geçer gider diýýärin
Deň-duşlarym deňimden.
Tüýs bihaýa gelin eken
Ýedi deryaň suwun içen,
Men-ä ondan gaçyp ýörün,
Olam mydam öňümde.

Tüýs men diýen ýaşymda men,
Goşguçy men, aşyk men.
Kärim şeýle, gyzlary
Wasp etmeli misli bagşy.
Ýöne beýle bihaýany
Görmändim men şu güne çen,
Şol gelin meň ygtyýarym,
Erkimi almasa ýagşy.

## *Şadyýan gün*

Aý ýöne,
Keýpine hoş salam ýollaýan Güne,
Keýpine aýdym aýdýaryn,
Tanyşlyk üçin däl —
Gyzlara duşsam,
— Salam keýgim — diýip geçýän keýpine.

Garagol çagany guş deý göterip,
Mündürýärin sazdan doly kelläme
Suwa daş zyňýaryn bökýär, oýnaýar
Ýeri, şol suwa daş zyňamda näme.

Dükanlaryň witrinasy enaýy,
Dükana dykylyp girýärin, ine,
Soraýaryn onuň-munuň bahasyn.
Satyn almakçy däl,
Ýöne keýpine.

Guşlaram baglarda jagylda-jugul,
Ýollarda baglaram guşlary bilen,
Bu täsin gün ýaýnap otyr enaýy,
Keýpine,
Keýpine,
Ýöne keýpine.

Çaga ýaly bu arassa asmana
Kelläm degip,
Owaz edýär keýp bile.
Onsoň neneň Saturnyň halkasyn
Şlýapa dek geýmejek sen keýpine.

## *Seni söýdüm...*

Seni söýdüm. Söýüp bir gez beýgeldim.
Seni söýdüm. Has giňedi bu dünýäm.
Öz ýeňles gylygma gazaply boldum.
Öz durmuş ornuma indi düşünýän.

Adamlara has ynamly garadym
Ýeňiş bilen tamam boldy gözlegim.
Kyn pursatym medet berdi kalbyma,
Jadyly däl — seniň ynsan gözleriň,

«Kim men?» Jogap tapman şu günlere çen,
Seni söýüp, kimdigimi bildim men,
Ýeňil gopdum başyňdaky öýme dek,
Diýdim: «Ejiz bu dünýäde söýmedik!»

Seni söýüp, göz ýetirdim bir zada:
Kynçylyk ýok,
Ejizlik bar dünýäde.

## *Şanyňa ýazylan liriki setirler*

I

Sen erkin bol!
Säher-saher saçyň ýaý!
Sen şat bolsaň, gözüňden nur saçylýar.
Aç sen oňat kitaplaryň sahabyn
Bil ýagşylyk, ýamanlygyň hasabyn.
Edepsiz sözüme öýkele sen, ýar,
(Käte size öýkelemek ýaraşýar).

Sen erkin bol!
Pikriň, duýgyň, ezýetiň,
Ýokarda ýyldyzyň, ýerde gözýetim.

Hemmesi diňe bir özüňki bolsun,
Diňe bir, diňe bir özüňki bolsun.
Sen erkin bol,
Soňky gününe çenli,
Isle ýigren, isle-de söý geçenňi.
Çüňki birdir asman
Milliarddyr asman
Çüňki erkli güni bagtlydyr ynsan.
Sen erkin bol,
Bir gün ýaşama şowsuz!
(Hudaýam bar bolsa, seni ýalkasyn)
Ýöne mydam inçe biliňde bolsun,
Meniň gollarymyň mäkäm halkasy.

II

Bu zatlary oňarýarsyň neneňsi?
Ýogsa pikriň şeýle bolmakda-da däl.
Jaýa girseň, jaýyň içi birgeňsi,
Çyksaň, oňat dünýä, dünýä däl hyýal.
Täsin sesiň, gunça meňzeş sözleriň,
Seniň näzikligiň çäksiz göwrümi,
Sürme çalynmadyk tämiz gözleriň,
Mar saçlaryň nagyş kimin örümi! —
Sen pikir edeňok bular barada,
Bular öz-özünden bolýar-da gidýär.
Ýasama ýüz, ýasama söz arada.

Gezemsoň bilýärin gadryňy, dildar!
Men seniň sarpaňy saklaýan gaty
Oň üçin ýigitler gyýa bakmasyn,
Näziklik ýönekeý bolan pursaty —
Hudaý saklasyn!
Özümden soraýan: «Neçün, nämüçin
Sözlemeli dälmiş ýürek joşundan»
...Men şindem duýgymy açardym weli,
Gorkýan duşmadyklaň gözde ýaşyndan...

III

Sen otyrkaň, gaşym çytsam eger-de,
Sada ýaman sözler diýsem käýarym,
Sen umytdan gaçyp, galmagyn derde,
Men juda söýýärin, juda söýýärin.

Wokzal diňe duşuşyklaň ýeri däl,
Wokzal adamlaryň aýralyk ýeri.
Giderin
Hem uzak aralyklardan,
Aýralykdan seni ýeňip gelerin.
Iňrik ýere çöküp, ýakylsa çyra,
Saçyň sypamaga degmese elim
Seniň özüň düşünmeli ahyry,
Meniň başga yşga düşenmi, gülüm!

Ýürekde aýdym kän.
Elde az olar,
Aýdymym ýok il ýüzüne tutarlyk.
Seni unudýaryn.
Öwürme ýüzüň.
Düşünýärin — şunuň özem ýeterlik,
Ykbalyňa aglama sen gijeler.
Şol yşkym baglapdyr sypabilemok.
Gülüm düşülen ýol agyrdyr agyr,
Indem ondan asyl-asyl dönme ýok.

Dönme ýok şol yşkyň keçjallygyndan
Oň ýürege berýän melamatyndan,
Iňňe bolup bagra batan sözlerin
Dünýä çykyp eşek keramatyndan.
Gabanjaňlyk etme asyl yşkyma,
Senem sakla şol yşkymyň sarpasyn.

Çagamyň saçyny sypalan elleň
Gelip meniň saçlarymy sypasyn.
Häzir bolsa gije çene barypdyr,
Ownuk aladalaň unudyp baryn.
Meniň gaýragoýulmasyz işim bar,
Sen ýatyber, özüm seni oýaryn.

IV

Saňa goşgularmy okap berýärin,
Sen diýýäň nazarňy dikip nazara!
«Ýeri, nämä gerek şu zatlaň bary,
Başga zat kän ahyr ýazyp-bozara».
Söýgi setirinden çemenlik ýygyp,
Ýazýaryn. Men diňe şo bilen diri.
Bagtly bir özüdir öýtmesin ýigit,
Şahyrlaram bagtly bolýar ahyry.

* * *

Geçmen seniň üçin ýagyşdan, ýelden,
Ýagyş saçyň ýuwýar, şemal daraýar.
Bu asmandan geçmen, geçmerin gülden,
Çüňki gözleň gül asmana garaýar.

Gözüm baky gurban mawy belende,
Söýgim üçin ondan düşmerin jyda.
Biziň söýgülermiz belent bolanda,
Ýüreklerimizden islemez pida.

Goý nur ýagsyn — gunça-gülleriň deri,
Gün nuruna gark bolsun obalar.
Seniň üçin hiç dünýeden geçmerin,
Geçsem söýgimizden geçdigim bolar.

* * *

Eger seni özüm döreden bolsam,
Hyýalymda, arzuwymda her günüm,
Näçe jan etsem-de, hyjuw etsem-de,
Seni beýle söýüp bilmezdim, gülüm.

Eger seni özüm döreden bolsam,
Bolmazdy söýgimiň gizlin manysy.
Ähli zat meň üçin bolardy aýan —
Söýgiň ajap syrlarynyň barysy.

Sen, gülüm, meň üçin täsin bir dünýä,
Ony täsin edýän syrly duýgudyr.
Söýgi diýmek — şo duýgynyň manysyn
Düşündirmek kyn bolanda söýgüdir.

Düşündirip bolýan zatlaň barysy
Söýgi däl, biz muny ozaldan bilýäs.
Söýgi — galaryndan beýikdir, beýik,
Söýgi — boýlaryndan çuňurakdyr has.

Şonuň üçin seni döreden bolsam,
Hyýalymda, arzuwymda sünnäläp,
Gijeler hesretden syýa dönerdim,
Ýazardym hesretden gije-gündizläp.

* * *

Çykanmyzda obamyzyň çetine,
Al şapakdan ot alypdy bar zemin.
Men özümiň nirdedigim bilemok —
Barýaryn seň bilen birleşen kimin.

Üşedýändir öýdüp çyg damjalary,
Otlar seniň aýagyňa dözenok.
Assa öwsüp geçýär duşuňdan şemal,
Timar beren saçlaryňy çözenok.

Begres donuň nagyşlary enaýy.
Gara saçyň örümi deý keşde ýok.
Nurlanyp barýarsyň elwan şapakdan,
Gül gülmi, sen gülmi — bilip bilemok.

Ýer ýermi, biz ýermi — bilip bilemok,
Çüňki hemmeje zat şeýle bir gözel.
Göwnüňe bu şapak, arassa dünýä
Sygmajak bolup dur dumanly göze.

Biz ikiçäk bütin ýeriň ýüzünde,
Eýýäm gündogardan gün göge galýar.
Aramyza düşse düşsün adamzat,
Ýöne ýeke adam düşmese bolýar.

* * *

«Birkemsiz gözel ýok» diýenmişinler,
Belki, şol gözelem däldir birkemsiz.
Belki, iş edende ýokdur usuly,
Belki-de, özüni söýýändir çensiz.

A sen weli, ýöräp barýaň şadyýan,
Göni bakyp adamlaryň ýüzüne,
Tur, otur sen, kitap oka, suw daşa,
Sen mydam ýeke-täk meniň gözüme.

Sen gözel däl, sen köpleriň biri sen,
Sen gözel däl, sen ömrümiň ykbaly.
Bolubersin gözelleriň ýetmezi,
Sen gözel däl, kemçiligiň bor ýaly.

* * *

Hiç düşünip,
Hiç düşünip bilemok.
Bu ýerde bir hili bulaşyklyk bar.
Men «bar» diýsem, «ýok» diýjegne şübhe ýok
Men ýagyşy söýýän,
Oň söýýäni gar.
Dört diwardyr
Üçegimiz bir biziň,
Emma ol şonda-da etmeýär müýni.
«Men gaýkyny söýýän, sen kimi?» diýýän,
Ol arkaýyn jogap berýär:
«Küýkini!»
Diýýärin «Sen bilgeşleýin edýärsiň,
Çigişdirýäň aradaky düwüni.»
Oň gözlegi towuklaryň arpasy,
Men söýýärin ýöne arpa suwuny.

Hiç düşünip,
Hiç düşünip bilemok,
Ötjek pikirimiz bir ýere gelmän
Bolmajak bolanda bolmaz ekeni
Ol-a meni söýýär!
Men ony söýýän.

* * *

Söýgim — juwanlykda açylan gunça,
Söýgim — kämillikde mäkäm diregim.
Ýalňyşyň, näz ediň,
Ýeke dilegim,
Söýmäň meniň goşgularym boýunça.

Söýüň säherleri täzeden açyp,
Söýüň bar ýürekden,
Söýüň wepaly.
Söýüň —
Ynsan ogly şunça ýol geçip,
Sizden öň söýüşip görmedik ýaly!

## *Aýralyk pursady*

Sen gitdiň.
Şo pursat boşady ruhum,
Hemme zat manysyn ýitirdi birden.
Şatlygym galmady, bagtym galmady,
Şo pursat bar zady uçurdy serden.

Daglarym peseldi baglarym bile,
Şemalym sowulyp duşumdan ötdi.
Boşap galdym misli gaşsyz diwala,
Okan kitaplarmyň manysy ýitdi.

Hatda öz ruhuňam aldyň-da gitdiň;
Göz, gaşyň, egniňi gözden salamok,
Ýöne olaň baryn öňki bolşy deý,
Seniň syratyňda jemläp bilemok.

Çasly çeşmelerim akýar tersine,
Tersine ýaňlanýar aýdymym-sazym.
Seniň barlygyňdy — meniň baýlygym,
Bir pursatda garyp galdym, ezizim.

* * *

Sen geldiň-de,
Garyp köňlüm baý etdiň.
Ýöne,
Nämüçindir,
Ynjalygym ýok.
Sen maňa bagt berdiň örän ullakan,
Ony nädip gorajagmy bilemok.

Ýöne
Säher-säher bagtymy öpüp,
Görýän öz-özümi seniň gözüňde.
Herhal, ýolda ýatan daş däl ekenim,
Artyk däl ekenim ýeriň ýüzünde.

* * *

Menem söýdüm söýülmedik juwany,
Menden başga bagtly baryn bilmedim.
Ýöne mydam Aý astynda dostlarmyň
Söýgi hakda söhbetini diňledim.

Menem bagtly boldum ýagty dünýäde,
Menden başga bagtly baryn bilmedim.
Ýöne ot başynda dünýäni undup,
Bagtlylaryň söhbetini diňledim.

Ýok, men muny bilgeşleýin edemok,
Adamlara gulak asman bilmedim.
Begendim, gynandym, söýdüm, ýigrendim,
Elmydama özgeleri diňledim.

Indi bilenimden ýazýaryn aýdym,
Öz-özümden monça bolýan, ýeňleýän
Ýöne sähralara çykamda, ýene
Özgäň düzen aýdymyny diňleýän.

* * *

Edil düýn ýalydy.
Ýaňy ýalydy,
Sagadyň dillerin rehimsiz towlap
Seň ýanyňa duşuşyga barýanym
Ädimlerim bilen elhenç sakawlap.

Paýtagtyň asuda köçelerinden
Kä öňe ýörärdik, kä yza bakan.
Şemal össe, tolkun atar durardy
Sypaýy köýnegiň, sypaýy ýakaň.

Bu ýerde hiç hili düşünmezlik ýok,
Belki, şeýle bolmalydyr bu zatlar.
Sen saga sowuldyň,
Men bolsa çepe.
Seni ençe ýyllap çykardym ýatdan.

Ýöne agşam bir düşnüksiz gam bile,
Gitdim şol duşuşan ýermize bakan,
Tolkun atdy göz öňümde ýene-de
Sypaýy köýnegiň, sypaýy ýakaň.

Birden ýüregime çümdi-de gitdi
Iňňäň ujy ýaly rehimsiz ünji, —
Seň bilen duşuşyp bilmänime däl
Seň ilkinji söýgim bolanyň üçin.

Çigrek güýz agşamy haýal barýaryn.
Öçügsi ýyldyzlar öçüp asmanda.
On bäş ýyl! On bäş ýyl!
Ýaňy ýalydy!
Bir damja şor ýaşym gaçýar asfalta.

* * *

Sen hakda oýlara batanymda, gel!
Çöl egne gök donun atanynda, gel!
Ak topugňy gizläp, uzyn köýnekli
Garrylar-gurtular ýatanynda, gel!

Başga-başga zatlaň oýun edýärkäm,
Bir pursat ýadymdan çykanyňda, gel!
Men seni ýagyşdan, ýelden goraýyn,
Gara oý-pikirleň süteminde, gel!

Şadyýan bol, gam çek ýazu-gyşlarda.
Gök gürläp, ýyldyrym çakanynda, gel!
Ýöne mydam meni saňa duşuran —
Seni maňa beren Watanymda, gel!

* * *

Günlerimiz,
Ömürlermiz ötinçä
Merjen dänesi deý düzülmelidir.
Söýgüde
duýgular bolmaly inçe,
Çala galplyk etseň, üzülmelidir.

Söýginiň derdine hormat goýmaly,
Şo dert bilen önýär tämiz duýgymyz.
Biz
elmydam
hesret çekip söýmeli,
Degýän bolsa şol hesrete söýgimiz!

* * *

Artyk hereketler, ýeňles gylyklar
Ýaşlyga kadadyr, näzdir kereşme.
Ýuwaş-ýuwaş sen olardan saplanyp,
Durlanyp barýarsyň misli bir çeşme.

Sen kimin gözele duş gelen ýigit
Şowsuzlyga, gussa ownuk zat diýer.
Seniň gözden gaçan şadyýan ýaşyň
Almaň ýaňagynda uka batan der.

Seniň söýgiň äpet daragt deýin
Ýüregime kökün çuňňur urupdyr.
Birdem gama batyp, egilse başyň,
Kökler ýüregime yza berip dur.

Bir gün garylsam-da mele topraga,
Sowurman söýgiňi tupana, ýele.
Seniň söýgiň hiç guramaz kökleri
Ýaýrar bu zemine ýüregim bile.

* * *

Ýene howa garalyp,
ýagyş çisňäp başlady,
Leýlisaçlar eda bilen
saçlaryny çöşledi.
Beýle pikir etmändim men
bu golaýda, bu çakda,
Birden agyr oýa batdym
ölüm hakda, sen hakda.
Oýa batdym: ýoklugymda
öňküsi deý ýagar ýagyş,
Gunçalaň agzyny açar;
aýnamyza çeker nagyş,
Dag tarapdan taýyp geler
ýaşyl şemal, näzik şemal.
Niçik oýa batarsyň sen
meniň ýoklugymda şo hal.
Geldi şonda göz öňüme
bir perişan halyň seniň,
Edil şunky howa ýaly,
syýa ýaly şalyň seniň.

Hesretiň gara deňzinde
gark bolup ýörüşiň seniň
Mensiz galan bu dünýäni
dowzah deý görüşiň seniň.
Diýdim şonda öz-özüme:
«Eý, ýok zatlaň pikrin eden,
Heý, ýary şu halda taşlap,
gidip bormy bu dünýeden?»

* * *

Maňa —
seniň gözleriňden gitme ýok.
Maňa —
seniň sözleriňden gitme ýok.
Düşün, bu dünýede soňky güne çen
Seniň şatlyk hem gussaňa bagly men.
Seniň ýüpek gijeleňden gitme ýok.
Seniň aýdyň gündizleňden gitme ýok.

Bu garagol jahyllykdan giderin,
Ol hasaly gojalykdan giderin.
Çünki men olardan gitmän bilemok,
Emma seniň ykbalyňdan gitme ýok.

Men zemin.
Sen bolsa ullakan asman.
Saçyňy nur edip üstüme dökýäň.
Emma, düşün, läläm, şeýle gün dogar:
Saçlaryň gar bolup üstüme ýagar.
Şonda ak saçyňy sylyp ýüzüme
Gararyn belentden ýeriň ýüzüne.

Men bir gyzda gözleriňi görerin,
Men bir gyzda sözleriňi görerin.
Şapakda görerin — ýaňagyň alyn,
Gijede görerin — ýaňagyň halyn.
Synlap ýapraklaryň ýüzünde derin,
Onda seniň gözýaşyňy görerin.

Zemin aýlanyp dur,
Oňatlyk örän!
Hiç bir güýje oň ýoluny tutma ýok.
Dünýäň her gülünde men seni görýän,
Şonuň üçin bu dünýeden gitme ýok.

* * *

Sen örtenme aýralykdan, ezizim
Bilýäň ahyr gylygyny kärimiň.
«Şol gidişi, köwlenmeýär öýüne,»
Diýip, alyp durma öýüň tärimin.

Men ýetmän ölmerin seniň ýanyňa,
Bararyn ajalyň syrtmagyn kertip.
Senden näçe menzil daşlaşan bolsam
Şonça-da seň bilen ýaşaryn artyk

## *Gyzlaryma*

Dört gyzym, dört nury didäm,
Gulak goýuň sözlerime:
Dört ogul deý, dert iner deý
Kuwwat beriň dyzlaryma.

Biriň ýazym, biriň arzym,
Abadym, säherim meniň.
Dört diregim, dört pasylym,
Baryňam baharym meniň.

Dört pasylym, dört diregim,
Gündiz günüm, gije aýym.
Size giň dünýede abraý
Miýesser etsin ylaýym.

Namartlar kä mert ýigde-de
Nahak ýere şyltak atar.
Ýöne welin, gyz halkyna
Olaň sözi has köp ýeter.

Emma, biliň, buýsançlylaň
Utdurany ýokdur heniz.
Lak atylar ýeňleslere,
Hormatlydyr edaly gyz.

Durmuş guruň, ylalaşyň
Ýöne ara düşen söze
Orun berip köňlüňizde
Dyzap durmaň öýüňize.

Ýigit kimin, bir är kimin
Iliň-günüň hoşy boluň.
Adyňyz-abraýyňyz bilen
Bir hataryň başy boluň.

Oguldan ýanyp ýörenler,
Çeke-çeke ahy-zary,
Diýsin sizi ýüze sylyp:
«Wah, gyz dogsa bolmaýarmy!»

Yhlas bilen dileýärin
Ýüze sylyp günüm-aýym.
Size giň dünýede abraý
Miýesser etsin ylaýym!

* * *

Bu neneňsi geň gylyk?
Nirden gelip ýolukdy?
Ondan gaçyp nirede,
Nä deşige sümmeli?
Ine, agşam nätanyş
Meniň gapymy kakdy,
Göwnüme, şoň kisesi
Kesgir mawy gamaly.

Ýel şuwlaýar daşarda,
Gelip urýar penjirä,
Misli kepen gunduz gar —
Ýerde ýatar niçezar,
Heý, gün bormy mundanam,
Ýürek düşüpdir penjä,
Şol gazaply gara penje
Ezýär ony, myncgaýar.

Çyrany söndürsem birden
Goýy tümüň içinden
Gaplap alýar daşymy
Egri-bugry geň ýüzler.
Aýdyň ahyr, haçana çen,
Haçana çen, haçana çen,
Maňa bakyp iýjek meni,
Görülmedik wagşy gözler?

Bu nämäniň alamaty
Ýadawlykmy ýa jezamy?
Ol gözler nä gözleýär,
Näme olaň maksady.
Çekip çydar ýaly däl,
Bu düşnüksiz yzany.
Halasgärim, diregim,
Basymrak daň atsady.

## *Gijeki myhman*

Tümüň ýary penjirämiz kakyldy
– Salam!
– Salam. Kim borsuňyz, eý daýy?
Myhman jogap berdi örän akylly:
– Menmi? Ajal.
Has dogrusy — Ezraýyl.

– Gaty oňat.
Geliň, geçiň, oturyň.
Size haýsy gerek: kofemi ýa çaý?
– Maňa, gowsy, boş çüýşejik getiriň.
Ol seniň janyňy saklar örän jaý.

– Bagyşlaň:
Siz ýalňyşýan-a dälsiňiz.
Meniň keselim ýok. Özümem juwan.
Belki, jaý nomerim ýalňyşansyňyz,
Men-ä, walla, hiç düşünip bilmeýän.

– Ýok, men jaý nomerin ýalňyşamok, ýok,
Men geldimmi — boş gitmäni halamok.
– Bilýän, ýöne meň ölesim gelenok,
Janym sagat, durmuşymdan nalamok.

– Sen ilk-ä aglama, soňam aldama,
Aldawyň köp bolsa, jezaňam artýar.
Onsoňam bilip goý, her bir adama
Meniň saýlap-seçen bir perişdäm bar.

Ine, seniň diýen sözleň barada,
Seredip gör, şunça fakt gowuşdy.
– Niçik? — diýip sorajakdym, şobada
Bir kitap gütüläp öňüme düşdi.

Kitaby agyz däl, göz bilen iýýän,
Düşünýän, arada bar ullakan syr:
Ýokarsynda meniň adym, familiýam,
Iň aşakda bolsa «Ezraýylneşir».

Ýüregimde zat galmady hemleden,
Şo pursat ajalym ýakyn göründi.
Bu iş meniň bir kitaba jemlenen
Ölüm hakyndaky goşgularymdy.

– Ine, indi bildiň gerek, ýaş ýigit,
Neçün gelenimi tünüň ýarynda.
Seniň ahy-nalaň ýüregmi iýip,
Ýer tapmadym tünegimiň töründe.

Şatlykdan, begençden, ýaşlykdan ötüp,
Siz nämüçin beýle hala düşdüňiz?
Beýtmäň ahyr, işim özüme ýetik,
Meniň halys ýüregime düşdüňiz.

Juwan halyňyza gojadan beter
Çekýärsiňiz bu dünýäniň ahyny.
Her kimiň mütdedi wagtynda ýeter,
Siz bir entäk azar bermäň ahyry.

Wasp ediň ýaşaýşy, beýik şatlygy,
Gözelleriň elden ýeňil öýmesin.
Ýat ediň ölümi — çyn berbatlygy,
Wasp ediň çagalaň säher deý sesin.

Eger, walla, erkim bolsa özümde,
Taşlap şu kärimi allaowarra,
Ýaşardym şadyýan ýeriň ýüzünde,
Guwanyp ýaş ýigit, gözeldir garra.

Meň baran ýerimde ýatýar şagalaň,
Aýdym aýdylanok, çalnanok dutar.
Eger adam bolsa Allatagalla
Meni beýle jeza etmezdi duçar!

Birden onuň gözlerine ýaş gelip,
Bolşy meniň jigerimi daglady.
Hasratdan müzzerip,
Bir gysym bolup,
Titräpler ykbalyndan aglady.

Dözmedim men ol pahyryň halyna
Kärini unutdym bu şum apatyň.
Emaý bilen baryp onuň ýanyna,
Onuň bedibagt başyn sypadym.

Diýdim: — Besdir, bozulma sen ýaşuly
Men-ä asyl höwrügäýdim seň bilen!
Köne ülpetler deý, köne dostlar deý,
Onuň bilen hümürdeşdik daňa çen.

– Äý — diýdi — bolsa-da aralarmyz daş
Içimi bir dökeýin diýip gaýtdym.
– Bir gören tanyş bor, iki — garyndaş
Kyn gününde geläýgin — diýp aýtdym.

– Ýamanlyga duşmaweri ylaýym.
Derdim egsiläýdi diýen sözünden,
Siz bir işli adam.
Zyýan bermäýin.
Işläň! — diýip,
Sumat boldy gözümden.

* * *

Giderin, giderin,
Uzakdyr ýollar,
Söýerin. Işlärin.
Aglap-gülerin.
Kim men? Näme
Gadym dünýäň ýüzünde?
Men bulary ölemden soň bilerin.

Aýagymy düzdüm döwrüň aýagna.
Sesine ses goşdum beýik döwrümiň.
Bir aladam; näçe sahap bolarka,
«Saýlanan günleri»
Ýaşan ömrümiň?

## *Men özümi aýamadym hiç ýerde*

Men özümi aýamadym hiç ýerde,
Gaýgyda, hesretde, şatlykly günde
Aglamda geň galdy terkidünýäler,
Bagtlylar geň galyp bakdy gülemde.

Söýemde şeýle bir ýürekden söýdüm,
Onuň bir öýjügnem boş goýmadym men.
Adam söýsem, kimligine garaman
Söýdüm üstünligi, ýetmezi bilen.

Maňa bolsa «beýdip ýörme» diýdiler,
«Seniň bu bolşuňa diýerler tentek.
Sen entek ýaş ahyr, saňa gor gerek,
Seniň bar geljegiň öňüňde entek.»

Men özümi aýamadym hiç ýerde.
Gorum gutarar diýip etmedim müýni.
Kä söýenim üçin urdular meni,
Kä gazabym üçin söýdüler meni.

Haýyr işler üçin taýýarlyk boldum,
Şer işiň tersinde goýdum men şeri.
Soň görüp otursam, gutarýar eken
Diňe berilmeýän zatlaryň gory.

Diňe söýmeýänleň, köýmeýänleriň
Özgäni beýgeltjek ajaýyp syry,
Bir gyzyl manat deý gizleýänleriň
Gutarýar ekeni ýürekde gory.

Men özümi aýamadym hiç ýerde,
Özümi bagş etdim özgeler üçin.
Dogry, käte azar berýär ýüregim,
Oňam başga zatdan bolmagy mümkin.

## *Razy*

Ynsana bagt uçin nämeler gerek?
At gerek, ýol gerek hoş hyýal bilen.
Her goşgymda kämil bolmana derek,
Onuň barha kyn düşýänne razy men.

Razy — çynym bilen sadany söýýän,
Razy — halal saçagymda çöregim.
Razy — çalarypdyr saçlarym eýýäm,
Razy — hernä üýtgemändir ýüregim.

Razy — günler ýüpek sowsana döndi,
Razy — ýüregimde özgäň agysy.
Razy — «Mydam Güneş bolsun-a» doldy,
Asman bilen şu zeminiň arasy.

Razy — köp büdredim çaga mysaly,
Ýalňyşdym, ökündim ilkibadalar.
Şonda gökden inen perişde ýaly
Duşdy maňa oňat-oňat adamlar.

Razy — köçelerim, ýüregim ýagty,
Razy — kükregimde diňenok owaz.
Berdi maňa bir ömürlik bu bagty
Geçip barýan ýaşlyk, geçip barýan ýaz.

Razy — joşdum topragymyň toýunda,
Duzuny syladym, sowuşdym ýasyn.
Eziz maňa şu topragyň goýnunda
Wysal bolan hem bolmadyk yhlasym.

Gerekli pursatym indim äleme,
Begendim, söýüldim, çekdim men zary.
Ine, şu zatlaryň meniň täleýme
Miýesser edenne müňde bir razy.

## *Sag bol, durmuş...*

Sag bol, durmuş!
Sag bol bereniň üçin.
Şükür, saçagymda kemenok çörek.
Ýöne adam
Çörek bilen, adam däl,
Oňa başga-da kän,
Kän zatlar gerek.

Sag bol, durmuş!
Sag bol bereniň üçin,
Ýagyşlaryň üçin, garlaryň üçin.
Ýöne ýagyş, gara juda höwrügip,
Adamyň hasratdan ölmegi mümkin.

Sag bol durmuş!
Sag bol bereniň üçin.
Il deňinde ýar ýerinde ýar berdiň
Ýöne ýaryň saçyn ýassyk edinip
Ýatmak gylygyna syganok merdiň.

Dahana söz berdiň waspyň diýere,
Dost berdiň şol dosta mynasyp saýyp.
Dost kyn günüň gerek.
Duşmanam berdiň
Şat günümde aglap biljek ajaýyp.

Saglyk berdiň, duýgy berdiň köňlüme,
Dözdüň meni gyşyň aňzak ýeline.
Şu zatlaryň aşagyndan çyk diýip,
Iň soňunda galam berdiň elime.

Bu baglaryň göni,
egri hatary,
Gülleriň, günleriň müň hili reňki,
Adamlaryň sary aýralyklary,
Elwan duşuşygy — bary meniňki.

Gije-gündiz galamymy oýnatdym,
Habar sorap gülden, ýagyşdan, guşdan.
Aşagyndan çykar ýaly däl eken,
Kän zat alan ekenim men durmuşdan.

Ýöne neçün
Mende kinäň bar ýaly,
Berenleňi alýaň ýuwaş-ýuwaşdan?
Ýa-da onuň bolmalysy şeýlemi?
Eýýäm aýra düşdüm niçe deň-duşdan.

Atyň eýerinde tans oýnaýyn,
Ýolbars deý böwseýin oduň halkasyn,
Köp zat berdim diýip gynama meni,
Berenleriň üçin taňryýalkasyn.

Pursat ber, howlukma,
Gyssama meni,
Älemgoşaryňa bir gaş kakaryn.
Öňümde ak kagyz,
Elimde galam.
Menem bir gün bergilemden çykaryn!

* * *

Ýene gaýdyp geldim dogduk diýara,
Ýyldyza baý asmanyma gowuşdym.
Gussa bilen bakyp söwüt, çynara.
Saýasynda goşawuçlap suw içdim.

Çagalygmyň gulpaklyja gyzlary,
Höwürtgesin taşlapdyrlar bireýýäm,
Hany, nirde o ýyllaryň yzlary,
Şol yzlary yzlap geldim, eý obam!

Bu ýerde ahmyrym, ökünjimem ýok,
Ýöne nämüçindir bilip bilemok,
Çagalyk yzlaryn, tanyşlaryňy
Jepalar çekseň-de, undup bolanok.

Unudyp bolanok ertekilerni,
Säherler çyg düşen ýaşyl otlaryn.
Aýagyňa batan awy tikenni,
Saňa baş bermedik tez-tez atlaryn.

Sen ýylda gaýdýarsyň dogduk diýara,
Onuň sada görmeginden doýaňok.
Çagalygňa duş geläýmek hyýalyň,
Emma ondan daşlaşýanňy duýaňok.

Sen uly şähere dolanýaň ýene,
Bu ýerde dostlaryň, iş-aladaň kän.
Çykýarsyň şowhunly köçelerine,
Köçeler, kiosk, bildiriş, dükan.

Onsoň ýene gussa bile ýatlaýaň,
Telwas edýäň çygly atyzdyr pele.
...Şeýdip, her ýyl geçmişiňe gatnaýaň
Sen şol geçmişiňden daşlaşmak bile.

## *Söwütli*

Söwütli,
Söwütli,
Eziz diýarym,
In oňat zatlaryň undulşy ýaly.
Senden aýra düşüp on bäş ýyl ýarym
Ahyry üstüňden saldym men ýoly.

Nirde o ýyllaryň egri ýollary,
Jaýlar, baglar bary sumat bolupdyr.
Diňe bir topbajyk söwüt baglary
Hem mähriban degirmeni galypdyr.

Çagalaň unudan enesi ýaly,
Söwütliniň söwütleri giç-ertir:
«Haçan geler, gaýdyp geler balalam»
Diýip, ýollaryna seredip otyr.

Bagyşla, Söwütli! Adyňa gurban!
Eziz maňa söwütleriň ýapragy.
Ata-babalarmyň namysyn gorap,
Ata-babalarmyň ýatan topragy.

Ne kine bar, ne ahmyr bar göwnüňde
Çäjiňi harpykdan saýlap otyrsyň.
Ýalňyz galan garyp ene mysaly,
Köne degirmeniň aýlap otyrsyň.

## *Seniň adyňda*

Dünýäň bar derýasy seniň adyňda,
Iňrigi, şapagy, ýagyşy, gary,
Meniň yhlas eden zatlarmyň bary —
Seniň adyňda,
Seniň adyňda.

Ýüzüni öpenim,
Tohum sepenim,
Bu dünýede ýitirenim, tapanym,
Topragym!
Gam-gussam seniň adyňda.

Sen bolmasaň, oňat bordy dogmanym,
Sen bolaňsoň, bu giň dünýä sygmanym,
Tylla gyryndysy edip ýygnanym
Namysym, mertebäm —
Seniň adyňda.

Seniň päk adyňda görki bu dünýäň,
Ylaýym sarsmasyn örki bu dünýäň.
Dünýäniň mukaddes ähli zadyny
Jemländen soň,
Seň ajaýyp adyňy
Bir ullakan wysal,
Uly ynam dek,
Doga kimin gaýtalaýan her gezek.

* * *

Atlar ýataklarda horguryp durlar,
Olaryň ykbaly — maňlaýy akdyr.
Uzakda çygynyp kişňeýär batly
Iki ýüz at güýçli işhon traktor.

Oratdy goltuklap ýarty çöregin,
Obanyň içinde dawa gözleýär.
Dutaryň gulagna meňzeş gulagny
Towlanynda onuň hamrak ejesi,
Ýokarky perdeden bir heň çyrlaýar.

Tamdyrda on Günüň nurly howrundan
Galýar dik asmana täsin bir sütün.
...Men dogduk mekana salama geldim.
Üstüm tozan, halys çykypdy lütüm.

«Duzun dadyp geçiň!»
Uzaldy çörek,
Iki döwüm aldym, ony üfläpler
Ýitewersin açlyk, hantamaçylyk,
Herne ýitip gitmäwersin şu däpler.

Mazarystanlaryň, ymaratlaryň,
Gök otlaň içinde inçejik ýodaň,
Elmydama oýandyrýar ýüregmi
Topragym,
Ykbalym, bir oňat zada!

Kök urupdyr saňa juwan ýüregim!
Sen-dostum, söýgim sen, ilen-gatanym.
Seniň bilen men mukaddes nikaly
Seniň bilen, meniň agras Watanym!

Müňläp at güýjüni özünde jemläp.
Güňläp,
Güwläp, arman günüň gününde,
Aýlanyp ýör aňymyzyň hünäri
Ak ekiniň, ak Watanyň üstünde.

## *Goja*

*B. Kerbabaýewe.*

Ol juda arkaýyn,
Äwmän barýardy,
Märekäň içinden, ýatladyp toýy.
Şemal baga çykyp, saçyn darýardy,
Çüňki oň boýundan gysgady boýy.

Dagyň bir bölegi!
Bölegem däl-de,
Dagyň özi ýaly parasatlydy.
Deňinden geçenler biraz saklanyp,
Oňa baka-baka, köňül şatlady.

Göge alma atsaň, ýere gaçmajak
Märekäň içinden äwmän barýardy.
Agras,
Ynamlydy ädim uruşy.
Kä başyny atyp,
Kä ýylgyrýardy.

Daýaw egni bilen ýol arçaýardy.
Çal başyna degip, beýgelýär asman,
Paýhasyň özi dek äwmän barýardy,
Hemem nämüçindir, elmydam juwan.

Näçe materigi, ýurtlary sökdi,
Tanyş oňa goja dünýäň dört çeti.
Ýöne göbek gany siňen ülkäni,
Ine, şeýdip,
Ädim bilen ölçedi.

Howlukmady,
Äwmän, paýhasly ýördi,
Ýol-ýodalaň batgasyndan-gumundan,
Geçäýmäýin diýýän ýaly howlugyp
Göwün açman bir gamgynyň deňinden.

Ine, durdy,
Şlýapasyn çykardy.
Eli bilen gözün günden gorady.
Bir ýigdekçe geçip barýan zenandan:
– Aýtsaňyzlaň, kim ol? — diýip sorady.

Zenan guwanç bilen goja seretdi.
Tanýandygyn bagt saýyp şo bada.
Ähli dilde,
Ähli ýurda düşnükli,
Örän gysga hemem örän düşnükli
Jogap berdi:
— Kerbaba...

## *Ýetginjek*

Öňküsine görä üýtgeşik dünýä,
Nämüçindir dünýäň öňküligi ýok.
Ol özünden uly bolmak isleýär,
Öz ýaşyndan uly bolup bilenok.

Görýän düýşleri hem öňküleri däl, —
«Söýüşen» gyzlary bardy bir çene.
Ol ýuwaş-ýuwaşdan düşünip barýar
Gelinleň, gyzlaryň gözelligine.

Bir täsin täzelik gurşaýar ony,
Ol häzirden görjek bolýar geljegin.
Howlaýar. Ululaň yzyna düşýär,
Geýýär uly doganynyň penjegin.

Uruşly kinolar ýat boldy oňa,
Düşenok ýadyna oýun, kepderi.
A «Söýgi oduna» goýberenoklar
On alty ýaşyna ýetmedikleri.

Ýigitligiň gapysyny kakýar ol,
Açanoklar, wah, nätmeli? Itmeli?
Itse-de, bu gapa goýberenoklar
On sekiz ýaşyna ýetmedikleri.

Öýe gelýär. Urunýar ol ikiýan.
Kakasy geň galýar: «How, keýpiň ýok-la?»
«Meň ullakan adam bolasym gelýär,
Näme üçin meni goýberenoklar?..»

## *Atalar we ogullar*

Atalar-ogullar... beýik döwletdir
Şolardyr bu döwre ýaňyn salýanlar.
Ýöne käte duşýar bu iki nesliň
Arasyna çöp atmakçy bolýanlar.

Galat pikirlere uýmak ne derkar,
Işimiz şowludyr, günümiz düzdür.
Ýok, atalar biziň geçmişimiz däl,
Biziň atalarmyz şu günümizdir.

Nirä barýar naýza kimin düzülip?
Aýdym bilen dyňzap duran hatarlar?
Olar täze dünýäň goragna galan
Mizemez ynamly biziň atalar!

Olar geljegmiziň dok dänesini
Durmuşyň tarpyna atanlarmyzdyr
Ykballarna beýik synag duş gelen,
Mizemez ynamly atalarmyzdyr.

Öňden gelýär şeýle ajaýyp nakyl:
Ekin ekilmese, hasyl orulmaz.
Bu biz ahyr — eken zadyn orýanlar,
Bu biz ahyr — atalar we ogullar.

Häzir olaň kimsi pensiýa çykan,
Kimsi işde. Emma maksatlary bir:
Olar bu günleriň ogullarynyň
Gatnaýan iň kämil mekdepleridir.

Goý, dar balak geýsin, kafe gatnasyn,
Ýöne gaýtalansa ýene o günler.
Atalar dek merdem aýaga galar,
Şolaň mekdebinde okan ogullar!

## *Ata igenji*

Bolup ýörşüň hiç maňzyma batanok,
Käýýäp ýörmäge-de ysanok bognum.
Saňa akylam-a gelerçe boldy,
Hemme kişi ýaly bolarlar, oglum!

Öz diýeniň tutup ýörsüň elmydam,
Päkmikäň öýdýärsiň hemmeden beter.
Ýaşlygyňdan şeýdip ýörseň girrelip,
Düşewüntli iş başyny kim tutar?

Menem ýaş bolupdym. Ýöne başlygym
Un diýse, un çekdim, gum diýse-de gum.
Sen nireden boýnuýogyn doguldyň?
Hemme kişi ýaly bolarlar, oglum!

«Onuň tutýan ýoly, päli nädogry,
Ol özünden başga bardyr öýdenok!»
Muny diýmek seň paýyňa düşüpmi?
Näme üçin başga biri aýdanok?

Saňa başda edep-ekram öwredip,
Sypaýy terbiýe bermekçi boldum.
Saňa diýdilermi — ýerine ýetir,
Hemme kişi ýaly bolarlar, oglum!

«Ol adam itdenem, beter ýaranjaň,
Duşsa uly kärlä, guýruk bulaýa».
Ýeri, seniň näme işiň diýse-ne,
Seň özüň ýaranjaň bolmasaň bolýa.

Işiň bile bol-da, dogruja ýaşa,
Senden tamakin däl köp zady göwnüm.
Işiň şowuna bor, horluk çekmersiň,
Hemme kişi ýaly bolaýsaň, oglum!

Siz ýaşlar ýa baryp ýatan iş ýakmaz,
Ýa ýürekde päklik ýokundyňyz kän.
...Wah, ýene öýkeläp gitdi peläket,
Diýmesiz sözleri diýäýdimmikäm?

## *Märeke*

Öz işine gümra gadym giň jahan
Käte gam getirer, käte hemaýat.
Çirkin-çirkin aglanynda gyzjagaz,
«Öýkeni giňär!» diýp, güldi jemagat.

Ýigrimi gyş geçdi, ýigrimi bahar.
Şo gyz kämil çykyp, toýa şaýlandy.
Şonda ol gözeliň ikinji sapar
Owadan gözlerne duman aýlandy.

«Aýu, tula, begenjiňe aglaýaň?»
Diýip, ýomak atyşdylar gelinler.
Entek nämäň-nämedigini aňmaýan
Gyzlaň ýylgyrşyny gizledi ýeňler.

Soň ýene aý ötdi. Ötdi köp bahar.
Kim gam çekdi, kim keýpini çaglady.
Şonda şol gözelmiz üçünji sapar,
Soňky sapar için tutup aglady.

Indi ahmyr ýokdy, gözýaşam ýokdy
Söýgi, umyt ýer tapmadyk synada.
Diýdi il ýene-de juda sogduryp:
«Maşgalada öýke-de bor, kine-de!»

Paşmadyk umytlaň gizläp ahyny,
Şatlykdan üç gezek aglaýan barmy?
Sen aýt, märeke, aýt, ahyry,
Saňa biperwaýlyk, endikmi, kärmi?

Neçün ýagşylyga ýorýaň agyny?
Seniň üçin hemmeje zat gül ýaly.
Gözýaş bilen egsip ýürek dagyny
Aglanlaryň oňatmyka ykbaly?

Hemme kişi bagtly güni aglanok,
Adam diýen gülenogam hesretden.
Eý, märeke, hiç düşünip bilemok.
Mähirlimiň?
Gaharlymyň?
Näme sen?

## *Köne kart*

Penjiräň öňünde bir owadan gyz,
Ýaryny ýat edip, gam çekýär ýalňyz.
Köne kart sakawlap aýlanýar çetde:
«Gam çekme, gyz,
Gam çekme, gyz,
Gam çekme!»
Gijäniň içinde goýup kümüş yz,
Garagol ýapjagaz akyp ýatyr tiz.

Uzakda ikatýok çotuny kakýar.
Çypar aý asmandan zemine bakýar.
Bu tüýdügiň sesi eşidilýär nirden?
...Bu gije durşuna — Rehmet Seýidow.

Gyz dessandan gelen — gara gaşy ýaý,
Ýüzleri diýjekmi — aýa ogşaýa!
Öňde döwrümizden bir alamat bar:
Köne kart sakawlap aýdym aýdýar.
Bu garagol ýigit, süýji söz ýigit.
Aý dodagy kimin gyzyl gül ýygyp,
Gelmez gyz ýanyna, aýnany kakmaz
Gyz gussa batypdyr, bu gije ýatmaz,
Köne kart sakawlap aýlanýar çetde:
«Gam çekme, gyz,
Gam çekme, gyz,
Gam çekme!»
Erte agşam hemmeler taýyna duşar,
Aý güne, Gün bolsa Aýyna duşar.
Emma ýigitleriň arzuwy bu gyz,
Penjireden bakar oturar ýalňyz.

Uzyn barmaklarda ýadygär ýüzük,
Ýigit haýsy kölde ýörýärkä ýüzüp?
Oturşy ýüz gazal, turşy müň gazal,
Ak jaýyň içinde aýlanýar gözel.
Köne kart sakawlap aýlanýar çetde:
«Gam çekme, gyz,
Gam çekme, gyz,
Gam çekme!»
Pahyr köne kartyň sesi gyrlypdyr,
Emma gyza şol teselli berip dur.

Ah, köne kart, ah, köne kart, köne kart
Sen türkana gop bermekçi köne kart

Ýöne düşün ahyr, bu ajaýyp gyz
Gam laýyna batyp aglanok heniz.
Uzakda ikatýok çotuny kakýar,
Çypar aý asmandan zemine bakýar.

Nirede gam-gussa, nirde doňaklyk,
Bu aý aýdyň gije juda oňatlyk!

Gyz ýöne tolgunýa, juda tolgunýa,
Düşün-ä, köne kart, toý guni gelýä.

## *Görmeksiz gyz*

Ine, barýaň umydyňa büdüräp,
Egniň horlugyna utanyp çala.
Uzakda orkestr joşup-titiräp,
Tans edýär owadan gyzlary bile.

Hor ellerňi çykaraňok ýeňiňden,
Olar birden ýere ýetäýjek ýaly.
Geçip barýaň ýigitleriň deňinden,
Gulaga ýakymsyz bir saz mysaly.

Undup bilmän görmeksizje doglanyň,
Ýüregiňde hoş arzuwlar besleýäň.
Geçip barýan bir syratly oglanyň
Mylakatly söz aýdaryn isleýäň.

Emma ýigitleriň öz gaýgysy bar:
Ýörite ýag bilen saçlaryn darap,
Olar wagtdanam ozup barýarlar,
Özlerniň owadan gyzlarna tarap.

Ah, horja gyz, horlugyňdan horlanýaň.
Saňa hoş söz diýjek ýigit nirede?
Bu şäherde näçe diýseň ýigit bar,
Seni öýe ugradanok biri-de.

Gyzlaram ýanyňa delmuryp gelip,
Owadan gülüşip ýüregňe düşýär.
Olar görmegini artdyrjak bolup,
Gezegine seniň bilen tirkeşýär.

Öýe gelýäň. Gyýýar ýüregňi ünjiň,
Hasratdan çekilýär iki owurdyň.
Aglaýarsyň: «Ah, eje jan, nämüçin
Meni beýle betgelişik dogurdyň?»

Emma goňşy gelin — bir görmegeý dul
Atasyz ogluna günäli bakýar.
Hem seniň tersiňe,
Gussa-gam çekýär:
«Owadan dogulma,
Bagtly dogul!»

Aglama, gyz! Uýajygym, gam çekme,
Bilip bolmaz ykbalyňy öňünden,
Bu howlukmaç ýigitlere at dakma.
Kim geçenok öz bagtynyň deňinden.

Käte şeýle bolýar: görkdür-görmek
Gidip otyr il içinde at alyp,
Ýöne, nämüçindir, tylla ýüzük dek
Ýolda,
Gum içinde galýar sadalyk.

Tekepbir bol, çykyp bolmaz gaýa dek.
Sada bol, aýlaryň doguşy ýaly.
Şeýle ýigitler bar, (olar bar entek)
Sen dek gaýalarda olaň hyýaly!

* * *

Öz söýenmiz üçin hemmämiz jomart!
Biz bu dünýä eýe kimin garýarys.
Iň gymmat,
Iň zerur,
Gözel zatlary
Alýarys-da, ýara sowgat berýäris.

Bütin Ýeri sowgat berýäs gyzlara,
Onuň minaradyr şäherlerini,
Onuň al şerap deý iňriklerini,
Dumanly-dumanly säherlerini.

Soňra ýyldyzlary,
Deňiz-deryany,
Soň kellämiz gyzyp gidiberse has,
Aýy iki ýaryp zergär mysaly
Ondan ýara gulakhalka ýasaýas.

Emma bize ýeň berenok eneler:
«Biz-ä asyl boş sözlere düşemzok.
Asmanyň ýyldyzyn kakanyň bilen
Olar ýere teňňe bolup düşenok.

Aý diýýärler,
Deňiz-derýa diýýärler,
Tapanlarny jomartlarça seçýärler,
Emma ujypsyzja galyň tölemän
Gyzymyz şagal deý alyp gaçýarlar...»

## *Biziň günämiz*

Durmuşda köpleriň göwnüne degdim,
Köpler bolsa, meň göwnüme degdiler.
Il içinde çekdim ýekelik derdin,
(Ýekelik derdini çekenler biler.)

Köp zatlary görmän duşundan ötdüm,
Köpüsini bilgeşleýin görmedim.
Ýyllar geçip, ahyr bir açyş etdim,
Ýagny, il günäli diýip ýörmedim.

Şagalaňly köçeleriň ýeňsesin,
Ujy çür köwüşli gaşap barýaryn.
Hem owadan adamlaryň hemmesin
Hudaýlar dek sylap, salam berýärin.

Emma, ine, gujagynda balasy,
Bir ýaş ene ýaş akdyryp gözünden,
(Gözýaşyndan gördüm ahy-nalasyn),
Barýar bu ajaýyp ýeriň ýüzünden.

Ilkinji şatlygyn, ilki baharyn —
Körpejigin ol gysypdyr bagryna.
Ärsumagy dünýäniň şu säheri.
Sowurypdyr ony ýeliň ugruna.

Ýok! Diňe görmeýän men bu aýaly.
Men onuň hasratyn ýürekden duýýan.
Ýaş gelin öňünde özüm günäli,
Hemme adamlar-da günäli diýýän.

Il içinde çekip ýekelik derdin,
Aramyzda ýaşýar şol juwan gelin.
Men oňa baş egip salamam berdim:
«Bagyşlaň günämiz, eý merdan gelin!»

## *Şäher, dynç güni, säher*

Säher bile,
şäherime çykýaryn,
Ol günden däl,
ol ýüzlerden ýap-ýagty.
Köçelerem ýagty aýna mysaly.
Agşam ýagyş ýagdy.
Juda köp ýagdy.

Adamlardan hyň berip dur awtobus,
Ýegşerilip barýar,
çygynyp barýar.
Kiosklaň öňi giden märeke.
Märeke —
gazete nobata durýar.
Açyk penjireden,
ikinji gatdan
Ýaňlandyrýar bar köçäni «Gözel ýar».
Bir jenanam agşam ýanyna girip,
Säher diri ýiten ýigdi gözleýär.

Başga biri
saçyn döküp egnine
Ýençýär gaýgyrman gara roýaly.
Nazik dodaklaryn dişläp,
ýençýär ol,
Weli Muhadowda ary bar ýaly.

Bitaý geýen köwşi bilen ýer dyrmap,
Fizik — professor, aljyraňňy är,
Unudyp leksiýa, seminarlary,
Dynç gününi,
Dynç gününi diňleýär!

Adam sili iki-ýana urunýar,
Ýüzlerinde,
gözlerinde
gussa ýok.
Olar
juda meňzeş biri-birine,
Olar
juda bir-birine meňzänok.

Oňat adamlary
söýýän ýürekden,
Bilýän,
bu akymda erbetleň baryn.
Ýöne
oňatlaryň içine garyp,
Bu dynç güni
men olaram söýýärin.
Goý,
güňlesin ýurt üstünde
bu asyr!
Hem diňlesin ýürek bile dynç güni.
Bu
adamlar dynç almagy söýýärler.
Bu adamlar
gorarlaram dynçlygy!

## *Nobatlar*

Adamlaryň barha eli giňeýär,
Güle öwürensoň eziz mekany.
Ine, iki dükan otyr ýanaşyk,
Biri çörek, birem gazet dükany.

Çörek dükanynda otyr satyjy,
Pallanda ýyldyrap gidýär dişleri.
Ol ýigidiň eli boşurak öýdýän
Ýogsa beýle daralmazdy saçlary.

Gapdaldaky dükan — neneňsi görnüş!
Onuň nobatynyň döreden ýoly —
Uruş ýyllarynda çörek dükannyň
Hiç yzy üzülmez nobaty ýaly.

Sabyrly garaşýar gezegne her kim, —
Işçi, okuwçylar, çalaran başlar.
Biz käte bu bagty görmän geçýäris,
Bu zat juda oňat ahyr, ýoldaşlar!

Ertirlik naharyn ýanyna alan
Gazet nobatynda çekip «ezýeti»,
Ahyr ýol ugrunda büdräp, çakyşyp,
Buterbrod bilen okýar gazeti.

Adamlar birhili beýgelen ýaly!
Olar halal gazandylar bu bagty
Bireýýäm gutardy çörek nobaty,
Gün-günden uzaýar gazet nobaty.

## *Kiçijik şäherler*

Men kiçijik şäherleri söýýärin!
Ol ýerde hemme zat sadadan-sada.
Uly şäherlerde tapylgysyz zat,
Bu ýerde ýer bolýar myhmanhanada.

Bu şäherde hemme tanyş, mähriban,
Hilesi ýok, allary ýok gepinde.
Onuň bir çetinde güläýse biri,
Derrew eşidýärler beýle çetinde.

Bu kiçijik şäherjigiň göwni giň,
Ol bagyşlap bilýär, gynaman jany.
Ilki: «Ajap şäher, owadan şäher!»
Soňam «Oba!» diýip, çykyp gidýäni.

Bü ýerde kän hapa işler edilmez,
Asylly işlerem edilmez kelte.
Çüňki bütin şäher anygna ýeter,
Ýerden tylla halka galkanda erte.

Bu şäherde dul gapysy kakylmaz,
Gyzylmy-ak, mele şerapdan doýup.
Bu şäherde gündiz ýagty söýerler,
Garaňky gijäni parahat goýup.

Bu şäherde söz diýeniň — namysdyr.
Şoň üçinem ikilik ýok gepinde.
Onuň bir çetinde aglaýsa biri,
Derrew eşidýärler beýle çetinde.

## *Il*

Il diýeniň — işçi, daýhan, şahyrdyr...
Iliň elmydama oňatdyr päli.
Ýöne adam diýen ýalňyşýar käte,
Olar perişde däl ýalňyşmaz ýaly.

Olar ýalňyşýarlar. Boýun alýarlar.
Emma ýürekleri oňat pällidir.
Giden ildir — işçi, şahyr,
daýhanlar...
Il diýeniň bolsa, ýalňyşýan däldir.

## *Söýüň çagaňyzy*

Söýüň çagaňyzy!
Söýmekden armaň.
Säherler oýanyp öpüň bir salym,
Eline tutduryp ullakan alma,
Pata berip, uzak ýollara salyň!

Gorkmaň! Olar näçe daşa gitse-de,
Gelerler,
Eşitse çagyrýanňyzy.
Bir dilegim:
şatlyk bilen gussada
Oňatlyga ündäň çagalarňyzy!

Utanmaň!
Gizlemäň ýüzleriňizi,
Dymmaklygy,
ýygralygy owradyň!
Öz aýdyp bilmedik sözleriňizi,
Çagaňyza aýtmaklygy öwrediň!

Ýogsa käte bilýärisem öňünden,
Emma «Äý» diýýäs-de, dymýas-da gidýäs:
Ilki dymyp,
geçip onuň deňinden,
Soň
tankyt edere adam döredýäs.

Bu islegmiz däl, perwaýsyzlyk bu,
Islämzok adamyň peselenini.
Ýöne ownuk işde unudaýýarys
Döwrüň
iň agyrly meselelerni.
Synlaň çagaňyzy: işe gümramy,
Ýa-da onuň edýän işi galatmy,
Her haýsy bolsa-da, dymmaň adamlar,
Siz
öz söýgiňizde boluň gazaply.

* * *

Säher turup, syl ýüzüňe çagaňy,
Päkligiňde bolup bilseň şonça bol.
Sen sanama gara saçyň agyny,
Sen sag-aman öreniňe monça bol.

Biz hemmämiz şatlyk üçin doguldyk,
Şoň üçinem geçdik, ine, şunça ýol.
Şat günleriň köp bolmanna gynanma,
Şat günleriň bolanyna monça bol.

Goňşyňy gozgama, göçmesin goňşyň,
Goý, öçmesin sen ölçerme oduny.
Aýaklaryň ätjek ädimin äder,
Göreçleriň görer görjek zadyny.

Säher turup, syl ýüzüňe dünýäni,
Giňligiňde bolup bilseň şonça bol.
Bu dünýäňe mahsus ähli zatlaryň
Senden sowlup geçmeýänne monça bol.

Erbet bor bu baglar geçse deňiňden,
Bu ýagyşlar seniň üçin ýagmasa.
Bagy ikiýana bulanda tupan,
Zerur çygy gül ýüzüňe degmese.

Gykuwlaşyp geçip gitse deňiňden,
Durnalaryň ýyllar kimin hatary.
Seni gozgamasa beýik ýaşaýşyň,
Çözülen hem çözülmeli mataly.

Şoň üçinem syl ýüzüňe dünýäni,
Özüň hakda, goňşyň hakda pikir et,
Bu dünýäňe mahsus ähli zatlaryň
Senden sowlup geçmeýänne şükür et.

## *Gaplaň*

Haýwanat bagynda demir kapasa,
Demir kapasada gaplaň ýatyrdy.
Gyzyl gözlerinden akýan damjalar
Murtunyň ujunda asylyp durdy.

Şäherli adamlar onuň ýanyna
Getirdiler daýy, ýeňňelerini.
Bu zatlardan bizar bolan janawar
Ýatlardy Afrikaň jeňňellerini.

Juwan günlerinde gara gijeler
Gözleri ot bolup ýanan bu merdan
Iripdi, iripdi gelim-gidimden,
Onuň dynç alasy gerdi bir meýdan.

Diňe agşam düşüp ýapylanda bag,
Garrylygyň derdi berse-de jepa,
Zordan uka batyp, agyr düýşünde
Ýene-de giderdi Afrika baka.

Süýji-süýji arzuwlardan, hyýaldan
Erninden şepbik suw akar giderdi.
Ýaýdan çykan peýkam kimin atylyp,
Awuny gan bilen tamam ederdi.

Erkindi. Batyrdy. Diýseň güýçlüdi.
Güýjüniň çeşmesi egserden kändi.
Kynçylyk. Kynçylyk.
Çar ýan kynçylyk.
Ol kynçylyk üçin dörän haýwandy.

Ýöne gijeleňem öz serhedi bar.
Şol serhetdi onuň tükenmez derdi.
Gözün açdygy bes: juwanlygyndan
Ýene gojalygna gaýdyp gelerdi.

Ol gaplaň ýene-de çümer giderdi
Adam gözleriniň doňaklygyna.
Geň galyp, geň galyp bakardy hemme,
Ýesiriň geými dek zolaklaryna.

Şol gözleň her biri peýkama dönüp,
Başlardy oň jiger-bagryn ýakmaga.
Ol ýygrylyp, giň görüp öz hamyny,
Utanardy şol gözlere bakmaga.

Guýrugy ýamzynda. Gulagy salpy.
Gözleri ýumukdy. Tutukdy ýüzi.
Batyrlygyň ejizlige öwrülşin
Görüp,
          adamlaryň çygjardy gözi.

Aňyrda gaplaňam sessiz aglady.
Iň soňky mertligin gözýaşa öwrüp,
Gaplaň derisinden çykan gaplaňy
Giň kapasa barýa gysyp-gowuryp.

Şol günden soň gijemi, ha gündizmi
Gaplaň bar wagtyny aglap ötürdi.
Şeýdip, ejizligiň başlanan güni,
Şol gaplaňyň gaplaňlygy gutardy.

## *Uzak ýaýlada enäniň hüwdüsi*

Eýýäm güneş batypdyr,
Aý-da agyl atypdyr.
Garagolja Serdarym
Süýji uka batypdyr.

Günler aýlara bakar,
Aýlar ýyllara bakar,
On sekizin dolduryp,
Serdarym ata çykar.

Jahyllygyň ýaşynda,
Yşk gaýnar döşünde,
Obamyzyň gyzlary
Seni görer düýşünde.

Ýaryň geler ýanyňa,
Eneň geler zaryňa.
Sen maňa az bakarsyň,
Köp bakarsyň ýaryňa.

Gyş ýaza sesin goşar,
Bahar kösük ýetişer,
Gelin-gaýnyň käwagt
Arasyna tow düşer.

Malyň göwni ýazlarda,
Lalyň göwni sözlerde.
Meniň göwnüm sendedir,
Seniň göwnüň düzlerde.

Jorama duşan ýerim,
Balam, seni öwerin:
Gelniň ýuwar köýnegňi,
Men dolagňy ýuwaryn.

Daş oba düşse ýoluň,
Gyş bolsa sagy-soluň,
Ilki eneň ýat eder.
Onsoň ýatlar aýalyň.

Miwe köp bolsa eger,
Bag başyn aşak eger.
Saňa zyňylan daşlar
Eneň pahyra deger.

Epilýänçä bil, balam,
Bir dilegim, bil, balam,
Maňa köp zat gerek däl,
Köpüň ogly bol, balam.

Kim serer kak-gurduny,
Kim söýer halk merdini,
Derdiňi men göterýän,
Sen göter il derdini.

Aýdan akdyr ýüzleri,
Şirin-şeker sözleri.
Bu ukusyz gijäniň
Ýellenipdir gözleri.

Bu dünýe ýogy-barym,
Bar myradym, mydarym,
Kötel ýollaň külpetin
Soň bilersiň, Serdarym.

* * *

Onarsyň
bar zady oňatlyga ýor,
Belki-de, ýorgudyň ýerine düşer.
Ikibaşdan, gündogarda gün dogar,
Ikibaşdan, günbatarda gün ýaşar.

Ikibaşdan, ýigreniler, söýüler
Kimse ýere gider, kim dörär ýerden.
Ikibaşdan, biziň köne duýgular,
Köne ýaralar dek açylar birden.

Köne duýgularmyz şatlyk mysaly,
Bir ajap säherde gül bolup dogar.
Oňarsyň oňat tut köňülde päli,
Oňarsyň bar zady oňatlyga ýor.

Ýaramaz düýş görüp, ýörme dumanda.
Ýaramazlyk bolmasa seň küýüňde,
Hanha, ýyldyz süýndi gitdi asmanda,
Çaga dogdy goňşymyzyň öýünde.

* * *

Bir gün bag deý ýanyp-köýseň,
(Baky gelen barmy, eýsem?)

Abraýyňy atana goýsaň,
Ogluňa atyňy goýsaň,

Bugdaýa meýdany goýsaň,
Zemine asmany goýsaň,

Gurmadygňy goýsaň eger,
Deňi-duşlaň dowam eder.

Sährany şähere goýsaň,
Tohumy bahara goýsaň.

Goýsaň,
Goýsaň,
Köp zat goýsaň,
Derdiňi enä goýmasaň.

Dert alynmaz ýöne ýere,
Kim başyn hesrete goşýar?
Ýöne mydam enelere
Üleşikde şu paý düşýär.

* * *

Käte merdem ýagşylyga garaşýar
Elden gelen ýagşylygyň eçil sen.
Oňat işler oňatlara ýaraşýar,
Rowaýaty saçak kimin açyl sen.

Ýöne eden ýagşylygyň iru-giç
Gaýtargysyn talap edäýseň eger,
Unudaýma, soňky demine deňiç
Seniň haýryň ýigdiň bogazyn bogar.

Beýdeniňden goýber maňlaýyndan ok
Ýa-da hanjar bilen sal döşe ýara.
Çünki, haýyr işiň gaýtargysy ýok,
Ol kersen däl, goňşokara daşara.

* * *

Mahal-mahal seniň müňlerçe gören,
Ýene-de müňlerçe görmeli zadyň,
Ýakýar ýüregiňde seni beýgeldýän,
Tämizleýän duýgyň–görünmez odun.

Şapakdan ot alýar baglaryň başy,
Ýoda gijä tarap uzalyp ýatyr.
Dagdan taýyp gelen awara şemal
Otuň hem meýdanyň ysyny getir.

Ikatýok ýaşyňy sanar oturar,
Diňe şol ykbaly çözýän mysaly.
Şu adaty zatlar şat eder seni.
Adatdan daşary gözellik ýaly.

Erte ýene daň şapagy doganda.
Geň galyp bakarsyň güwleýän oda.
...Özüňi bagtly saý bir ajap pursat,
Sen begenip bilseň, adaty zada.

## *Bagt*

Gije-gündiz gyrmyldap ýör aýalmyz,
Bize ýylgyrmaga degenok eli.
Biziň weli, başga ýerde hyýalmyz,
Başy boş dullara gowşurýas güli.

Göwnüňe bolmasa, şol dul aýalyň
Bu däli göwüne mähri kän ýaly.
Unudýaň ýagyşda buýup durýanyň,
Unudaýýaň oňatlygy käýarym.

Aýalymyz suwaryp ýör gülleri,
Ýuwýar, serýär çagamyzyň arlygyn.
...Bagta garaşýarys oň ýok günleri,
Bagtly günler duýamyzok barlygyn.

* * *

Baglaryň üstüne gonanda agşam,
Gapyňyz kakylsa, açyň edepli.
Ol neçün gelipdir?
Niçiksi gepli?
Ýüregin gaplapdyr niçik gaýgy-gam?

Duýarsyňyz:
Ýüreginiň üstünden,
bir tukatlyk gödek ädip barýandyr.
«Meňki dogry ahyr.
Adalatly men»
Myhman size melul-melul garýandyr.

Goldaň şeýle adam gapydan gelse,
Ýüregňizi ele alyp goldaň siz!
Ýöne bir ýarasyz daňyly
bolsa,
Onuň agyrsyna şärik bolmaň siz!

* * *

Näçe meýlis, näçe ýasda bolundy,
Salamlar berildi, salam alyndy.

Hemra bolup bereketli saçaga,
Dost diýmedim her bir tanyşlyk açana.

Ýöne şolaň baryn gamly halatym,
Syladym men, hormat etdim, haladym.

Dost bolmaz meýlisde oturanyňdan,
Toý güni hemmeler oňat görülýär.

Ýöne ýakynyňa getireniňden,
Kä adamlar daşdan oňat görünýär.

* * *

Hemmeler sylaýar «kiçigöwüni»,
Ol bolsa sylagdan humardyr humar
Öwülse,
Keýp bilen süzüp gözüni
Diýer «Ýok, adamlar, kemçiligim bar?»
Onsoň gussa bilen saňa garar-da,
Kemçiligin sanar
Okýan deý aýat.
Onuň kiçigöwünligi barada
Dörär şeýdip, ýene-de bir rowaýat.

Öwüleni üçin
Olam öwen bor.
Üns bilen diňlär ol, ýakymly gürlär...
Awtobusda boş bolsa-da onlap ýer,
Giren goja öz ornuny hödürlär.

Ýöne bir gün düşse tankyt astyna,
Ol hakyky ýüzün açar dessine.
Uwlar ol,
Ýarar ol gazapdan doly,
Guýrugna basylan möjek mysaly.

* * *

«Gaharjaňlyk agyr günde dörärmiş»
Diýip, nämüçindir tapypdyrlar «myş»
Säher dury suwa agzyny çaýkan —
Ýaşy çene baran az sözli daýhan.

Ýaşaýşyň gymmatyn oňat bilýändir,
Çöregiň hümmetin oňat bilýändir.

Il üçin gan döken, janyndan geçen,
Üç deňiz, ýüz derýaň suwundan içen —
Durmuşyň ajysyn dadan bir esger
Saňa aýtjak sözün diýerine çen,
Gözün ýumup, ýedi ölçär — bir keser.

Ýok! Durmuşda beýle gylyk, beýle kär
Ýeňil ýürek, ýeňil günden döreýär.

Ýeňil günde adam bolarmyş hasy!
Ömrüň şol birhili akyp durmasy
Sowukda egniniň ýyly possuny,
Durmuş tukatlygy, ýürek pesligi,
Barysy birigip adaty günde,
«Gursagy darlygy» oýadýar sende.

Gahar etmek ejizligiň nyşany!
Işidir ol bikärlikde ýörenleň.

Gahar nire, gaharjaňlyk nirede!
Ýüregi ýukadyr köpi görenleň.

* * *

Bir uly eşret bar ýeriň ýüzünde,
Olam arzuw etmek, pikir etmekdir.
Şänik bolsa, oň maňzyna ýetmekdir.
Pikir bolsa, oň maňzyna ýetmekdir.

Adamlaryň, şäherleriň pikrin et.
Pikriň dury bolsun asman mysaly.
Onuň artyk geýmin sypyryp taşla,
Güýz baglaň ýapragyn sypyrşy ýaly.

Kitaphanalara gatnaň ýadaman,
Agras, kämil bory üçin pikiriň.
Dünýede hemme zat bal bile ýag däl,
Siz goja dünýäniň boýun ýetiriň.

Owal-ahyr uly oýda kösenip,
Gadym bir zamanlar çyzgap goşaryn,
Dünýä adamlary döretdi,
Indem
Siz bu dünýä düşünmegi başaryň.

Dünýäde her zadyň öz ýeri bolýar —
Akylly-paýhasly biziň dünýäde:
Adam suw teýinde gark bolup ölýär,
Balyklar gark bolýar dury howada.

## *Söz*

Sözüň agramyny ölçemez tonna,
Ölçemez güýjüni milýon kilowat.
Söz — ýalaňaç pikre gyrmyzy dondur.
Söz bar — kime şapbat,
Söz bar — kime bagt.

Dünýede iň beýik şypa şolaňky,
Şatlygmyzy siňdirýäris şolara.
Dünýede iň beýik jepa şolaňky,
Hasratymyz siňdirýäris şolara.

Söz — bu gazap bilen çakan ýyldyrym.
Söz — bu gyz näzidir, dürleň-dürüdir.
Başarmasaň — ol öçügsi ýyldyzyň,
Başarsaňam — lowlap duran Günüňdir.

* * *

Bireýýäm Gün ýaşdy, Garaldy dünýä
Bakyp dur zemine müň gözli asman.
Dostum, ýatyp bolmaz geçilen günden,
Edilen işlerden bir söhbet açman.

Dury paýhas bilen, dury aň bilen,
Ne iş etdik? Yza bir garaly biz.
Kynçylykdan geçen bolsak sowulyp,
Diňe özümizi ýazgaraly biz.

Ýagşylygmyz il içinde orun alar.
Ýöne günä hakda dymmak gerek dal.
Bu gün
          günämizi ýazgaryp bilsek,
Erte
      ikimize bolar minnetdar.

## *Paralleller kesişmeýär hiç haçan*

Seniň ne dostuň bar, ne duşmanyň bar,
Sen elmydam çetde, elmydam ümsüm.

Sende ne gahar bar, ne-de mähir bar,
Sen salgymmy? Sen kölgemi?
                                        Sen kimsiň?

Seniň ne ajyň bar, ne-de süýjiň bar,
Il derdine ne agladyň, ne güldüň.
Öz külbäňe daşap bilenňi daşap,
Ýene bu dünýäden nägile bolduň.

Sen durmuşy syçan kimin gemirdiň,
Seretdiň köpräk, arzan alarňa.
Siňdirdiň öz ruhuň bar boşlugyny,
Şikaýatlaryňa,
Arzalaryňa.

Il Fronta soňky nanyn emlände,
Ýowuz günler düşeninde başyna,
Sen beýikden beýik sütün dikeldip,
Tikenek sim aýlap çykdyň daşyňa.

Biz
      soňky pillämiz güýjümiz jemläp,
Jepa çekip örboýmuza galypdyk.
Ahmyr bilen: "Bu durmuşy ýene bir
Kerpiç beýgeldäýsek" diýip ölüpdik.

Sen biz bilen bir köçeden ýöreýäň,
Göräýmäge,
ýollarymyz bir ýaly.
Emma syn edäýseň içginden-içgin:
Sen bir başga
Biz bir başga dunýäli.

Ýok!
Sen günüň ýüzündäki menek sen,
Bu gün sen perdäňi açýaň aç-açan;
Seniň ýoluň
ýolumyza parallel!
Paralleller kesişmeýär hiç haçan!

* * *

Dünýede her kimiň öz gylygy bar,
Oňatlary saýlap-seçgin — diýdiler.
Edep-sypaýçylyk adamy bezär,
Mydam gödeklerden gaçgyn — diýdiler.

Diýişleri ýaly, gaçdym-da ýördüm,
Gödekligem meni kowlap ýörmedi.
Ol öňümden çyksa, ýüzüm öwürdim,
Oň nä derdi — asyl gaty görmedi.

Sypaýy diýlenler bolýar her hili
Juda sypaýylar daşym aldylar.
Duýman durka, kastlary bar ýaly,
Sypaýlygmyň dulugyna çaldylar.

Sypaýçylyk bilen hormat etdiler.
Sypaýçylyk bilen adym tutdular.
Sypaýçylyk bilen arzan satdylar.
Sypaýçylyk bilen etdiler baryn.

Soň ýene diýdiler ýanyma gelip,
Mert ýigide näzik bolmak ýaraşmaz.
Bardyr adamlarda şeýle bir gylyk, —
Ajyň ýokmy — süýjüňe-de garaşmaz.

Eýsem, ýaranjaňlyk, öz külbäň küýi
Göriplik hem juda-juda küteklik
Ýaly gylyk-häsýet duş gelýän güni
Iň ýaramaz gylykmydyr gödeklik?

Baş çykarmak gerek şeýle gylykdan,
Näçe çuň düşünseň şonça-da ýagşy.
Kebzä pyçak sokýan sypaýçylykdan,
Tumşugyňa kakýan gödeklik ýagşy.

Eý, siz, sypaýylar, men taýa bakan
Gelmäweriň leşger çekip, dökülip.
Ýaşasyn hak üçin gulakdan çekýän,
Göni göze bakýan sagdyn gödeklik!

## *Küteklik*

Durmuş kämil dälmi?
Ýa-da adamlar?!
Ýygnaklarda orta atylsa teklip,
Ähli ýitilikleň örküne
agzy
Synan palta bolup urýar küteklik.

Haýran galaýmaly!
Nirede bolsun, —
Ol ýitilik bilen geçir sözüni.
Ýok. Küteklik kesip bilmäni üçin,
Ýykyp-ýumrup, ykrar eder özüni.

Ol şeýle başarjaň, şeýle bir
ussat, —
Umuman, öňünde durmak juda kyn,
Walla, gür tokaýa taşlaýsaň,
Şonam
Kütekligi bilen çapmagy mümkin.

Öňde-soňda düşünmeli ahyry!
(Muny wagtal-wagtal boýnam alýarys).
Ýitiligi ulanmaly wagtymyz
Kütekligi aýlap-aýlap salýarys.

Ol saňňy dişlerin syrtardyp çala,
Haýbat atanynda kötekli güne,
Oturanlar duýman elini çarpar
Onuň örän ýiti kütekligine.

Ol özüniň kütekligin bilmez hiç,
Bar bolsa-da şu gürrüň bar tarapda.
Mundan uran kütek gyljynyň ujy
Nämüçindir şaňlar durar arapda.

Emma kütekligiň bir täleýi bar:
Ol sapyndan sypar gider iru-giç.
Ýöne hyjuw bilen kütekligini
Ykrar eder ýere düşerne deňiç.

* * *

Aty debsiläp çapma,
Säher duman içinde.
Goýber onuň jylawyn
Özi serden geçende.

Şat günüňde şatdyr ol,
Toýda şöhratyň bolar.
Magşar günüň aglanlaň
Birisi atyň bolar.

Bulaberme gamçyňy,
Köz galmasyn teninde,
Seň beren duzuň üçin
Alkyş bar her deminde.

Gamly güni kişňände, —
Eşidende ah sesin,
Gözün süpür, eý adam,
Olam adam ahbetin.

* * *

Gar ereýär,
Buz ereýär,
Geçenini buşlap gyşyň.
Adamlar ýeňil ýöreýär,
Seniň welin, şol boluşyň.

Howlular peselýär güller içinde,
Adam indi ygtyýarnyň eýesi,
Sykylyklap,
Ýeňil ädip geçende,
Görünýär adamlaň ýagty kellesi.

Adamlaň depesi direýär asman,
Ýöredýärler oňatlygyň dinini.
Sen bolsa, pikiri doňduryp duran
«Biryusa» ýa «Pamir» holodilniga.

Adamlar ýaşaýar erkin, gurply,
Şatlykda, haýyr işde hyýaly.
Seniň agzyň mydam mäkäm gulply,
Millionerleriň haznasy ýaly.

Meniňki — bitinden,
Seňki — ýarymdan,
Men dur seçýän,
Senem şerden seçýärsiň.
Meniň aňsat böküp geçýän ýabymdan
Sen balagňy ele alyp geçýärsiň.

Biz söýgi siňdirdik işdir poema,
Söýgüden, şatlykdan ýok bize doýma.
Sen söýüp gördüňmi, bilemok,
Emma
Seniň iniň ýetdi söýgiň boýuna.

Ýöne men düşünýän başga bir zada,
Ol maňa asman deý ýagty hem aýan.
Iňrik höküm ýöredende dünýäde,
Sen öýüňde zaryn çekip aglaýaň.

Düşünýän — seňki kyn.
Sen bagtsyz adam.
Saňa agyr, agza ýaşynyp ýaşmak,
Biz ýaly dogumly,
Biz ýaly sada
Adamlaryň arasynda ýaşamak.

Adamlaň depesi beýgelip barýar,
Bu hakykat, bu ajaýyp bir haldyr...
Biz saňa gynanýas.
Haýpymyz gelýär.
Gynanylýan adam — hakyky däldir!

## *Toý*

Şemala tutular
Arryk peteke.
Şuwlaýan sütünler,
Artyk. Repetek.

Tejene çen, Guşgy.
Babadurmazdy —
Geçilen durmuşdyr,
Yzdadyr bary.

Ne seleň, boý alan
Halyly öýüň,
Peselen, daralan
Ýalydyr öýüň.

Bir çilim çekersiň
Durarsyň ümsüm,
Içiňe çekersiň
Sorarsyň kemsiz.

Endamyň dynç alar,
Keýplisiň aman.
Keýwanyň ynjalar, —
Gelipsiň aman.

Ogulyň daşyňda,
Gyzyň daşyňda,
Aýalyň gaşyňda —
Gazyň başynda;

Sen hezil edipler
Garaýan wagtyň,
Melhemi ezipler
Barýandyr bagtyň.

Peri yzlap ýüz on
Oýuň şorunda
Tapsaň ony sen öz
Öýüň töründe.

Ýene öňe. Öňde
Ýollaryň daşy.
Ine, öňde-soňda
Toýlaryň başy!

## *Sygan aýaly*

Köne jygyllykda atynyp şalyn,
Diňe ile oňatlykda hyýaly,
Üýşürip daşyna jemende baryn,
Pal atýardy garry sygan aýaly.

Ellerimiziň aýasyna bakýardy,
Kä gaş çytyp, kä gülýärdi çylkasyz.
Kellesin silkende oýnap-bökýärdi
Ýarym aýa meňzeş gulak halkasy.

Gözläp tapyp kartlarynyň haçyny,
Hemmä bagt isleýär uludan-uly,
Sypap geçýär guran göwsün, saçyny
Urşuň yz ýanynyň parahat ýeli.

Biz hemmämiz gussaly gün gelerdik, —
Gelerdik ýanyna tukat wagtymyz.
Bary-ýogy bäş manada alardyk
Köňlümiz dirilden gymmat bagtymyz.

Ýurt bolsa o ýyllar gaýnap-joşýardy,
Külden hem hesretden galýardy parlap.
Kim duşanok, kim bagtyna duşýardy,
Ýeriň ähli tarapyndan soraglap.

Jygyllyk gyzýardy, çykýardy serden,
Her kim harydyny öwýärdi kemsiz.
Deňi-taýsyz ynam satansoň, birden
Bize gyýa-gyýa bakardy kempir.

Ol birden-ä otluçöpün ýakýardy,
Birdenem ynanman bagtly kartyna,
Gussa bilen aýasyna bakýardy,
Bahyllyk edýän dek beren bagtyna.

Haçly karty il bagtyny tapýardy,
Emma welin, öz oglundan derek ýok.
Gadymlardan gelýän bir kada bardy, —
Pal atýanyň paýyna bagt düşenok.

Iň elhenç, iň ajy hakykatdyr bu,
Ile ynam paýlap gije we gündiz,
Özüň paýsyz galsaň şol üleşikde,
Geljege ynanman bagtsyz hem ýalňyz.

Pala biz ynandyk çynymyz bile,
Ol köpbilmiş — oňa bar zat aýandy
...Asfalty süpürip köýnegi bile
Barýan gara şol betbagt aýaldy.

## *Ynanjaň gyz*

On ýyl geçdi gün ýaly,
Oýlanýaryn sen hakda,
Ynanjaňdyň gar ýaly,
Eräp gitdiň dodakda.

Saňa, «Soltanym!» diýip,
Umyt baglapdym göge.
Ynanjaňdyň ýagyş deý,
Siňip gitdiň topraga.

Sen ynanjaň gözeldiň,
Bakardyň sen uzaga.
Sen ynanjaň durnadyň,
Düşdüň ýerde duzaga.

Düşüberdiň, kän düşdüň,
Düşüberdiň ýene-de.
Şeýdip, ýerde düşündiň
Hile diýen senede.

«Men seni söýýän!» diýip,
Bir gün çökdüm dyzyma.
Bakdyň sen gussa bilen
Meň ynanjaň gözüme.

Diýdiň: «Sen belent söýýäň,
A men pesde otyryn.
Git, oglan, deňiň gözle,
Saňa hesret getirin!»

## *Rus halk aýdymyna öýkünme*

— Synym düşdi saňa, oglan,
Derdiňe derman bolaýyn.
Äkit oglan, äkit meni,
Wepaly aýal bolaýyn.

— Äkiderdim, näzenin gyz,
Ýöne diňle beýanymy:
Ýedi ýyldyr bagry giryan,
Gözi ýolda aýalymyň.

— Synym düşdi saňa, oglan,
Suwsaňda derýa bolaýyn.
Äkit, oglan, äkit meni,
Jana-jan uýaň bolaýyn.

— Äkiderdim, näzenin gyz,
Ýurdumda çaýkanýa derýam.
Ýedi ýyldyr bagry giryan,
Gözi ýolda ýalňyz uýam.

— Synym düşdi saňa, oglan,
Sensiz sargaryp-solaýyn.
Äkit, oglan, äkit meni,
Gapyňda gyrnak bolaýyn.

— Aýaklary misli gazal,
Bedewimiň gözi ýolda,
Sowul ýoldan, näzli gözel,
Gyrnak söýülmez biz ilde.

## *Epitafiýalar*

I

Bärde şahyr ýatyr, —
Baýryň ýüzünde,
Az ýaşady pahyr,
Çykardyk ýatdan.
Keseli ne erbet —
Gutardy bende
Uzaga çekmedik
Ýeňil şöhratdan.

II

Mundan müňläp tomaşaçy gaçýardy,
Okapdy ol ýüzläp roluň imanyn.
Režissýorlaň näçesini göçürdi.
Iň esasam, öküz ýaly içerdi.
A siz bolsa bu pahyra
Ukypsyzdy diýýäňiz.

## *Myhmançylykda aýdylan tost*

Entek sadalykdan zyýan çeken ýok,
Sada bolsun ogulyňyz, gyzyňyz.
Geçsin ýazlaryňyz hereket bilen,
Bereketli gelsin tylla güýzüňiz.

Törüňizde hemişelik guralan
Ýumşak sallançagyň ýatmasyn bady.
Saçagňyzda çörek, duz haltada duz,
Sönmesin ojakda ojaryň ody.

Duluňyzdan gelin baksyn Aý bolup,
Tüýnügňizden gelin bolup Aý baksyn.
Ýaman niýet bilen işikden giren —
Ýagşy niýet bilen işikden çyksyn.

* * *

Maňa öwran-öwran
Diýdiler: «Ýigit,
Sen durmuşy öwren,
Sen durmuşa git.

Şäherde güýz, gyşy
Geçirmä derek,
Gidip bu durmuşy,
Öwrenmek gerek!»

Düşünemok aýan,
Duşünemok hiç.
Men nirde ýaşaýan
Şu wagta deňiç?

Men haýsy duzakda,
Haýsy ýoldakam?
Durmuşdan uzakda
Niçik ildekäm?

Aslynda, durmuş nä?
Manysy näme?
Onuň gurluşyna
Kyn düşünäýme.

Belki, durmuş diýen
Meniň özümdir?
Halal duzum iýen
Ogul-gyzymdyr?

Belki, şäherimdir,
Belki, köçämdir,
Eken nahalymdyr,
Öýde keçämdir?

Uruşdan söz açýan
Syrdamdan syrdam —
Belki, ol köp içýän
Meniň goňşymdyr?

Belki, ol odumdyr
Murtlary towly.
Belki, ol Nazymdyr,
Hikmetiň ogly?

Belki, ol gapymdan
Akýan suwumdyr?
Oňatlyk hakynda
Hoş arzuwymdyr?

Taldyr derekleri
Synlap durşumdyr?
Düýpsüz ýürekleri
Gorjap ýörşümdir?

Belki, durmuş diýen
Duýgy-serimdir?
Meniň örän söýen
Adamlarymdyr?

Maňa öwran-öwran
Diýdiler: «Ýigit,
Sen durmuşy öwren,
Sen durmuşa git...»

Ýurdundan kowulan
Bir aşyk deýin,
Men bulardan geçip,
Nirä gideýin?!

* * *

Iki zat erklidir, ýeriň ýüzünde.
Olara erk eden bolmandyr heniz,
Birisi şaý-sepe beslenen gije,
Biri haýyr-şere beslenen gündiz.

Ýene bir iki zat erklidir juda,
Şolar bilen ýetýäs sapaly güne,
Birisi dünýäniň görki söýgüdir,
Biri bu dünýäniň gymmaty ene.

Ýene iki zadyň güýçlüdir erki,
Olar gapy kakman geler her mahal:
Biri seniň üçin baş goýjak dostuň,
Beýlekisi başyň aljak şum ajal.

* * *

Adam ölýär,
Şeýdip ýapylýar perde.
Ölen däl,
diriler galýarlar derde.
Ýöne ölen adam
ölerine çen
Tanyşýar dünýäniň geçmişi bilen.
Gije-gündiz kitaplara bolup ýar,
Geçmiş bilen-taryh bilen ýaşaýar
Gomer bilen ýaşaýar,
Baýron bilen ýaşaýar,
Pyragy, Lenin bilen —
Bary bilen ýaşaýar!
Bulam az deý ol oturýar oýlanyp,
Soňra gelejege çykýar aýlanyp.
Ençe ýyldyzlaryň dünýesin açýar,
Soň ol ýyldyz bolup, süýnýär-de geçýär.

Adam ölýär,
Şeýdip ýapylýar perde.
Adam az ýaşaýar
Kän ýaşan Ýerde.

## *Gözleg*

Durmuş misli gözýetim,
Gözýetimiň çägi ýok.
Men elmydama gözledim,
Gözlemegiň çägi ýok.

Näçe ýol bar, ýodalar,
Beýiklik bar, çuňluk bar
Emma ýürek ot alar,
Seniň, seniň nämäň bar?

Çagyr meni, gözýetim,
Agyr işe baş goşdum.
Öz ýodamy gözledim,
Öz ýodamdan daş düşdüm.

Döwýänleri söýmeýän,
Göripleri has beter
Diýýärler: «Seň gözleýän
Ýoluň nirde ahbetin!»

...Kyn pursatda kim-de kim
(Parhsyz — goja gözelmi),
Unudyp özge zady
Alsa ele gazalmy,

Begenjini sözlese,
Gynanjyny sözlese,
Goşgym bilen gürleşip,
Dertdeşini gözlese.

Özi üçin bir ýerde,
Ýatman uzak gijeler,
Bilse galýanmy derde,
Ylham joşar, güýç alar.

Derde goýup, igeläp
Göripleriň toparyn,
Kyn gününde adamy
Men gözlärin — taparyn!

Diňlär meni şäherler,
Diňlär meni obalar.
Ine, meniň çuňlugym,
Beýikligim şu bolar!

## *Topragym*

Seniň duzuň iýdim, nanyňy iýdim,
Galplygam etmedim, hudaýa şükür.
Käte göge galdym, kä gökden indim,
Emma hiç ýitmedim, hudaýa şükür.

Ilkinji sözümi senden başladym,
Duzuňy syladym — ýalan ýazmadym.
Diňe seniň gyşyň bilen gyşladym,
Diňe seniň ýazyň bilen ýazladym.

Ýitirenmi seň goýnuňda ýitirdim,
Tapanymam seň goýnuňda tapdym men.
Sen bolaňsoň dünýä akyl ýetirdim
Onuň ähli peslik, şatlygy bilen.

Hol, gaýanyň eteginde oturan
Bagyň deňesinden tabytly geçdim.
Ýene bir gün, gökden sowulyp duman,
Şol bagyň düýbünde al şerap içdim.

Nirä gitsem, meniň bilen bolduň sen.
Sen, seretsem, öňki süňňüm ekeniň.
Çalyşman daş ýurduň gülleri bilen
Aýakda yz goýan seniň tikeniň.

Minnetdarlyk sözi sada bolarmyş, —
Ýollaryň ak bolsun, uzaga gitsin.
Baky uka batsam bir gazaply gyş,
Seň goýnuňda ýatmak miýesser etsin!

## *Sazlaşyk*

Goý, ýazsynlar gussa çekýäň kän diýip,
Näme, ýürek kada garap durmaýar.
Serediň çalymtyl, beýikden-beýik
Asmany gulaçlap ötýär durnalar.

Güýz ýene endikli elleri bilen
Ýolupdyr şahadan ýapraklaň baryn,
Tankyt ediljegmi bilsem-de, ýene
Güýz bilen oturyp gussa çekýärin.

Bu gussa durlaýar, saplaýar meni,
Ähli geçenime nazar aýlaýan.
Seredip otursam, şeýle gussada
Geçen ýoluň görner eken has aýan.

Ýüregime ýassyk edip gussany,
Geçen hakda oňa sorag berýärin.
Her halda ýaşlygym güňläp geçipdir,
Men muňa sähelçe ökünmeýärin.

Günleriň şat gülküsini bölüşip,
Aglana teselli berip ýetişdim.
Aýly gije uly aýyň gaşynda
Aý jemally ýarym bilen öpüşdim.

Gördüm menem ýigrim bäşiň içinde:
Güýz gelýär — ýapraklar, meýdanlar solýar»
Ýöne iň beýik zat: adam durmuşyn,
Kalbyny beýgeldýän eserler galýar.

Häzir bolsa, bu paýhasly güýz bile.
Ýumşak gussa çekýäs, sözsüz sözleşip.
Ýaşasyn adamyň hem tebigatyň
Arasynda güňläp duran sazlaşyk!

* * *

Ajap syýahatda boldum diýdi ol,
Goýmady gürrüňin goýmaly ýerde.
O nähili ajap syýahatmyşyn —
Ýedi gün asmanda?
Sekiz gün ýerde?

O nähili ajap syýahatmyşyn?
Bärde-aeroportda uçara münse,
Alty ajap ýurdy ýatyp geçirip.
Ýedinjiniň wokzalynda oýansa.

O nähili ajap syýahatmyşyn?
O nähili ajap? — Sowal berýärin, —
Ýedi mawy deňzi ýatyp geçirse,
Oň üstüne ýene ýetmiş derýany?

Aşakdaky täsin baglaň, metjitleň,
Eşitseň ýokarda diňe myş-myşyn,
Otlar bilen bejertmeseň ýaraňy,
O nähili ajap syýahatmyşyn?

Şat zeminde goýup oba, şäheri,
Gülleriň agyny, gyzyl, sarysyn,
Sen sesdenem ozýan çaltlyk bilen
Öz ömrüň deňinden geçip barýarsyň.

Çaltlyk bilen köp işleri etse bor,
Ýöne şol çaltlygyň bir emmasy bar,
Ol dünýä,
adama düşünmekligiň
Deňinden,
deňinden,
deňinden barýar.

Sen görmän geçýärsiň
Seň üçin dörän
Uçmaha ýat, Ereme ýat gülleri.
Ýüzüňi sypasa, ýygyrdyn ýazjak
Otdan hem toprakdan dörän ýelleri.

Çaltlygyň gylygy: ýagyşlar ýagsyn,
Adam hesret çeksin, ýagsyn akja gar.
Party ýok,
ol juda zerur zatlaryň
Deňinden,
deňinden,
deňinden geçýär.

Gije-gündiz uçýar, uçýar adamlar,
Lezzet alyp motorlaryň heňinden
Dur sen,
Saklan, tizlik söýen Adamzat,
Geçäýmäwer sen öz bagtyň deňinden.

## *Daglar*

*Muhammetýar Repowa*

Dünýämiziň örki, gögüň diregi,
Bardyr tomaşaly saparyň, daglar.
Bu gün saňa örkläp däli ýüregi,
Senden uly kuwwat taparyn, daglar.

Etegiňde iller mekan tutdular,
At çapyp, ýaý çekip, peýkam atdylar,
Söýüşdiler, uruşdylar — ötdüler,
Menem seni söýüp ýeterin, daglar.

Men-men diýip daga köňül bagladym,
Seni görüp, kiçiligme agladym,
Boýumy boýuňa deňän halatym,
Toba edip öňüňde çökerin, daglar.

Niçe danalaryň sözün eşitdim,
Betpälleri öz päline duş etdiň,
Bu gün gelip meniň ýakamdan tutduň
Saňa näme diýip öterin, daglar?

Syn et ummanlaryň gözel görküne,
Beýik binalaryň synmaz örküne.
Ýamanlygmy goý özümiň erkime,
Ýagşylygmy welin, aparyň, daglar!

## *Ilkinji gar*

Ýer nirde? Gök nirde? Bilip bolanok,
Baky ilkinji gar ýagýardy ýene.
Onuň ýerde dynnym ýaly kasty ýok,
Gyz ädimi bilen düşýärdi ýere.

Jaýlar, pyýadalar, awtobuslaram
Ilkinji gar üçin şadyýandylar.
Keýpihonlar näme, sussupeslerem
Bary şu gar bilen ýaşaýardylar.

Asman altyn açaryny aldyryp,
Gar däl, ýyldyz döküän ýaly bu taýa,
...Paltosynyň ýakasyny galdyryp,
Ýigdekçe barýardy wadaly jaýa.

Ilkinji söýgüsi ýumşakdan-ýumşak
Ilkinji gar bolup inýärdi gökden.
Gar onuň ýoluna boljakdy düşek,
Ýöne düşeklige ýetişenokdy.

Ilki ýeriň, soň asmanyň zürýady
Geçip bilmän ýylylygyň deňinden,
Ilkinji gar, pagyş-para erýärdi
Ýüzleň, elleň, ýeriň ýyly deminden.

Bu gar birinji däl, däldi müňünji,
Ol ýyllaň hasabyn undup ýagýardy.
Ol kimiň birinji, kimiň ýüzünji,
Kimiň bolsa, on ýedinji garydy!

Şu gar üçin göwünlermiz ynjaldy,
Geçenem, geljegem jem boldy bizde,
Dünýede hemme zat ilkinji boldy —
Garam, Bagtam, Gaýgy-hasrat, Hoş söz-de!

Maşynlaryň öl köçeden barşyny,
Beýik penjireleň akja perdesin,
Gögüň dynman elek eläp durşuny,
Bagşyň barmak basan şirwan perdesin,

Öňler müňläp kişi görenem bolsa,
Öň duýanam bolsa, müňlerçe ýürek,
Olary, hut ýaňy dörän mysaly,
Görüp bilmek gerek ilkinji gezek!

Aýlan sen, pyrlan sen bolmasyn ünjiň,
Gyz ädimi bilen düş ýere sary,
Öten ýyl ilkinji,
Bu ýyl ilkinji,
Soň ýene ilkinji müdimi garym!

## *Gar*

Gara-gara gargalar
Gar-ga-ýar:
«Biz gonaýsak,
                    garalar
Gar! Gar! Gar!»

Gonýar gara gargalar,
Gara gargalar.
Dogrudanam, garalýar
Gar! Gar! Gar!

Gara-gara gargalar
Kakýar heşelle:
«Bar gar garalar
Garga gara düşende!»

Agşama çen garalýar
Gar. Gar. Gar.
Garaňkyda gargalar
Ýerinden örýär.

Olaryň täk biri
Bolsa-da iş kyn,
Şol otyr, ak gary
Garaltmak üçin.

Gijäniň aýazynda
Gazaplydyr gar.
Garga aýagyndan
Beýnä çen doňýar.

Ertesi gün ir bile
Köçe süpürýän
Gara gargan gargany
Oklaýar bir ýan.

Gara-gara gargalar
Şahadan örýär.
Gara gargan
garganyň
Maslygyn görýär.

...Günde gara gargaýar
Gargalar: «Gak!
Gak!»
A gar bolsa, elmydam
Ak!
Ak!
Ak!

## *Orak*

Iňrik garaldy-da, ýyldyzlar ýandy,
Hemme zat parahat dem alýar indi.

Gündiz bugdaý orlup, joş uran ýer hem,
Gara şalyn egne atypdyr bu dem.

Gijeler ne gözel söýgüli maýda,
Gökde egri orak mysaly Aý-da

Bugdaý orlan ýere hyrydar bakýar,
Hem ol gussa bilen şeýle ah çekýär:

«Düşsedim boşlukdan, ah, şol ýere men,
Orardym bugdaýy tä daňdana çen»

* * *

Deňiz başda gök däldi-de, mawudy,
Soňra agşamara elwan öwüsdi.
Äpet tolkunlary göge towusdy,
Deňiziň halyna göwnüm awady.

Köňlüni gynaýan uly zat hakda,
Güwwüldäp-güwwüldäp sözleýän ýaly,
Maňa düşün, düşün diýýän mysaly,
Kiçelýärdi,
Ogşaýardy aýakdan.

Şonda synlap bir naýynjar sypatyn,
Ýürek bilen eşdip köňülde zaryn,
Deňiz däl-de,
Bu ümmülmez jandaryň
Köpürjikden dörän ýalyn sypadym.

Birden rahatlandy meniň bu raýat,
Agşam gelip,
Dökdi oňa pişmesin.
...Eger deňze gerek bolsa hemaýat,
Onda adam ogly näme işlesin?!

## *Sonet*

Deňiz gözýaş dökýär, deňiz aglaýar,
Üç gündür deňiziň hiç karary ýok
Deňiz aýralyga bagryn daglaýar,
Ol Aý ýaryn bagra basyp bilenok...

Üç gündür asmany çal bulut büräp
Deňziň bu halyna gülüp gözleýär
Üç gündür deňiziň bagryn paralap,
Onuň gözel Aý ýaryny gizleýär.

Deňiz-de ah urup diýýär: «Eý, şemal,
Şu çal buldy kow-da, rehim et jana!»
Deňiziň nalyşyn eşidip şol hal
Şemal çal buludy kowýar ummana.

Gözel Aý asmandan deňize düşýär,
Deňiz ýaryn bagra basyp, köşeşýär.

* * *

Ala gözli Maral gaýadan gaýtdy
Gün nuruna al öwüsdi alkymy.
Soňam esli salym ýaňlandy durdy,
Bir elhenç gümpüldi säher salkyny.

Bu goha çalaja tisginen owlak
Howlukmady, äwmän ýerinden turdy.
Soň jülgäň düýbüne — bir gara gorpa
Geň galyp, geň galyp garady durdy.

Birdenkä-de diriň-diriň bökjekläp,
Başlady ol bir günäsiz oýuna.
Özün goýup gaçan eňäň yzyndan
Bökdi keýp bilen jülgäň teýine...

## *Ýazlarym*

Durna, jümjümeli, älemgoşarly,
Ülkäme toý bolup gelen, ýazlarym,
Edepli-ekramly gunduz goşarly,
Bäs edişdiň gyzlar bilen, ýazlarym.

Çaga bolup, ýaýlalaňda oýnadym,
Ýigit çykyp, görmegiňden doýmadym.
Kämillikde Şygrystanda ýaýnadym,
Ýylda ussat bolup gelen, ýazlarym.

Diriliş sen, galkynyş sen, durmuş sen,
Guşa ganat, bize ylham bermiş sen,
Elwan köpri gelejege geçmişden,
Çyn aşyga döwran bolan, ýazlarym.

Göz aýladym bu gün ýakyn-daşlarym,
Begenjimden gök diredi başlarym.
Söýenim, sylanym, deňi-duşlarym,
Aman eken ilen-çalan, ýazlarym.

Sen bir jadygöý sen, giden bir many,
Özüň bilen ýazlaşdyrdyň ynsany,
Maňa il-günümiň şöhraty-şany
Nesip etsin seniň bilen, ýazlarym.

* * *

Guşlar bilen söhbet açdym
Men bakylyk barada.
Ine, şu ullakan zemin
Hemem şu asman arada.

Dostlaryma sarpa goýdum,
Elýetmez gyzlary söýdüm,
Baş ýalaňaç gezdim garda,
Ine, şu ullakan zemin
Hemem şu asman arada.

Ýok, gykuwlap däl-de, aglap
Geçeninde jiger daglap,
Düşündim men durnalara
Öz köňlümem ahy-zarda,
Ine, şu ullakan zemin
Hemem şu asman arada.

Her näme diýsegem, dostlar,
Göterilsin bu gün tostlar!
Çünki ýaşamaklyk hezil
Gan urýarka damarlarda,
Ine, şu ullakan zemin
Hemem şu asman arada.

Gussa batmak nämä derkar!
Şatlanmaga hakymyz bar.
Gam çekeris biz aňyrda,
Biz, entek diri ahyry
Ine, şu ullakan zemin
Hemem şu asman arada.

Ýöne ulurak bolalyň,
Uludan tälim alalyň,
Söz açsak näme barada,
Çünki, kiçi bolmak — günä
Ine, şu ullakan zemin
Hemem şu asman arada.

## *Iki agaç*

Agaç agaja bakar,
Arasyndan suw akar.
Akar üçin parhy ýok, —
Ikisinem deň ýakar.

Ikisi-de deň öser,
Başyn sypap ýel öser.
Daş-töwerek guwanar:
«Ösüşleri ne ýeser!»

Akar akar-da gider.
Baryp bir teşnä ýeter.
«Haýsy kenar gowy?» diýp,
Agaçlar pikir eder.

Örüsi ýaýrap gepiň,
Wagtyny alar köpüň,
Çep kenar saga zardyr,
Sagam zarydyr çepiň.

Olar miwe getirer,
Emma gamly oturar,
«Oň kenary gowy!» diýp,
Aglar, ömrün ötürer.

* * *

Guý, ýagyş! Eziber tallaň saçlaryn,
Geliber müň ýylky ýollaryň bile.
Ýöne dag daşlaryn alyp gaýtma,
Dag başynda ýatan silleriň bile.

Guý sen, ikiýana bulap baglary,
Böwri ýarylana dönsün bu asman.
Baglar buýmaz ýagşyň ýagany bile,
Ýagşyň döwen güli guramaz asla.

Nämüçindir özüm bilip bilemok.
Sen gökden ineňde batýaryn gama.
Bir dilegim, ýüregimde gat ýasan
Geçen günleň ýatlamasyn gozgama.

Ýada salma çagalygyň günlerin,
Döwür geçdi «ös, saçym, ös saçlykdan».
Ikibaşdan, gözün baglap enemiň,
Aýakýalaň, başy açyk daş çykman.

Sen tans oýna belent jaýlaň başynda,
Suw-sil et asfaltly daş-töweregmi,
Hemem ilkidurmuş päkligiň bile
Durla meniň bu şäherli ýüregmi.

Guý sen ýagyş! Güwläp-güwläp geçeňsoň,
Beýhuş eder biziň şäherli seri.
Şäheriň çetinde asfalt gutaryp,
Aňyrda sähranyň başlanýan ýeri.

Şäher tarapyndan gelýän binalaň
Sesin eşdip çigildem hem jümjüme,
Ýol berer «Ýollarňyz ak bolsun» diýip.
Bu beýik hem Adalatly hüjüme.

Häzir bolsa, guýuber sen joş bile,
Ýöne daşy düňdermesin silleriň.
Durlaber sen bu şäherli ýüregmi
Hemem jümjümäniň uzyn tellerin!

* * *

Göz aýla dört ýana — gül depe-düzüň!
Seretseň asmana, görünýar ýuzüň!

Ol bir özbaşyna elýetmez umman,
Göge daş oklasaň, döwüljek asman!

Şapak deý doglupdyr elwan gülälek.
Başyny egip dur, «ýol» diýýän ýalak!

Göge daş oklamak, ýolamok güli.
Olardan zyýan ýok, dogry-da weli!

Orýaryn ekenmi, oranmy iýýän,
Özüme edenli, gujurly diýýän.

Artyk bagt barmy — sähraňa barsaň,
Asmana seredip, ýüzüňi görseň!

* * *

Baharda gül ýagdy,
Gyşda garymyz.
Güýzde gussa batdyk durna geçende.
Biziň täleýlermiz,
Ykballarymyz
Aýlanyp dur dört pasylyň içinde.

Hiç zat täzelik däl ýeriň ýüzünde,
Täzelik däl baglaň şaggyldap durşy.
Täzelik däl çal asmanyň düzünde
Gaýdyp gelmek üçin
Durnalaň barşy.

Ýöne baglar maňa saýasyn gerdi,
Ynam gördüm ak durnalaň gözünde.
Düýn söýgülim menden ýüzün öwürdi —
Köne zat ýok eken ýeriň ýüzünde.

* * *

Neneň oňat!
Şol ýagyşlar ýagyp ýör,
Şol güller gülleýär, türkmen düzünde.
Şahyr söýgi setirlerin ýazyp ýör,
Senem ýaşap ýörsüň ýeriň ýüzünde!

Neneň oňat!
Bu säherde gussam ýok,
Güllerde damjalar — misli bir dürler.
Men saňa ýer-gögi peşgeş beremok,
Geçdi oňa ynanylýan döwürler.

Men diňe ýagyşmy, tupanmy, duman,
Parhy ýok, şadyýan, gussaly günde,
Minnetdar,
Minnetdar saňa sag-aman
Ýaşap ýöreniňe ýeriň ýüzüňde.

Güýz donun geýipdir türkmen düzleri,
Baglaram sypaýy — miwe bişende.
Barha az aýdylýar söýgi sözleri,
Barha köp oýlanýaň iňrik düşende.

Neneň oňat!
Täze güller açylsa,
Güle yhlas eden türkmen düzünde,
Hüwdi bolsa, çörek bolsa, gün bolsa,
Senem ýaşap ýörseň ýeriň ýüzünde.

* * *

Sähra ýyldyzlary öçdi bireýýäm,
Gyzaryp başlady baglaryň başy.
Guşlar göçdi meýlisinde bu dünýäň,
Jürküldä öwürip töwerek-daşy.

Bolmajysy boldy garagol serçe,
Torgoýam joş bilen asmana galdy.
Zeminiň söýgüsi sygmansoň içe,
Tebigat gürläýjek, gürläýjek boldy.

Köpden bäri ýüreginde gizlenen
Syryn giň jahana jar edýän kimin,
Öz guşlary, oty, şemaly bilen,
Öz ene dilinde gepledi zemin.

Ne bir hile bardy onuň sesinde,
Ne birne ýaranmak hyýaly bardy.
Geçmän kalbyndaky çyn höwesinden,
Ol diňe öz diýjek sözün diýýärdi.

Ol diňe esasy, uly zat hakda,
Bakylyk barada aýdýardy aýdym.
Şäherem tüsseläp örän uzakda,
Bärik — sähra tarap ädýärdi ädim.

Diýdim: «Men bir seniň bagyňda ýaprak
Aç, köpi görmedik batyl gözlerim.
Öwret maňa öz diliňi, eý toprak,
Aç syryňy ol elýetmez sözleriň!?»

Toprak jogap berýär: «Gögele oglan,
Kim sen? Neçün beýle hyýal gurýarsyň?
Sen öz büdür-südür mukamyň bilen,
Meniň owazymy bulaşdyrýarsyň».

Ahyry dolanýan öz tünegime,
Ýürek saz çalanok. Ýürekde joş ýok.
...Meňzäsim gelenok öňküligime,
Bu topraga bolsa, meňzäp bilemok.

* * *

Gäwersiň düzünde bahar şoh bolup,
Çygly otlar billeriňe ýetende,
Ýuwa, jümjümeler «Dadyp geç» diýip,
Seniň aýagyňa badak atanda,

Güller suwly okarasyn güjeňläp,
Galdyrap, buldurap bakanda size,
Suwuny içmersiň, emaýlyk bilen
Ony nurlar edip serpersiň ýüze.

Ine, şonda
Birden durlanar ganyň,
Ýadawlyk, oýlardan azat bolar ser.
Şäher şowsuzlygy,
Ýeňilişleri
Juda,
Juda,
Juda ownuk görüner.

Geçmişiň tozanyn silkip üstüňden,
Geljegňi sähranyň ýüzünden okap,
Ýagyş geçenden soň çyrmaşan ota
Ýatarsyň,
Ýatarsyň ýüzüňi oýkap.

Düşünersiň bu topraga, bu dünýä,
Şoň päkligi bilen senem borsuň päk.
Tämizlik,
Elýetmez gözelliginden
Başga onuň dynnym ýaly kemi ýok.

Ýazyp seniň maňlaýdaky gasynňy
Sähranyň üstünden öwsende ýeller,
Sen bu dünýä ýaňy inen mysaly,
Täzeçe ýaşasyň,
Söýesiň geler.

Bu sähra,
Bu uçmah bejerýär bizi,
Bizem söýgimizden berip aklygyn,
Bu ýaşyl ummana siňip gideliň
Hem bolalyň bir bölegi päkligiň!

## *Baharyň işi*

Bahar säher bilen başlady işe,
Ak süýt guýdy erikleriň üstüne.
Baldaklary gök reňke boýady,
Gülälekler al öwüsdi dessine.

Ellerinden dür dökülýän baharyň,
Nepesi durlady çygly howany.
Soňra syryp gök ýüzünden buludy,
Mawy reňke boýap çykdy asmany.

Mawy gözlem şu asmanyň aşygy,
Şoň reňkinden akyl-huşum göçendir.
Belki, martda sallançakda ýatyrkam
Gökden daman iki mawy damjajyk
Gelip meniň gözlerime gaçandyr.

* * *

Asmanyň manysyn, dünýäniň syryn
Durnalaryň setirinde okaýan.
Ýetmiş ýyllap aýra düşen mysaly,
Çygly ota kükregimi oýkaýan.

Bag astynda göge garap ýatyryn,
Düşek edip ýaş maýsaly topragy.
Barmaga gök ýuwa sarap ýatyryn
Men — dünýäniň daragtynyň ýapragy.

Unudýan özümi. Unudýan bada.
Ýaşyl tebigata siňýän-de gidýän.
Baky tebigatda,
Baky dünýäde,
Özümi gül, toprak, maýsadyr öýdýän.

Juda ir höwrükdim ýaşyl baglara,
Sähranyň üstünden öwsen şat ýele.
Şoň üçinem gussa batan çaglarym
Keselmi bejerýän tebigat bile.

Garylýan dünýäniň baky sazyna,
Deňiz bolup güwwüldeýän, güňleýän.
Goşulyp baldaklaň ýaş owazyna
Hiç wagt kesellämok,
Hiç wagt ölmeýän.

Adam ölüm diýip tapypdyr bir zat,
Ölüm näme?
Tebigata garylmak,
Bahara gül bolup getirmek şöhrat
Daň-säherler pyntyk bolup ýarylmak.

Dostlar näme,
Giden günüň atlarlar,
Birnäçe gün seni ýatlar-köýerler.
Çyn ýürekden köňüllerin daglarlar
Soňra?
Soňra aglamasyn goýarlar.

Ýöne ýyllar geçip, üýşüp deň-duşlar
Gök otuň üstünden basanda gadam
Otlar olaň aýagyna çyrmaşar,
«Saklan! — diýýän ýaly — mähriban adam.

Keýpiňiz neneňsi? Barmydyr bir tap?
Gezip ýörmüsiňiz başlaryňyz jem?!»
Emma şol otlaryň ýüzüne garap,
Mendigimi bilmez olaň birisem...

## *Güýz bilen söhbet*

Syr alyp syr berişýän
Söwer dostuma meňzäp,
Kakdyň ýene gapymy,
Meniň paýhasly güýzüm.
Ýene duýgy köňülde
Oýandy müňzäp-müňzäp,
Duýgulaň agramyndan
Epilip barýar dyzym.

Güýzüm! Güýzüm! Sen edep,
Sen bir nusga, sen many,
Açýan seniň öňüňde
Syrlarymyň baryny.
Sen dumanly topragyň
Hem çal siňen asmanyň
Bile meniň köňlüme
Saçýaň paýhas nuruny.

Düşünýärsiň: güýz pasly
Ahyret däl, öçmek däl,
Sowap barýar asmanda,
Ýogsa, hanha sary Gün
Güýz diýen — sahylykdan,
Nur eçilmekden nyşan,
Biziň mydam sahylyga,
Nura mätäç jahanda.

Düşünýärsiň: şöhrätsyz,
Ýörenlere şan-şöhrat,
Atsyzlara oňat at,
Tapsyzlara tap berseň,
Maksatsyzlara maksat,
Myratsyzlara myrat,
Köňülleri körlere
Bir dana kitap berseň.

Seljerseň görip meýin
Dosty-ýaryň meýinden,
Ynsap, hakykat bolsa
Ähli baýlygyň — malyň
Sözler birden ýarylsa
Ýürekleriň teýinden,
Güýzän güýz ternelerniň
Täsin ýarylşy ýaly.

Güýzüm! Çigrek gijeleň,
Şemal şuwlap geçende,
Birden düşýär ýadyma
Neresse dosty-ýarlam.
Gör, olaň näçesi ýok
Az salymyň içinde?!
Şoň üçin gadryn bilýän
Şindi jahanda barlaň.

Törpüle sen duýgymy,
Goý, inçelsin — men kaýyl.
Bolsun ýakynyň-ýadyň
Agysyna dözümsiz,
Seniň görküňe maýyl,
Seniň erkiňe maýyl
Günlem, şatlykdan ýaňa
Goý, üzülse üzülsin.

Ýapraklaryň basgylap,
Ýuwaş ädimläp barýan,
Şuwwuldaýar gam bolup,
Çigrek şemal şahada,
Güýz diýen sahylykdan,
Nur eçilmekden nyşan,
Biziň mydam sahylyga
Nura mätäç jahanda.

## *Durnalar*

Birden gök asmana dikildi gözüm.
Ah, ol görnüş! Gözüm nämeler görýär.
Gül düzüň üstünden düzümde-düzüm,
Göwnüňi göterip, durnalar barýar,
Her ýyl syn edýärin men bu görnüşe,
Her ýyl gözlem şu görnüşden doýmaýar.
Durna geçýär... misli adam durmuşy.
Durna geçýär... geçmesini goýmaýar.
...Adamlara hiç etmändim erbedi,
Ýagşylygy bolsa az etdim juda.
Köçede maksatsyz entäp ebedi,
Tekepbirdim. Düşdüm dostlamdan jyda.
Hiç kim maňa erbet adam diýmedi.
Ýöne ýagşam diýmediler, elbetde.
Şeýle agyr jeza meni gynady.
Şeýle jeza goýdy meni ezýetde.
Köp ýalňyşdym. Bu ümmülmez dünýäni,
Kitap däl-de, ýalňyş bilen öwrendim
Durnalar!
Durnalar!
Ine, şuň ýaly
Ýollar bilen sizi garşylan mendim.
Öňem uçupsyňyz hatarma-hatar,
Ýene uçarsyňyz uzakdan-uzak.
Ýöne bir gün meňem ahyrym ýeter,
Bir gün ajal gurar ömrüme duzak.
Oňat bilýän, menden soňam aýlanyp
Geçersiňiz. Şu akym bir durmasyn.

Ine, şu ynanja mäkäm baglanyp,
Kükregimde ýürek goýar urmasyn.
Ýöne az ýalňyşsyn menden soňkular,
Ýöne durmuş gara günler görmesin.
Durna geler!
Durna gider!
Durna ger!
Il daş çykyp garşy alar durnasyn!
...Her ýyl syn edýärin men bu görnüşe,
Her ýyl gözlem şu görnüşden doýmaýar.
Durna geçýär... misli adam durmuşy,
Durna geçýär... geçmesini goýmaýar.

## *Güýz peýzažy*

Şeýle bir çuň güýz gününiň peýzažy,
Bu görnüşi diňe dana okýandyr.
Küteldipdir günüň tylla tyglaryn
Üçünji ongünlüginde oktýabr.

Baryp gözýetimiň sütünne çenli,
Sähra sary donun bürenip ýatyr.
Baglar ýere gaçýan ýapraklarynyň
Yzyndan ses-üýnsüz seredip otyr.

Penjireden düşýän solgun yşyga
Yhlas bilen elleriňi çoýýarsyň.
Bu gün köňüldäki şatlyk-gussany
Sen öňküden has çuňurak duýýarsyň.

Sag bol, güýzüm, näzik duýgulaň üçin,
Açdyň ýürekdäki syrlary bize.
Ýazdyň köňüllere belent aýdymy
Aglap geçen durnaň perleri bile.

...Tebigat toý tutdy baharda-ýazda,
Meýlisinde näz-nygmatyn eçilip,
Indem sary ýapraklaryn manat deý
Otyr toýuň hasabyndan geçirip...

## *Güýz gijesi*

Ýakanok köňüle güýzüň şemaly,
Noýabr gyş geljegini buşlady.
Ikindin kölgeleň uzaýşy ýaly,
Ýene-de gijeler uzap başlady.

Kelläňi sokmaga tapaňok deşik.
Nädip geçirmeli soňsuz gijäni.
Ýa keýwanyň bilen süýji gürleşip,
Sanap çykmalymy güýzde jüýjäni.

Ne gapyň kakylýar, ne-de penjiräň,
Howadanam beter ýüzüň gamaşýar.
Şeýle günler, meniň çakyma görä,
Sen birine, birem saňa garaşýar.

Otuz üç ýaş köňle müň gussa salar
Daşarda çygly ýel gitdikçe güýjär.
Bu şeýle bolupdyr. Şeýle-de bolar:
Günleriň gysgalyp,
Uzalýar gijäň.

## *Durna*

Ak asmanyň giňligin,
Güýzüň reňkin halaýan.
Ömrümiň her ýylyny,
Durna bilen sanaýan.

Boýun egip dünýäde
Höküm sürýän şol kada,
Gykuwlaşyp durnalar
Geçip gider Ýefrata.

Gözi bilen gulaçlap,
Bu Watany, bu çöli.
Geçip gider durnalar —
Bu ömrümiň bir ýyly.

Wah, uzakdyr, howpludyr,
Hatarlydyr bu ýollar.
Okdan ölen bir durna
Agyr hatardan galar.

Gyş geçip, ýazym geler,
Durnadyr gazym geler,
Geçen ýylymyň ýerne,
Gelmez atylan durna.

Ýüregimiň gussasyn,
Ýüregimiň azaryn
Jemläp, hiç wagt gelmejek
Durna üçin aglaryn...

* * *

Söýýän güýz paslyny,
Sarylygyny.
Göwnüme hoş ýakýar onuň pes päli.
Ölüm bilen ömrüň aralygyny
Ölçemeli ýaprak şahada häli.

Ýöne, ine,
Sowuk şemal öwüser,
Şonda birden şahasyndan täner ol.
Ol howada böker, oýnar, towusar,
Kepderi deý gökde agyp-döner ol.

Edil gara ýere ýetdim-ýetdimde,
Birden ýene galar gider asmana.
Garagol çaga deý durmaz hetdinde
Ajalyň öňünde gelmez amana.

Ajalyny almaýan dek boýnuna
Ol keçjallyk bilen oýn eder ýeser.
Geňler galyp onuň täsin oýnuna
Gyşam birazajyk yzyna teser.

## *Aýralyk pasly*

Ýaprak bagdan gaçmasa,
Güýzüň görki näm bolsun?!
Otlaň reňki öçmese,
Güýzüň görki näm bolsun?!

Gün tukat nur seçmese,
Ýere duman düşmese,
Gazlar aglap geçmese,
Güýzüň görki näm bolsun?!

Köne oýlar dömmese.
Toprak agras dymmasa,
Bu aýralyk bolmasa,
Güýzüň görki näm bolsun?!

## *Gorky*

Oba çagyrsalar, ýitirýän özüm.
Diýýärin aljyrap: «Bararyn hökman.»
Soň çilimmi otlap, ýumýaryn gözüm.
Çozýar ýok pikirler üstüme bakan.

...Ine tämiz geýnip, bararsyň bärden.
Tanyşdyr adamlar, gezilen ýerler.
(Ýeri, ýazmak kärin tapdyň sen nirden?
Näme diýerkäler? Näme diýerler?!)

Hana, hol gapdalda bir ýigit otyr,
Şondan gorkup, özüm alyp bilemok.
Törde çaý süzüşip gojalar ýatyr,
Olar hakynda-ha gürrüňimem ýok.

Ine, birden obaň garry, jahyly
Söhbet gurar gazet, goşgy barada.
«How, Eziziň ogly, goşgyň nähili?
Ýeňillig-ä ýokdy biziň obada.

Agraslyk süýdüni ilki emeňde,
Sen emipdiň päk süýdüni hak sözüň,
Oglum, oňarsaň-a ilki çenenme,
Çenendiňmi, boş geçmesin oklaryň.»

Diňläp, ýere girmän otyrsyň zordan.
Wah, basymrak ýarylmazam gara ýer.
(Ýeri, ýazmak kärin tapdyň sen nirden?
Näme diýerkäler? Näme diýerler?!)

Ýeri, hol, agzyndan süýt ysy aňkap
Duran garagolam gyrpyp gözlerin.
Diýer: «Goşgy ýazmak bolupdyr aňsat,
Şeýle goşgular-a menem ýazaryn.

Bulaň göterýäni dünýäniň derdi,
Melul bolup ýörler gülleň ysyna.»
Wah, bir özi bolsa gapam diýerdim,
Meň başyma oňky näme diýsene!

..Oba çagyrsalar, gideýin nädip?!
Men misli söweşden eýmenýän soldat.
Yza iki ädip, öňe bir ädip,
Ahyr ýola düşýän, ýüzümi sallap.

Öz-özümi iýmän saklanýan zordan,
Hakydamda bolsa şol eýmenç sözler:
— Ýeri, ýazmak kärin tapdyň sen nirden
Näme diýerkäler? Näme diýerler?

## *Bäşim nuraly*

Söýýän Bäşim Nuralynyň işlerin..
Söýýän sadalygyn.
Ýönekeýligin.
Ine, sähra gyzlarynyň döşleri
Ýaryp barýar gül keteni köýnegin.

Ine, çopan goşy.
Ine-de, bagşy
Ýüzün göge tutup, zowladyp otyr.
Tamdyrda nan bişýär, ýagşydan ýagşy,
Gapdalda ak köpek meýmiräp ýatyr.

Göze dürbi dakyp, ediberiň syn:
Adamlaň ýüzleri,
Tamdyrdaky ot,
Şeýle bir, şeýle bir ýürege ýakyn,
Nädip aýtjagyňam bilip bolanok.

Ýöne söýüp, ogşap dury asmany,
Biz bilen bir ýurtda alyp ýörkä dem,
Barka aramyzda çyn Pirosmani,
Bu zatlary duýmandyk biz sähelem.

Gaýta, hondan bäri, akyllysyrap,
Onuň täsinligne gülýärdik çala.
Ol bolsa, elmydam ot deý syçyrap,
Gümra bolup ýördi öz işi bile.

Ýyllar geçip barýar
ulgam-da-
ulgam.
Örän täsin seçip ejizdir merdi.
Bu kesel adama öňden ýolugan:
Dirikä adama düşmezlik derdi.
Adam ýaşap, ýanyp berilen ýyllar.
Öçensoň şöhlesi ýetýärmi bize?
Eýsem, subut etmelimi geniler,
Geniligin bir-täk ölümi bile?!

## *Mukamlar başy*

*Mylly aganyň röwşen ýadygärligine.*

Ahyr,
iňrik garalanda,
ýagyş ýagmasyn goýdy.
Gije örän mylaýymdy.
Tümlük diýseň goýudy.
Aý-güni dolup düşüpdir ýapraklary
şahalaň.
Gije — şäher gijesidi, ol durşuna
şagalaň
Ol durşuna durmuş bilen gaýnaýardy,
joşýardy.
Näçe ýyldyz dogýardy.
Näçe ýyldyz ýaşýardy.
Biri şygyr düzýärdi,
Ýene biri — hoş mukam.
Göripler özün iýýärdi. «Men boşmukam?
Boşmukam?»
Ine, şeýle gözel gije
gezim edeýin birdem
Diýip, köçä çykypdym.
Barýaryn.
Ine birden,
Birden,
nirden
bilemok, jadymy ýa düýşmükän
Ýaňlandy birbada pessaý,
soňra batly hoş mukam.
Saz kä beýnä urýardy,
Kä ýürege eňýärdi.
Pyragyny ýada salýan parasatly heň bardy.
Bethoweniň hyjuwyny siňdiripdir heňe
ol.
Emma men derrew tanadym — bu diňe ol,
diňe ol!

Dutaryň her perdesi diýdi
misli bir saky:
«Adamlar, durmuş gözeldir!
Ýaşaýyş — baky!»
Entek oňat duýgy bilen,
paýhas bilen birbada,
Bet pygyllar,
hapa işler ýaşaýarka dünýäde,
Şu saz bilen getirerin erbetligi amana,
Şu saz bilen ynanaryn
Adamlara, Zamana.
Özümiň ejiz damarym şu saz bilen üzerin,
Özümi tar edip mydam
men şu saza düzerin.
Goý, kafede kofe içip,
jaza uýun ýaňralar,
Emma şu saz meň
ruhumda ömrüm boýy ýaňlanar.
Goý, durmuş maňa kyn günler
agyr ýollar eçilsin.
Durmuşy kynlygy üçin doly ykrar ederin.
Günleň biri
bir adama şu saz bolup kömek bersem,
Mylly agaň beýikligin bir basgançak
beýgelderin.

## *Talantlar*

Her kim öz ugruna talantdyr,
talant!
Bu dünýede talantlary gözledim.
Ähli ýalançydan edýärin talap —
Goý, olar talantly ýalan sözlesin.

Balerina sahna çykyp, galdyrap.
Ölýän guw ömrüni aýaklanynda.
Men oňa diýýärin talant sen,
talant!
Güller bitsin näzik... aýaklaryňa.

Talantly dörjeläň ýeriň gursagyn,
Talantly göterliň Wenera tarap.
Eger erbetlige hyýal gursaňyz,
Biliň, şol üçinem gerekdir talant.

Talantly ýumuryň betpygyllary,
Goý, olar müdimi kül-owram bolsun.
Eger şahyr gelse, oň şygyrlary
Edil bahar ýaly talantly gelsin.

Köpler köpri gurup özün tanatdyr.
Köpler köpri ýumrup özün tanatdyr.
Birisi guryany üçin talantdyr.
Biri ýumuryany üçin talantdyr.

Talantly ýat bekläň görenlerňizi,
Şeýtseň bir däl, on gözýetim
aşarsyň.
Talant bilen söýüň gözellermizi —
Goý, olaryň bagtdan gözi ýaşarsyn!

Sen öýdemi, ha aşýaňmy belentden,
Unudaýma — talant belent talapdyr.
Hakyky talantmy? Hapa talantmy?
Ine, şuny bilmek beýik talantdyr.

## *Närazylyk*

Ýaz!
Kelläň telegraf sütüni bolup
güňlesin,
ýazmakdan gurasyn goluň.
Agşam ýazan oňat setirlerňizden
Säherler oýanyp närazy boluň.

Siziň kalbyňyzy durşuna gaplan
Gazaply kazy deý närazylyklaň
Basyrmaň üstüni,
Diňläň olary.
Oňat pygly üçin raýyny ýykmaň.

Närazylyk — örän oňat duýgudyr,
Ýöne bu duýgyny gazanmak kyndyr.
Ol — uly şahyryň böwründe hanjar,
Ejizleriň hanjarynyň gynydyr.

Ýaz!
Ýazmakdan ýaňa gurasyn goluň.
Gijäň köpi geçip, galypdyr azy,
Sen özüňden näçe närazy bolsaň,
Il senden şonça-da razydyr, razy.

## *Jedeller*

Hany geçen günleň gyzgyn jedeli,
Geçen günleň gyzgyn hyjuwy hany?
Neçün beýle boldy — aýan edeli,
Eýýämden öçäýmek ir dälmi, Halyl?!

Suwsuz degirmendir — jedelsiz
şahyr.
Böwrüň diňläp, şahyr bolaýmaklyk
kyn.
Biz gijeler goşgy ýazardyk ahyr,
Erte bir söz üste sögüşmek üçin.

Goý, «şahyrlaň güni jenjeldir
dawa» —
Diýip, dodak çöwrübersin gedemler.
Bizi şahyr eden jedeller dälmi?
Halyl, bizi şahyr eden jedeller!

Ýogsa, nämüçindir, sansyz alada,
Sansyz hysyrdylar içinde häli,
Goşgy galýar edil orta arada,
On bäşinji derejeli zat ýaly.

Düzdeçilik nirde, durmuş nirede.
Şeýdip gün tertipli öýdeçi bolýas.
Ümsümlik gözleýäs diwar arada,
Goşgularmyz çykan gazeti alýas.

Şeýdip ötýär ömrümiziň durnasy,
Ýaňlandyryp çüýşe ýaly belendi.
Jedelden daş öýdeçiniň durmuşy
Goşgymyzy sowatmaklyk bilendir.

Entek ýaşamaly biz ýana-ýana,
Entek bedenler ter, beýniler-de ter.
Jedelde söweşsek, almarys ýara, —
Diňe goşgymyzyň ýarasy biter.

## *Ýeke setir*

Bütin ömrüň ýazyp gije we gündiz,
Gözüň ýummazdan öň galyp tirsegňe:
«Herhal, bulut bolup ýagman geçmedim.
Damar bir setirim dünýäň gursagna».

Diýersiň-de, gözleriňi ýumarsyň,
Sende ahmyr bolmaz, ökünjem bolmaz.
Ýagty dünýä goýan birje setiriň
Beren sütemini hiç kimse bilmez.

Diňe müňläp setir okalan gündiz
Hem gijeleň ýagty çyragy biler.
Saady, Gomer biler, Rudaky, Puşkin,
Tolstoý, Lermontow, Pyragy biler.

Ýöne müňläp setirleri külterläp,
Birini goýmazlyk — köýmekdir, köýmek.
Bu dünýäde iň eşretli sütemdir,
Million setir okap, bir setir goýmak.

## *1841-nji ýyl, Lermontow dueliň öň ýanynda*

Sen nirde, Russiýa!
Tur, aýaga gal!
Ähli lellimligiň zynjyryny gyr.
Indi seniň hiç wagt dogmajak ogluň
Dur ajal okunyň öňünde häzir.

Üç däl,
Sekiz at goş çaman paýtunňa,
Bol çaltrak, howp astynda aşygyň.
Indi gel-gel, ölen ýüregi bilen
Aşyk söýmelimi garly Maşugyn.

Rehmiň gelsin perzendiňe, Russiýa,
Onuň murty ýaňja tabady ahyr.
Ol seniň namysyň, wyždanyň üçin,
Duşmanlarňy burça gabady ahyr.

Ýetiş sen, ärleriň beýik ülkesi,
Ähli Pugaçýowyň, Raziniň bilen.
Kak sen dekabristleň mazar gapysyn
Senat meýdanyna çyksynlar olar.

Benkendorf däl-de,
Puşkinler bile
Adat boldy Russiýany soramak.
Ýöne neçün ýetişeňok, Russiýa?
Kyn düşýärmi şahyryňy goramak?!

Ýüregiňden çykan ýalkymly sözleň
Zarbyndan titredi patyşaň tagty.
Neneň gymmat düşdi
Bütin Ýewropaň
Seniň kuwwatyňa ynanjak wagty.

Ine, ine, kawalergard Martynow
Gysyp barýar pistoletiň gulagyn.
Nyşanasy diňe Lermontowam däl,
Nyşanasy seň ýaraly ýüregiň.

Ýok, öňräk gunduz garyň üstünde
Dantesem Puşkini atmandy diňe,
Ol Puşkiniň çep gursagna bakýarka,
Seniň çep gursagňa bakýardy siňe.

Ine, bu gün ak Maşugyň öňünde
Ýene çenäp durlar çep gursagňa ok.
Sem nämüçin ýetişeňok, Russiýa?
Kyn düşýärmi şahyrlarňy goramak?

## *Dantes*

Hawa,
Dantes baky ýaşar dünýäde,
Entek ýaşaýarka Puşkiniň ady.
Öwrenerler onuň terjimehalyn,
Öçmez ýüreklerde ahmyryň ody!

Gözi düşse,
Itiň gözi agarar,
Onuň ykbalyna,
Onuň halyna.
Baky sürgün etdi Dantesi Puşkin
Ýigrenjiň müdimi sowuk iline.

Şeýleräkdir genileriň permany, —
Olar şum adamy ýok güne salar.
Bulam bir sapakdyr Puşkinden bize:
Dantesler ölenok.
Ýaşaýar olar!

## *Musa Jelile*

Eger öňde-soňda
hakyky şahyr
kim? — diýseler, adyň tutardym welin,
Sen şeýle ýönekeý
Hem kiçigöwün, —
Bilýän, öwgim saňa ýaramaz, Jelil.
Her näme-de bolsa,
seni soraglap,
Ýüregim kükregme urdy müň gezek.
Jelil,
Bu hak sözüm, —
sen beýik adam,
Maňa seniň bilen gürleşmek gerek.

Ine, ähli jübim goşgudan doly,
Alyp geldim baryn seniň suduňa
Oňat bilýän,
ýylylyk az olarda,
Çünki men ýanmadym ýanan oduňa.

Goý, ol şu gün bolsun, ýa bolsun erte,
Eger il göwnüne ýakmasa şygyr.
Mende
Seni beýik eden duýgynyň
Müňden bir bölegniň bolmadygydyr.

Seniň beýikligiň sebäbi näme?
Neçün ajal senden gelipdir ejiz?
Çünki sen diňe bir goşgular ýazman,
Ýazylan goşgyny goradyň, Jelil!

Eger dünýäň bar şahyry jem bolsa,
Sarsdyrdy sesleri ümmülmez Ýeri.
Ýöne içlerinde Ajalyň gözne
Bakyp, goşgy ýazjak känmikä beri?!

Maňa
Seniň bilen gürleşmek gerek,
Dökmek gerek
ýüregimiň posuny
Şahyrlar
bireýýäm rowaýat bordy,
Seniň kimin goran bolsa postuny.

Ýürek ýeke zatdan teselli tapýar:
Eger sen ruhumda ýaşasaň,
Hergiz
Seň geçen ýoluňy, pikire batman,
Gysgaltman geçmäge taýyn men, Jelil.

Eger mümkin bolsa,
Ýaryp kükregmi,
Ýüregmi gursagňa salardym bada.
Çünki,
Ýazmak üçin iki adam hakly
bolsa, birinjisi sensiň düňýäde...

## *Şahyra hat*

*Kerim Gurbannepesowa bagyşlaýaryn.*

Mahal-mahal duşamyzda ikiçäk,
Diýerdik akylly gürlemä derek:
«Şu günler hat ýazyşybam bilemzok,
Hat ýazyşmak üçin daşlaşmak gerek».

Ine, ikimiziň diýenmiz geldi,
Men obada. Senem galdyň şäherde.
Obanyň durmuşy özüňe belli,
Horazlaň sesine örýäň säherde.

Ir ördüm diýýärsiň sen ilkibada.
Emma gapa çyksaň, şo bada duýýaň, —
Garry mamaň düşüp ýörendir oda,
Sygyram sagandyr, süýdüňem taýýar.

Ýok, men birden ýapyşmadym galama.
Ýogsa, saňa sözüm kändi diýere.
Bir wagtky belent-belent galalar
Ýagyş-ýagmyr bilen siňipdir ýere.

Obaň tebigatam adamsy deýin,
Asuda, parahat, äwmezek örän.
(Gelnejem bilmesin, bir zat diýeýin:
Edaly gyzlar bar — elheder aman!)

Bärde kiç-ä ini, uly-da aga,
Daýhan gylygynyň mähiri yssy.
Uçguryny daňyp bilmeýän çaga,
Sümügini çekip diýýär: «Dlasti!»

Hydyr ataň gözi düşen sährada,
Myhmanlyga çagyrylyp barlanok.
Bu ýerde adamlar şeýle bir sada, —
Bu ýerde kän ýüz görülip durlanok.

Birdenkä duýýarsyň ýüregiň bilen,
Unudyp sylagy, hormat, şöhrady
Şäher köçesinde gezip ýörkäň sen
Ýitirýär ekeniň uly bir zady —

Olam ýönekeýlik — unudýar seni,
Unudýar iň zerur, gerek ýerinde.
Sözlermiz elmydam belent ekeni,
Olaryň ýönekeý döwürlerinde.

Bu şygyr sungaty, mälimdir saňa,
Syrat köprüsi dek hatarly ýoldur.
Saçym agarmandyr hesretden ýaňa,
Bagtdan ýaňa-da agaran däldir.

Ak kagyz ýüzüni, toprak deý sürseň,
Soňra tohum sepseň, gögäri ýaly.
Hem obada, hemem şäherde ýörseň,
Iki agaň hyzmatçysy mysaly!

Bilbil bagy söýýär, bag ýeri söýýär,
Meň diýjegim welin, ynan, tobam däl,
Wah, ýene ýüregim şäher küýseýär,
Ýogsa, men ýaşardym eziz obamda. —

Ýaşardym şäheriň şowhunyn taşlap,
Gyzlaň lälesiniň sesýetiminde,
Asfalta berimsiz düzünden başlap,
Onuň Güne ýakyn gözýetiminde.

Asmanyň düýbüniň bolmaýşy ýaly,
Serhet ýok, menzil ýok adam meýline.
Şäherden gaçmak däl meniň hyýalym,
Hyýalym elmydam ýönekeýlige.

Şygyr ýazsaň, saralyplar solmasa,
Mydam toprak bilen dem alsa ýürek.
Ýagşylyk edilse — muzzy bolmasa, —
Şundan oňat durmuş nämäme gerek.

...Ümsümlik ýadadýar bolanda aşa,
Şonda iş edenden, beterräk arýaň.
Häzirlikçe, sag bol! Saglykda ýaşa!
Säherde horazlaň sesine örýän.

## *Omar Haýýama*

I

Eý, sen, Omar Haýýam, eý, beýik lukman.
Neçün beýle bolýar, eýle sen aýan,
Saňa şerap içip meňzäp bilmedim,
Hasam meňzemedim al şerap içmän.

II

Haýyr işiň zary, şer işiň zary,
Uruş, parahatlyk, un bilen däri,
Sygyp otyr seniň ömür depderňe,
Haýran galaýmaly, şularyň bary?

III

Asmanda ýaldyrap doganda ülker,
Şerap deý al öwsüp, daň başyn silker.
Şonda şägirtleriň şol al şerapdan
Bir käse içer-de, ýerinden galkar!

## *Omar Haýýam*

Ertekimi, rowaýatmy bilemok,
Bir wakany gürrüň berjek, ýaranlar.
Kemine, Nowaýy, Firdöwsi, Haýýam
Neşirýatyň kassasyna baranlar.

«Şygrymyzyň muzdy näçeräk borka?
Köpüräk bolaýsa, etmezdi zyýan.»
Geniler öz ýandan için gepleden,
Guranmyşyn hersi bir süýji hyýal.

Ýalňyşmandyr çokga sakgal Firdöwsi,
Alan gonorary geçipdir çakdan.
Haýýama göz gypyp, gyzyl ýüzlükden.
Goja goşa torbasyny dolduran.

Bary-ýogy üç rubagy çap eden,
Haýýam näçe alarkam diýp çaklaýar.
Ahyr pulun alyp, şaýlanýar ýola,
Ýollar bolsa, meýhanada saklanýar.

Meýhana gyzypdyr tamdyr mysaly.
Çekipdir özüne adam ählini.
Ýerden, suwdan, günden dörän şerapdan
Haýýam gandyrypdyr teşne mährini.

Al şerapdan berhiz tutýar Firdöwsi,
Bir tümenem karz bermedi pahyr.
«Zyýany ýok, men şeýle bir ýazaryn,
Menem şahyr ahyr, ullakan şahyr.

Ýene wasp ederin gyzyl şeraby,
Kitaba salaryn uly döwrümi.
Onsoňam bir oňa seredip görüň.
«Şanama» üç esse bolar göwrümi.»

Soňky käsä ýetmän galan puluny
Jübä salyp, Haýýam gaýdan öýüne.
Hem ýazyp başlapdyr, ýazyp başlapdyr,
Şöhrat aýdyp ýeriň gyzyl meýine.

Daň sazyna çenli ýazypdyr Haýýam,
Daňam saz berende, batypdyr uka.
Birhaýukdan turup, okan ýazanny
Hem diýen: «Eý hudaý, näm boldugyka?»

Uzyn gije ýazan ýüzlerçe bendin
Haýýam terslin-oňlyn edenden soň syn,
Näçe köpeltjegem bolsa, paşmandyr,
Dört setir tapanmyş rubagy üçin.

* * *

*Gyzlarym Ýazgül bilen Arzygüle.*

Iki gyzym iki ýerden
Goýýar meni uly derde.
Stol, kagyz, galam, çaýym
Barysy bireýýäm taýyn,
Goşgy barýar, ýöne yzyn
Ýazdyranok iki gyzym.
Meň gapymy biri açýar,
Beýlekisi ýapyp gaçýar.
Bakman ýazan zatlaryma,
Oýun düşýär ýatlaryna.
Gazaba münýän-de ine,
Düşýärin men ökjelerine.
Gülýär, bökýär, göçýär olar.
Gaçýar, gaçýar, gaçýar olar.

Diýýärin: «Depäme çykmaň,
Soň geläýiň, içim ýakmaň!»
Emma ýene ses eşdilýer,
Mylaýymyň mylaýymy:
«Kaka indi geläýinmi?»

Gygyrýan: «Gulagňyz kermi,
Bar işim boldy biderek!»
...Mendenem bir şahyr bormy?
Häzir goşgy nämä gerek!

## *Magtymguly*

*Bäş ýylda bir kitap eden işimiz*
*Gyzylbaşlar gelip weýran eýledi.*

Etrek etrapyna çozan duşmanyň
Içinden tapylyp akylly nöker,
Şahyryň bäş ýylda ýazan diwanyn
Ýüzbaşydan gizlän bolaýsa eger,

Eger olja oňup, dolanyp öýe,
Nöker hat ýollaýsa külli türkmene:
«Men, adamlar, täsin kitaba eýe,
Äkidiň dözseňiz şunça kyrk müňe...»

Şonda kyrk müň iner kerweni döräp,
Ileri tarapa öwirdi ýüzün.
Kyrk müň gyr at uçgun kimin syçyrap,
Sarsdyrdy Turanyň al-elwan düzün.

Jeýhun bilen Bahry-Hazar arasy.
Ähli baýlygyny kyrk müňe jemläp,
Şol oňat nökeriň diýen parasyn
Işigniň öňüne dökerdi — emläk.

Deregne baý bordy kyrk esse beter,
Güýjünden kyrk esse gaçardy betpäl.
Türkmen hiç duşmandan etmezdi heder,
Hyrçyny dişlärdi ahmyrly Fettah.

Onsoň ýerden galkyp ähli Çingiz han,
Sürübersin türkmen üste ordasyn,
Şeýle bir oýuny görerdi duşman,
Çingiz han nirdesiň!
Orda nirdesiň!

## *Gündogar şygry*

Ýaş şahada ýaşyl şemal şuwlady,
Açyp gitdi pyntyklaryň agzyny.
Ýüzün göge tutup, şagal uwlady,
Göýä Aýa aýdýan ýaly arzyny.

Aý şöhlesi düşüp kanal üstüne.
Oň ýüzünde tylla haly dokady
Gyz Aziýaň asmanynyň astynda,
Gündogar şahyryň şygryn okady.

Şu asman astynda, şu Aý yşgynda,
Şol gadym zamanda düzülen dessan,
Ýüz tapman şalaryň altyn köşgünde,
Ugrapdy garyplaň köňlüne bakan.

Hiç bir zat köne däl, köne dünýäde,
Eger bolsa uly iliň yhlasy.
Köne — täzäň undulmasy şobada,
Täze diýmek — gadymlaryň mirasy.

Şoň üçinem eger dursa şu asman,
Şu Aý şöhle saçyp dursa her haçan,
Daň ýyldyzy kimin dogup her daňdan,
Gündogar şygyry dünýä nur saçar.

Biz geçeris. Bizden soňam geliner
Şonda gyz ýüz tutup asmana bakan,
Bakylyga öýkünilip ýazylan
Gündogaryň ajap şygryny okar!

## *Ýazylmadyk şygyrlar*

Käte ownuk aladalar gurşaýar,
Käte boş söhbetde gözi güldürýäs,
Şonda, özümizem bilmän, ýürekde
Ýazylmaly şygyrlary öldürýäs.

Jezasy bar bu edilýän günäleň,
Ol bu gün däl, biraz soňra bildirer.
Bizi, öňde-soňda, ýürekden dömüp,
Ýazylmadyk şygyrlarmyz öldürer.

## *Poeziýa*

Ursa — ýykýar. Ýykylany galdyrýar.
Teşneleri teşnelikden gandyrýar.
Oň üçin serhet ýok. Erkin ogul ol.
Ol ähli serhedi ýel bolup pozýa —
Ýürek — aňyň nikasyndan dogulan
Onuň Alyhezretleri Poeziýa!

Bir seretseň — söýgiň başky namasy,
Bir seretseň — halkyň ary-namysy,
Ol kuwwatly. Işlemekden armaýar.
Ganym duşsa, ýürek-bagryny ezýä.
Ýöne
Käwagtlar sessiz aglaýar
Onuň Alyhezretleri Poeziýa.

Oň hasaby uly. Uly geljegi.
Oň derdini hiç kes göterip bilmez.
Eger güýçlüligiň birlik ölçegi
Poeziýa diýsek, ýalňyşlyk bolmaz.

Dünýede sebäp köp başyň egmäge,
Güýçliniň jigerin şer işler ezýä.
Ähli oklar ilki bilen degýärler
Onuň Alyhezretleri Poeziýa.

Şer iş mydam ýürek bulap gelmeli,
Bu geçene, şu güne-de aýandyr.
...Güýçlüler aglasa ägä bolmaly,
Güýçli ýöne ýere aglaýan däldir.

## *Otuz ýaşda ýazylan goşgy*

Bu gün öz öňümde diýeýin rastym,
Stolmuň üstünde kagyz, syýam bar.
Belki, bolan däldir otuzda dostum,
Ýöne myhman alan Poeziýam bar.

Meniň öz ýaşyma uly baham ýok,
Oň bahasyn kesgitlejek zaman bar.
Ele palta alyp, köpri ýasamok,
Boluşyna görä Poeziýam bar.

Adamy ýaşlykdan bent edýän duýgy —
Söýgim boldumyka? Ony kim bilýär.
Belki, bolan däldir otuzda söýgim,
Ýöne başym sypan Poeziýam bar.

Juwan gijelermiň joş urjak wagty,
Bil bagladym galamyma, syýama.
Belki, bolan däldir otuzda bagtym,
Bagtym diýäýmesem Poeziýama.

Danalar boldular halypam, ussam.
Şolaň gullugyna hemişe taýýar.
Belki, bolan däldir otuzda gussam,
Deregne hesretim — Poeziýam bar.

## *Sungat*

Sungat diýmek näme?
Bilýärmisiňiz?
Ele alýarlar-da ýiti keseri,
Lokga daşyň ähli artyk bölegni
Ýonup, döredýärler ajap eseri.

Artykmaçlyk — duşmanydyr sungatyň.
Tygşytly bolanda, beýikdir nama.
Men pikirmi bir söz bilen aýdýarkam,
Ol ýere üç sözüň geregi näme!

Tälim almaň dagdan inen sillerden,
Tälim alyň Wolgalardan, Nillerden.
Kemlik adamyny bezänok welin,
Artykmajam boljak bolmaň illerden.

Gyz öňünde artyk söze daýanma,
Söýgä söz gerek däl, gerekdir ynam.
Söýme Watanyňy gursagňa urup,
Eneňi söýşüň dek söýüber onam.

Sungat diýmek näme?
Bilýärmisiňiz?
Bu sowala sada jogap bermeli.
Biz herimiz — özümiziň zergärmiz,
Mydam özümizi ýonup ýörmeli.

## *Şahyr ýüregi*

Sen ýere gül ekseň, garaş gülüňe,
Ýere tiken atsaň, gögerer tiken.
Bu kada bolupdyr ýylyň ýylyna,
Ýere näme atsaň, şo çykar eken.

Şahyryň ýüregem topraga meňzeş,
Ýöne başgarajyk berýän höregi.
Sen oňa çüý okla, tiken, awy saç,
Diňe gül döreder şahyr ýüregi.

* * *

Ýalňyz talyň saýasynda otyryn,
Säherde gyr baýtal görünýärdi al.
Otlaryň çyglary biraz ýylynyp,
Galýardy howlukman ýüpek deý duman.

Mollatorgaý, garlawaçlar, serçeler
Hezil edip oýnaýarlar howada.
Seniň göwnüň şu säher deý arassa,
Bar zat, bar zat ajaýypdyr dünýäde.

Ýüregiňde galan armanyň ýokdur,
Ýokdur şu säherden başga geregiň.
Diňe bir seň bilen bakylyk bardyr
Hem şoňa düşünýän şahyr ýüregiň.

## *Sena*

Dünýäň garry-juwany,
Ene, çaga, jenany
Rekwiýemi diňlesin —
Ýerden çykýan senany:

«Gara-gara bulutlar,
Para-para bolupdyr,
Nirä göçüp barýarlar,
Aýdyň, dünýä beletler?

Tanyş bize ene ýer,
Jogap beriň iniler.
Ýüreklermiz agyrýar, —
Aglaýarmy eneler?

Örän-örän ullakan,
Ýer teýinde gülle kän.
Ýürek aşakda köpmi
Ýa ýokarda, gül mekan?

Sürülse, ekilse ýer
Gül biz bolup direler,
Biz ýeňipdik uruşy,
Siz öldüriň, diriler.»

Dünýäň garry-juwany,
Ene, çaga, jenany
Rekwiýemi diňlesin —
Ýerden çykýan senany.

Ölüleriň bu zary
Bolsun hemmäň azary, —
Ýerde bir mazar gerek,
O-da urşuň mazary!

## *Aýallar*

Urşa ýollap ata-agalarmyzy,
Är ýerinde är dek duran aýallar.
Ýowuz günde dogran çagalaryňyz
Sizi mydam watan kimin aýarlar!

...Uruş öldürýärdi. Uruş bogýardy.
Adamy ýekeläp barýardy uruş.
Tylda bolsa, ýene nesil dogýardy
Tylda aýallarmyz gurýardy durmuş.

Söweş meýdanyna — bugdaýdyr arpa,
Körpelere – ak gursakdan ýyly süýt.
Sizdiňiz Watana dag ýaly arka,
Siz tyl söweşiniň merdidiňiz tüýs.

Uruş çykdy atalaryň kastyna,
Gelmediler ýakyn-garyndaşymyz.
Siziň bolsa, şu ýitgileň üstüne,
Ýene ogurlandy juwan ýaşyňyz.

Ýatandyr, gör nirde merdanlaryňyz,
Ýüreklerde goýup agyr ünjini.
Siziň dünýä berýän ynsanlaryňyz,
Eýsem, ölmek, öldürmeklik üçinmi?

Men sizi toý günem, her günem görýän,
Mydam aladadan ýüküňiz ýetik.
Siziň çagalarňyz bolsa bireýýäm
Barýarlar atalaň ýaşyna ýetip.

Çagalarňyz, mydam sizi aýarlar!
Aşyk borlar juwan-juwan gyzlara!
Siz dünýäde iň owadan aýallar!
Bu gözellik gymmat düşdi sizlere!

*1964*

## *Çagalyk*

Tomus aýy. Uzyn-uzyn nobatlar.
Frontdan gowuşýan üç burç hatlar.
Dulumyzda guzy — kakama söwüş,
«Ger!» diýip, saklanýan kyrk nomur köwüş.
Soňra dumanly güýz.
Başlandy ýagyn.
Şo-ol çörek nobaty, Kyrk bäşinji ýyl.
Hor-homsy oglanlar.
Çörekli dükan.
Doly eşelonlar.
Fronta bakan.
Ýoldaşlarym bilen oýnap-ygmadym.
Bagyşla, çagalyk, elim degmedi.
Kepderi kowalap, oýnama derek,
Düýşümiz, huşumyz el ýaly çörek.
Ejem mahal-mahal atardy ýomak:
«Garnyňy doýursaň fronta kömek.»
Biz köçä, bazara siňip gidýärdik,
Hem günde fronta kömek edýärdik.
Şeýdip, şo ýyllarda kyn bolsa-da, kyn,
Biz diri galypdyk atalar üçin.
Bize lälik diýip, bakmaňlar gyýa,
Çünki bolmasada, tyg yzy tende,
Biz uruş ýylynyň oglanjyklary,
Biz öz urşumyzy ýeňipdik şonda.

*1969*

# *Gözlegim*

Örän syrdam, salyhatly ýörände,
Köýnegi gök, ak bolmaly ýüzleri.
Iňrikden soň gije ýere garanda,
Öpdüm onuň gije gaçan gözlerin.

Gündizler sünnäläp suratyn çekdim,
Gijeler düýşümde janlandy surat.
Sakgal-murtum syryp, şähere çykdym,
Bar gözlegim boldy şol syrdam syrat.

Sökdüm ýakyn-yrak ençeme ýoly,
Ahyr şol gözele gözlerim düşdi.
Ol bolsa, hiç zada düşmeýän ýaly,
Öz pikiri bilen duşumdan geçdi.

Men gygyrjak boldum onuň yzyndan,
«Düşün ahyr, düşün seni gözleýän.
Oýlan meniň düýşüme-de giripdiň,»
Diýip, dil däl, ýürek bilen sözleýän.

Geçip gitdi şowurdadyp köýnegin,
Gözi gara, köýnegi-de gök eken.
Şu gözeldi meniň ähli gözlegim,
Ýöne gözel meni gözlänok eken.

* * *

Seniň gözleň garalygy
gijeki asmana meňzeş.
A men weli, şol asmandan
zemine gaçýana meňzeş.

Stoluň başynda, maşynda, ýolda,
Uky, oýalykda,
bilýärin aýan,
Men
asmana däl-de,
zemine däl-de,
Seň gözüňden onuň çuňlugna gaçýan.

Onuň düýbi näme?
Seniň mähriňmi?
Aslynda, düýp barmy,
bilip bilemok.
Maňa gözleň çuňlugyna gaçma bar,
Emma onuň çuňlugyna ýetme ýok.

Ýykylyp ynjaýma diýýän mysaly,
Gözleriň çuňlaşyp barýar ýene-de.
Şol gaçyp barýaryn seniň päkligňe,
Seň söýgiňe — iň bir inçe senede.

* * *

Söýdüm çyn ýürekden, şo boldy bagtym,
Söýdüm bilbilleriň söýşi dek ýazy.
Kämillik ýaşyna ýetmedik wagtym,
Kämillik ýaşyna ýetmedik gyzy.

Misli maňa beren ýaly rugsadym,
Söýdi başga birin gül açan gözel,
Kämillik ýaşyndan geçen pursatym,
Kämillik ýaşyndan geçen şol gözel.

«Munuň günäkäri sen däl! — diýdiler —
Munuň günäkäri başlangyç duýgy —
Kämillik ýaşyna ýetmedik wagtyň,
Kämillik ýaşyna ýetmedik söýgi.

Söýgi öýlänçi däl, birden gelenok,
Söýgi ýyllar boýy jem bolýan duýgyň.»
...Onda neçün şindem takat berenok
Kämillik ýaşyna ýetmedik söýgim?

*1970*

## *Gözleriň seniň*

Gara saçlaň dökülip, örteninde ýüzüňi,
Men saçlaryň üstünden öpdüm ala gözüňi.
Ýöne ara ýol düşdi. Gijeler aýym meniň,
Galdy, uzakda galdy gara gözleriň seniň.

Ukla, gülüm, gal, gülüm, otur, gülüm, gez, gülüm
Şahadaky al alma ýaňagyň etsin çalym,
Ýöne nirde ýansa-da, nirde doňsa-da tenim,
Mydam maňa garasyn gara gözleriň seniň.

Şatlygy, gamy bilen aýlanyp dur goja Şar,
Onuň özüne ýetik aladasy-derdi bar.
Bir maksadym: ýeňletmek agyr derdini onuň,
Güýç bersin şu işimde gara gözleriň seniň.

*1965*

## *Olýa şirliýewa*

Ýumşak, çygly şemal
Ýüzüne urýar,
Olýa Şirliýewa
Işine barýar.

Ýigitleň gözlegi
Köňlüniň nury,
Käse deý gözleri —
Gijäniň ýary!

Sakgal-murt syrylýar.
Bir günde telim,
Olýa Şirliýewa,
Ugruňda seniň.

Ýigitler irmeýär —
Ýazýarlar öwran:
«Olýa Şirliýewa,
Men seni söýýän!»

Çeşmeler şyrlaýar,
Çekýärler arman:
«Olýa Şirliýewa,
Men seni söýýän!»

Ýumşak, çygly şemal
Şuwlaýar irmän:
«Olýa Şirliýewa,
Men seni söýýän!»

Ol şapakdan dörän!
Gunduzdan dörän!
Ol gijeden dörän,
Gündizden dörän!

Saçlaryn ýel ogşap,
Näzik gysymlar.
Gaşlary! —
Ýuwaşrak
Uçaýmasynlar!

Her gün daň sesine
Ýerinden örer.
Günüň şöhlesine
Saçlaryn örer.

Ol ýa sygyr sagar,
Ýa suw daşar tiz.
Olýa Şirliýewa
Ine, şeýle gyz.

Olýanyň aşygy,
Aşyk ýigitler,
Çeninden aşyryp
Ýazarlar hatlar.

Tiz jogap alarlar
Emma,
          wah,
                    arman,
«Oglanlar!
                    Oglanlar!
Men sizi söýýän!

Ýöne men nädeýin,
Etsemem ahmyr,
Şu gyzyl şapaga
Adagly ahyr.

Ol şeýle mähirli,
Şeýle ullakan,
Gözellik ählini
Jemlän gülmükän?!

Oglanlar!
                    Ezizlem!
Düşüniň maňa:
«Henizem,
                    hergizem
Aşyk men şoňa.

Her säher alaňdan,
Gollardan aşyp,
Dürs pygyl bilen
Gelşine aşyk!»

...Gowşaýar kyn gylyk,
Ýigitler assa,
Şapaga igenip,
Çekýärler gussa,

Menem syrynýaryn
Bir günde telim!
Çünki,
Şirliýewa,
Aşygyň seniň!

Erte alaňlardan,
Gollardan aşyp,
Geleninde şapak,
Olýama aşyk,

Men ony saklaryn,
Ýerinde hökman.
Gapyňdan jyklaryn
Eneňden gorkman!

Tümlügi agdaryp,
Berip güýç baryn,
Olýanyň adagly
Şapagy borun!

Günleriň bir güni,
Il-güne hökman,
Hoş habar getirin
Örän ullakan!

Geçensoň başymdan
Şu uly synag,
Olýa Şirliýewa
Ýüzüne sylar!

## *Iki söýgi*

Gije-gündiz öwrüp-çöwrüp hyýaly,
Yhlas edip aýdylmadyk sözlere,
Çaganyň gursaga badalşy ýaly,
Ýakyn boljak boldum sähra-düzlere.

Şäher — meň mesgenim, sähra — düşelge,
Haýsyn goýsaň, ýürek şoňa towusar.
Bu ýaşyl otlara gözüň düşende,
Seniň gözleriňem ýaşyl öwüser.

Bu topragyň sahylygna ser salyň!
Gögermejek zat ýok biziň sährada.
Aýagyňy ýere gömseň bir salym,
El — şahaňa ýaprak örjek şobada.

Ýarylyň gunçalar, ýaşyl pyntyklar,
Meniň teşne ýüregimiň geregi!
Bomba deý ýarylyň! Goý şol tultuklaň
Dokuz ballyk titräp gitsin ýüregi!

...Kän zada ýetmekçi bolýanmy? Ahmal.
Onda aýdyň: — Oň dermany nirede?
Şeýdip, entäp ýörün toprak hem asfalt —
Iki sany uly polýus arada.

Şeýdip, ikarada ýörün pelpelläp, —
Şäherde, sährada çekip emgegi.
Bu ullakan bir dert bilen keselläp,
Şahsyýetiň ikä bölünmegimi?!

Şäherde ýaşasam, sähra meň gaýgym,
Sährada ýaşasam, şäher meň ünjim.
Olaň ilkinjisi — birinji söýgim,
Ikinjisi bolsa, has-da birinjim!

## *Güýz*

Güýz güni. Howanyň
Ýüzi diýseň çal, —
Baglaryň iň soňky
Ýapragy gaçýar.
Gark bolup gojaman
Daglar dumana,
Tukat nazar bilen
Bakýar ummana.
Ýat edýär köl-derýa,
Ördegin-guşun.
Söýýän güýz paslynyň
Tukat görnüşin!

Bilýän, guşlar geler
Derýadyr köle.
Baglar ýaşyl donun
Geýer müň ýola.

Ýöne nämüçindir
Güýz howasy dek,
Ýumşak gussa bilen
Örtülýär ýürek.
Goýup ýüregimde
Bitmejek yzy.
Geçdi bu ömrümiň
Gelmejek güýzi.

## *Etýud*

Almaň ýaňagynda
Irkilipdir der.
Düýş sallançagynda
Ümsüm ýatyr ýer.

Agşam ýagyş ýagyp,
Ýuwdy bagy sap.
Şaha başyn egip,
Otyr burugsap.

Aý kanala düşüp,
Ýuwunan bada,
Horazlar ýalňyşyp,
Gygyrýar käte.

Gümmez şekil asman,
Ýerde müňläp yz:
Hemme zat arassa,
Hemme zat tämiz.

Daňyň owazyna
Bilbil oýandy.
Jadyly sazyna
Başlar ol indi.

Dünýäň azabyna
Hiç dahyly ýok, —
Başlar hasabyna
Gadym ikatýok.

Basym örter duman
Ýüzüni ýeriň.
Adamlar, sag-aman
Oýanaweriň!

## *Epitafiýa*

Arada bir şahyr goşgy ýazypdyr,
Onda şeýleräjik pikir ündelýä:
«Ýok, men ölmen, öläýsem-de gabrymdan
Kellämi çykaryp bakaryn dünýä!»

Ýeri, nämä gerek beýle toslama?!
Şahyr bolan beýle bolsady ekmez.
Dogrusyndan gelseň, gabra düşensoň,
Dünýä-de bakmarsyň, kelläňem çykmaz.

...Ýaýlaly, gyşlakly, şäher, obaly
Ülke joş urýarka juwan mysaly,
Onuňkyça,
dünýä häzir bakandan,
Magşar güni bakan hezilräk ýaly.

## *Mertlik*

Ol dik durup söweşdi.
Duşman amana geldi.
Ok degip, dyza çökdi.
Asman lerzana geldi.
Ol çök durup söweşdi.
Duşman amana geldi.
Ol ýykyldy.

Gutardy.
Asman lerzana geldi.
Onuň meýdini görüp,
Duşman amana geldi.

## *Çaga we men*

Çaga ýatýar, turýar, uçýar düýşünde,
Oň oýundan başga aladasy ýok.
Men horazsyz daň atýanyn bilýärin,
Çaga welin, bu zatlary bilenok.

Bir pursaty görkezenok üç sagat,
Der dökmeseň arzuw hasyl bolanok.
Men bularam bilýän.
Emma çagajyk,
Nämüçindir bu zatlary bilenok.

Bolanynam bilýän äpet uruşyň,
Uruş bolsa, hiç pidasyz bolanok.
Men ýene-de ep-esli zat bilýärin,
Emma çaga bu zatlary bilenok.

Göwnüne degseler, aglaýar çaga,
Aglanyňda bolsa, kinäň gutarýar.
Meňem käte aglaýasym gelip dur.
Ýaşym uly,
Aglamaga utanýan.

Bileniň gowumy, bilmäniň gowy,
Bu sowalda bir tarapa geçemok.
Ýöne çaga pessaý uçýar düýşünde,
A men weli, köpden bäri uçamok.

Onsoň çaga bolmak isläp ugraýaň,
Bu arzuwyň — böwrüňdäki agyry.
...Çaga biziň geljegimiz diýýäris,
Çaga biziň geçmişimiz ahyry.

*15.05.1971*

## *Türkmen sährasy*

Bahar meýlisinde çyksaň seýrana,
Türkmen sährasynyň aldyr gülleri.
Başyň sypap seni goýar haýrana.
Belent daglaryndan öwsen ýelleri.

Gara bulut gelip, zemine çöker.
Al-asman gübürdäp, depregin kakar,
Daglardan sil akar, ýene gün çykar,
Gyz-gelin doldurar reýhan çölleri.

Ýagyşy ýaraşar ýaýlaň ýazyna,
Gerçekler bendidir aşyk gyzyna.
Sesin goşup dutar, gyjak sazyna,
Saýrar illerimiň şirin dilleri.

* * *

Geňräk gylyk bar
şahyrlarmyzda,
Ýogsa ajaýybam olaryň päli,
Olaryň göwnüne ähli adamlar
Diňe goşgy bile ýaşaýan ýaly.

Olar bolsa, işleýärler, arýarlar,
Käte çilim, käte şerap dadarlar.
Müň-de bir aladaň oýuny edip,
Goşgymyzy okamazlar adamlar.

Olar pagta bile höwrügip ýörler,
Olar ýeri dörüp, çykarar nebti
Hem garaýag bolup öýlerne gerler,
Ýagty gündiz bile gijäniň sebti.

Olaň uly-uly gürrüňi bolmaz,
Gaty elem degmez goşgularmyza.
Diňe durmuş hakda, çörek barada
Sada söhbet açsak, goşular bize.

Biz bolsa, hamala tema ýok ýaly,
Başga zat ýok ýaly, goşgyny öwýäs.
Her näme diýsegem, şindi-şindiler
Çörek goşgymyzdan zerurrak öýdýän.

* * *

*Abdylla Myradowa*

Şeýleräkdi Abdyllanyň gylygy:
Zehinli, geleňsiz, ýüregi päkdi.
«Erte duşaly» diýp söz baryn berer,
Emma erte tapjak gümanyň ýokdy.

...«Täze ýylda gerin» diýip gitseň-de,
Özüň gelmän,
Geldi hasratly mukam
Diýdik: «Gylygyňa belet, Abdylla,
Bulam nobatdaky aldawyňmyka?»

Aldawyňa aldanaýyn, Abdylla,
Ýoluň garap, saýlanaýyn, Abdylla!
Şu gezegem aldan bolsaň ne ýagşy,
Aldawyňdan aýlanaýyn, Abdylla!

Özüň akla gijä galanyň üçin,
Ýöne basym şum ukyňdan oýan sen!
«How, ynanyň, ýatyp galan ekenim»,
Diýäge-de, tirsegiňe daýan sen!

...Tirsegiňe daýanaňok, Abdylla!
Ýa-da bu çynyňmy? Çynyňmy? Çynyň?
Öň-ä aldawyňa ynanyp geldik,
Indem ynanamzok çynyňa seniň.

* * *

*Gara Seýitliýewe.*

Ýaş şahyrlar garap galdy yzyňdan,
Soňky gezek garap galdy merdine.
Duýduk birdenikä, bükülip galdyk,
Elhenç bir ýük agram saldy gerdene.

Has dogrusy, ol ýük gerdene däl-de,
Ýüregiň gerdenne agram salýardy.
Düýnki lälik ýören juwan şahyrlar —
Ol ýüküň nä ýükdügini bilýärdi.

Ol ýük — ýolda taşlanmaly zat däldi,
Ol juda inçedi, juda kütüdi.
Hatardan aýrylan ajap şahyryň,
Bize goýup giden iner ýüküdi.

Çek ol ýüki — özgäň ýükün ýeňledip,
Çek ol ýüki — halal çörek-duz bilen.
Çek ol ýüki — beze adam köňlüni
Tylla halka kimin belent söz bilen!

Goý, biziň setirler arzyly bolsun,
Kowulmasyn itler salnyp yzyna.
Sawçy bolup söz aýtsyn säherler
Bir obanyň şan-şöhratly gyzyna.

Bagtly ýaşap, bagtly ömür süreliň,
Mydama durmuşda diýenmiz gelsin.
Ýöne şol mukaddes, şol iner ýüki,
Elmydam,
Elmydam gerdende bolsun.

## *Darlyk*

Biz bu derdi gaýtalaýas müň gezek,
Ony ýene gaýtalarys bir meýdan.
Balyk diýilene bir umman gerek,
Adam diýilene bir giden meýdan.

Jeňňel bolsun şir-peleňler mesgeni,
Durna erkin bolsun
gökde hem ýerde.
Düşünýärin, bu köpleriň islegi,
Şu oý köp adamy goýýandyr derde.

Balyklary
jenaýatkär mysaly,
Zyndan kimin dar kapasa sokýarys,
Uly sirkde ýüzün sallan,
mysapyr
duran şir-peleňe takal okýarys.

Gökde peýwagtyna ýören durnalar
ýeriň duzagyna düşýär-de,
ine
Em bolýar şäherli çaga-çugalaň
ruhuna ýetmeýän uly derdine.

Bir tarapda durna — ganaty bagly,
Peleň dur — demire gaýraty bagly.
Ortada Adam dur. Öňünde balyk,
Darlyk...

*1967*

## *Leýlisaç*

Ömrümde bir gezek göwnüňe degdim,
Oňa ökünsemem, bildirmedim men.
Leýlisaça dönüp, başyňy egdiň,
Şonda-da başyňy galdyrmadym men.

Ondan bäri aýlar ötdi, ýyl ötdi,
Müň bir ýola gadam goýdum ömrümde:
Emma kazym bolup öňümden çykdy,
Algyr kowgym bolup yzymdan ýetdi,
Mährem leýli saçlar her bir öwrümde.

Birjik seretmedi olar ýüzüme,
Meger kine bardy olaň serinde.
Birden şol leýliler meniň gözüme
Seniň öýke-kinäň bolup göründi.

Akylly bor eken baglaň başlary,
Leýli saçda öz söýgimi synadym.
Sypadym Leýliniň tel-tel saçlaryn —
Seniň kinäň tel-tel saçyn sypadym.

Şondan soň nirä gir, gör, sen nirä gaç,
Şol Leýli yzymdan kowlady ýördi.
Şeýdip kinäň, seniň kinäň, leýli saç
agaç bolup, ýüregime kök urdy.

Ölsem, leýli dömüp ýürek teýinden,
Eger meň üstüme tukat başyny.
...Aşakda aglaryn diri deýin men;
«Eý, kinäm, kim sypar seniň saçyňy?!»

*1967*

## *Ýeri, saçyň ýolup aglajakmy sen*

*Nury Halmämmedowa bagyşlanýar.*

Ýeri, saçyň ýolup aglajakmy sen,
Ümdüziňe tutdurjakmy ýa-da sen,
Bar ýazanlaň oňat goşga taýynlyk
Bolýanlygna düşünmekden ýadasaň.

Erbet şygyrlaram önýär ýürekden,
Şonuň üçin mertler kimin boýn alýan.
Ne-hä söýüp bilýän şygyrlarymy,
Ne-de bir olary ýigrenip bilýän.

Gijeleriň tümlügine gark bolup,
Özüm gynap süýji arzuwlar bilen,
Asyl oňat goşgy ýazyp bilmeýän,
Ýazasymam gelýär oňat şygry meň.

Bar ýazanym bir ejizje guş bolup,
Ganat kakyp barýar geçmişe bakan.
...Ýa ömrümiň özi şygyrlam ýaly,
Bir oňat ömüre taýynlykmykan?

## *Çaga dogrulýan öýüň öňünde oýlanma*

Sypaýar ýüzüňi
Säheriň ýeli.
Kiçijik penjiräň
Nobaty uly.

Bu ýere köp kişi
Salypdyr ýoly,
Çal diwaryň ýüzi
Ýazgydan doly.

Hanha, hol, ýokarky
Setire gara:
«Aman plýus Gözel
Deňdir Batyra».

«Nina plýus Saşa
Netije Zizul».
(Düşünen däldirin
Gyzmy ýa ogul?!)

Hana-da bildiriş
Jar çekýän zabun:
«Spirtli içgiler
Edilenok kabul!»

Ýokarky etažyň
Penjiresi tor.
Başlangyç kakalar
Oňa daş atar.

Aşaky çaganyň
Halyny sorar.
Ýokarky kakanyň
Halyny sorar.

Ol sorag ýagdyrar,
Jogaba derek.
«Öýe köwlenýärmiň?
Içeňok gerek?»

Penjiräň öňüne
Zat alyp gelen,
Azalmak bilen däl,
Köpelmek bilen.

Ine, sandyraklap
Soraýar ärçe:
«Nina Iwanowna,
Agramy näçe?»

Beýleki soraýa:
«Ogulmy, gyzmy?
Gözi owadanmy,
Boý uzynmy?

Synlasaň ýadyňa
Salýarmy meni?»
...Nina Iwanowna
Nä bilsin muny.

Nina Iwanownaň
Ýeke jany bar.
Ýokarda onlarça
Çaga jägirýär.

Aradan ýyl geçer
Soň 10-y geçer.
Ine, şu çagalar
Dilden dür seçer.

Öňde bir şahyryň
Aýdyşy ýaly:
On bäş, on altyda
Gyz bor hyýaly.

Biri şygyr okar,
Birisi ýazar.
Geçmişe, geljege
Salarlar nazar.

Ýüzleri, ykbaly
Gül ýaly ýaşlar,
Biz bilen, biz bilen
Ylalaşmazlar, —

Oturşymyz bilen,
Turşumyz bilen,
Pikir edişimiz,
Gurşumyz bilen,
Geýnişimiz bilen
Ine, şu ýaşlar
Ylalaşmazlar.

Biz — ýüzün tutanlar
Ýagmyra, ýele,
Başymyzy ýaýkap,
Ýylgyrys çala.

Soň ýeke galarys,
Çygjarar gözler.
...Alynmadyk gala,
Undulan sözler,

Çekilen gussalar,
Dökülen derler,
Gülenler, aglanlar
Ýada düşerler.

Ýöne özi bilmän
Jedelçi nerler,
Biziň şu kyn ýoly
Dowam ederler.

Hyjuwlar ýatyşar,
Paýhaslanar has.
Ötenler, diriler
Şu ýoldan barýas.

(Hamala bu dünýäň
Haýyr, zyýanyn
Diňe sen ýerbe-ýer
Goýaýjak ýaly).

Ýüzün oda-suwa
Tutan şu nerler,
Iň soňy şu jaýyň
Öňüne gerler.

Ýokarky penjirä
Kesek atarlar.
Öňem köp edilen
Oýa batarlar.

Şonda ata çykan
Ýigrimýaşarlar.
Biz bilen, biz bilen
Ylalaşarlar.

Geýnişimiz bilen,
Gurşumyz bilen,
Aglaýşymyz bilen,
Gülşümiz bilen,
Ýeňlişimiz bilen,
Ýeňşimiz bilen,
Umuman, ine, şu
Durşumyz bile
Ylalaşarlar!

*1969*

## *Ümsümlik*

Aý düşüpdir Aýderäniň goýnuna,
Gojaman çynarlar ses edýär assa.
Jykyr-jykyr gülüp Aýyň oýnuna,
Sowuk çeşme akyp ýatyr arassa.

Bu ýerleň howasyn işdämen ýuwdan
Göwnümiz şatlykdan, arzuwdan doly.
Ähli zat parahat hemem asuda,
Göýä dünýäň ýüzi oňatlyk ýaly.

Göýä uzaklarda belent palmalar
Top okundan heläk bolmadyk ýaly.
Göýä bir wagtlar dury salmalar,
Çeşmesi ýumrulyp, solmadyk ýaly.
Göýä agşam çeşmä düşen Aý gyzyň
Üstünden top düşüp, ölmedik ýaly.

...Aý düşüpdir Aýderäniň goýnuna,
Ýel yraýar ýapraklaryn deregiň.
Gürsülde sen, ýaryl, ýumrul sen, ýene
Şeýle ümsümlikden dep et, ýüregim!

*1969*

* * *

Men özüme dost gözledim ýaşlykdan,
Gözel ýigitleri saýladym-seçdim.
Emma: «Gowusyndan gowsun taparyn»
Diýip, hemmesiniň deňinden geçdim.

Men özüme ýar gözledim ýaşlykdan,
Gözellerden hak syrymy gizledim.
«Ýok, meň söýgim başgarajyk bolmaly!»
Diýdim-de, gözelleň şasyn gözledim.

Ine, indem ne söýgim bar, ne dostum,
Dostsuz hem söýgüsiz ýaşamak ne kyn.
Ýöne şol ýigitleň birisi dostum,
Gyzlaň birem söýgim bolandyr mümkin.

*1969*

* * *

Men Puşkini, Lermontowy okadym
Ak-garany saýgarmaýan döwrümde.
Ýat bekledim her jümläni, nokady,
Özüm ýazdym şu genileň höwründe.

Juwanlykda kämillige höwrügip,
Uçup gitdim başga-başga diýara.
Indem yza haýal gelýän öwrülip,
Zyýany ýok.
Ýetsem käşgä diýara.

*1969*

## *Dostluk*

*«Rahat kenar» atly filme aýdym*

Oňat günde köpdür halyň, köpdür halyň sorajak,
Töweregiň deňi-duşdan doludyr.
Seňem juwan ýüregiňde gara duman-gussa ýok.
Ähli adamlaram oňat ýalydyr.

Ýöne birden, ýene birden kyn iş düşse başyňa,
Görmezlige salar salam diýýäniň.
Bulutly gün kölegäniň bizi taşlaýşy ýaly,
Bizi taşlar bile çörek iýýänmiz.

Käte şeýle, käte şeýle, käte şeýle bolýandyr,
Kim bilen ýola çykjagyňy bilip bolanok.
Käte ýola hak dost diýip, hak dost diýip çykanyň
Kyn gün üçin ýüreginde kuwwat ýok.

Gam çekme sen, gam çekme sen, gam çekme, ülpet,
Gamda galyp, özüň urma sen oda.
Ýüreginde şol kuwwaty,
Ýüreginde şol elýetmez päkligi,
Saklaýan adamlar kändir dünýäde.

## *Atam*

Öten agşam atam girdi düýşüme,
(O pahyr öňüräk aradan çykdy),
Ilki meni çagyrdy-da gaşyna,
Soňra gazap bilen gaşyny çytdy.

Atam nebir diline söz getirdi,
Ne ýüzümi aldy, öňküler ýaly.
Şol bir gysym bolup dymdy oturdy,
Bir gysym gahara öwrülen ýaly.

Şeýdip, çekdim dymyşlygyň jezasyn,
Ýüzün sallap köp oturdy gaşymda.
Tyrkyldadyp juda tanyş hasasyn,
Birdenem ol gaýyp boldy düýşümden.

Neçün, ne sebäpden ol beýle halda,
Ýekeje söz diýmän çykdy-da gitdi.
Men işde, öýümde, şowhunly ýolda,
Perişan halynyň pikrini etdim.

Belki, meniň tersinedir edýänim?
Gadyr edeniň gadryn bilmeýärmikäm?
Ýa köp aglap, belki, eý allajanym,
Gülmeli halyma, az gülýärmikäm?

Belki, galplyk bardyr köňül joşumda,
Ýa gidýän däldirin ilime bakan...
Bilmedim men, ýöne agyr düýşümde
Atamyň halyny gördüm perişan.

Ýa biziň gussamyz olaryň gamy,
Ýa-da aglaýarmy seniň kinäňe.
Olaryň öň çeken azary azmy?!
Ýeri, indi gelip, biziňki näme?!

Gije-gündiz ýaňlanyp dur ýerimiz
Edebe-ekrama çagyryp bizi.
Biziň bärde edýän etmişlerimiz
Rahat ýatyranok atalarmyzy.

Şonuň üçin görden turup gijeler
Gün Zemine nurun saçyp geçende,
Hasalaryn tyrkyldadyp gojalar
Aýlanyp ýör düýşistanyň içinde.

*1969*

## *Arzuw*

Össün Ýigriminji!
Güllesin parlap!
Adamlaram, şäherlerem güllesin!
Ýigrimbirem ösüp jennete dönsün,
Gizläp,
geçen asyrlaryň güllesin.

Bir arzuwym: Ýigrimbirinji asyr,
Öz goýnunda bir mukaddes ýer bersin.
Şol ýerden hoş ysy gelsin topragyň
Hemem döledäki daş bolan dersiň.

Eşekler aňňyrsyn gijäň ýarynda,
Horazlaram säher güni jar çeksin.
Bir mahallar eken beýik baglarmyň
Guran köklerinden nahallar çyksyn.

Säher-säher buglar galsyn otundan,
Tozanlasa tozanlasyn ýollary.
Eger mümkin bolsa, ýene arzuwym:
Çyg basan gül bolsun sagy-sollary.

Maňa düşen şol mukaddes diýarda
Doganlar bir-birin dost kimin söýsün.
Şygyr äleminde azaşyp ýörkäm
Enem gelip, gapdalymda süýt goýsun.

Iň soňky dilegim: ajap mülkümde
Syryp köçeleri öňin hem tersin,
Ine, şu gün juda göwnümden turan
Adamlar meň bilen şat bolup ýörsün.

*1970*

## *Aý problemasy*

Gitdigiçe ýakynlaşyp gelýär Aý.
Özem göni törümize gelýär Aý.
Bilýärsiňiz ahyr ähli şahyrlar,
Aýy öz ýaryna edipdirler taý.

Şoň astynda duşupdyrlar ýaryna,
Aý ýüzli marallar geýip keteni.
Indi görsek, Aý diýilýän «perizat»
Söýmedikleň ýüregi dek sop-sowuk,
Ýürek gysdyryjy boşluk ekeni.

Eger walla, ynanasyň gelenok!
Aý şeýle bor diýip kim etdi hetdi.
Ine, saňa ylmyň progressiwligi
Aý hakdaky pikirimizi üýtgetdi.

Ine, saňa gözelleriň taýy Aý!
Indi nädip ony gyza deňejek?!
Biz-ä keýpden çykdyk gyza deňäpler,
Senem günüň gör-dä, gyzyl enejik!

«Bolçulyk deňizi» gara daşa baý,
Aslynda, daş onuň belendi-pesi.
Gijesine sowugyna çydalmaz,
Gündizine şonça gradus yssy.

Men oýa batýaryn,
Gama batýaryn,
Ýok pikirler çozýar üstüme onsoň.
Eý, sen meniň Aýa deňäp gelenim,
Senem şeýlemikäň ýakyna gelseň?

*1971*

## *Çilim jaýlanyşy hakda ballada*

Sowet goşunynda edemde gulluk,
Bir waka ýadymda galdy ömürlik.

«Saga», «Çepe», «Ýarym saga-dan» ýadan,
Gullugyň bir aýlyk tagamyn dadan

Esger «Pamirini» otlanja bada,
«Agşam naharyna!» çykdy komanda.

Bu ýerde minut däl, göz-açym salym,
Esgerem howlukdy zyňyldy çilim.

Hatar bile, aýdym bile gidildi,
Esgerimiz pälwan deý nahar edindi.

Nahardan soň ýene rota gaýdyldy,
Şireli, ýumorly aýdym aýdyldy.

Soň agşamky barlag, bolanda tamam,
«Ýatmak bar eken-ow — diýdik — sag-aman!»

Komanda eşdildi (buzmy ýa-da ot)
«Ýerinde galmaly üçünji wzwod!»

Ýaňy ýatmak hakda gurlanda hyýal,
Geldi otuz üç pil, ýeke odeýal.

Odeýalyň dört burçundan tutdular,
Üstüne şol zyňlan çilmi atdylar.

Başda ýatmak bilen bolan inerler
Munuň sebäbine düşünmediler.

«Ýol nirä?» — diýdiler ilki bada şat,
«Çilim gabrystanna» — güldi leýtenant.

Sesimiz şadyýan çyksa-da başdan,
Soň peselip gitdi ýuwaş-ýuwaşdan.

Ilki kilometr, soň ýene biri,
Düşekden daşlaşýar esgerleň bary.

Emma soň seretsek — işler ne ýeser!
Otuz kilometr barylmaly ýer.

Diňe şol çilimi zyňan gahryman,
Bu zatlaň sebäbin bilýärdi aýan.

Çydam edip ýoldaşlarnyň kötegne,
Dymyp barýar ýüzün salyp etegne.

...Ýigrim dörtden, ýigrim bäşden
ötdüler.
Ahyr otuzynja baryp ýetdiler.

Otuzynjy bolsa garaňky baýyr,
(Bu işleriň soňy haýyrmy-haýyr).

Ine, öňe çykdy juwan leýtenant,
Çasly sesi bilen buýruk berdi şat:

«Ini-boýy iki metr» — diýdi ol,
«Çuňlugy-da iki metr» — diýdi ol.

«Arassaja gazyň kyn bolsa-da, kyn,
Içinde ýatjagyň sylagy üçin».

Leýtenant şeý diýip, çykdy bir çete,
Gyssyrdy agzyna neşeli «B–T-e».

Soň gazuw başlandy. Şeýle bir gazuw,—
Waspyn ede biler ne dil, ne ýazuw.

Firdöwsiň galamy, Puşkiniň eli,
Maýakowskiniň gazaply dili.

Bir gapdalda ýatan betbagt çilim,
Soňky ýol öňünde alýardy demin.

Biziň esgerimiz demin alanok,
Ýer-ä ýarylanok, olam ölenok.

Onuň hor egninde misli hersi şir
Otuz iki ýigdiň ukusy ýatyr.

Esgeriň ýüregne boldy bir ünji
Otuz ikiň igenmedik igenji.

Ahyr gazuw işi gutaran zaman,
Täze buýruk aldy biziň gahryman.

Çilmi emaý bilen almalydy ol
Hem baky jaýyna salmalydy ol.

Ýöne ol çilimi göterende şat:
«Ynjytmaň merhumy» — diýdi leýtenant.

«Çünki, indi bu çilime dar jahan,
Rotaňam öňünde ýatmaz hiç mahal.

Ýalňyz mazaryna ýoda çekilmez,
Hiç wagt zyňylmaz, hiç wagt çekilmez.»

Soň çilimi emaý bilen gömdüler,
Hormat edip, biraz salym dymdylar.

Ýöne şol dymyşlyk tä rota çenli,
Bozulman, bölünmän sag-aman geldi.

«Podýom!» — diýip, rotadan çykdy
komanda.
Otuz üçler polka girenje bada,

...Bu waka ýadymda galmazdam weli,
Ine şo «weliniň» sebäbi uly.

Häzir boýun aljak, pursatym barka:
Mendim sebäpkäri şol tukat wakaň.

* * *

Uly şahyr edil Wolga ýalydyr,
Ol öz adyn halk deňine ýetirýär.
Wolga bu gün durky, kuwwaty bilen
Öz derýalyk manysyny ýitirýär.

Bu gün Puşkin bilen, Russiýa bilen,
Erkin rifmalaşýar Wolganyň ady.
Ol derýa däl,
Russiýanyň ölçegi,
Rus ruhunyň, paýhasynyň şaýady.

Ownuk-ownuk derýalaryň birleşip,
Kuwwatly Wolgany ýasaýşy ýaly,
Biz kimin şahyrlaň ýüzlerçesinden
Iň soňky döreýär halkyň hyýaly.

Dostlar,
Ruhdan düşmäň!
Biderek däldir
Başardygymyzdan döredýänlermiz.
Hawa, biz beýik däl. (Zyýany näme!)
Ýöne beýikleri döredýänler biz.

*1971*

## *Ýalňyzlyk*

Ýeke özüň öýüňde,
Telefon dymyp otyr.
Nämeler bar küýüňde?
Öňüňde galam ýatyr.

Köne žurnal okýarsyň,
Köne endigňe görä.
Telefona bakýarsyň,
Soň bakýarsyň penjirä.

Garaşmakdan döreýän
Iňňän ruhy boşlukdan
Sypmak üçin gözleýäň
Bir jadyly hoş lukman.

Ne jady bar, ne lukman,
Ne kakylýar penjire...
Gül suwarýaň howlukman,
Bägülleň penje-penje.

Ýürek gysyp, darygýaň,
Bogýar boşlugyň sesi.
«Iň bolmanda — Gygyrýaň —
Duşmanym bir gelsedi!»

Duşmanyňam gelmeýär,
Garaşýarsyň bir entek.
...Birden göwnüň giňeýär,
Güýzüň ýalňyzlygy dek.

Şonda has çuň düşünýäň,
Öz-özüňe, baglara,
Gaty akar bu dünýä,
Geçen, geljek çaglara.

Dymsa dymsyn telefon,
Kakylmasyn penjire.
Ýöne güýzi keýpihon
Edersiň sen terjime.

Ýurek barha joş alýar
Galam batly ýöreýär.
Bizde käte goşgular
Ýalňyzlykdan döreýär.

*1972*

# *Degişme*

Meýlis daşda galdy,
Gözünde duman,
Ol ne pýan däldi,
Ne-de bir pýan.
Ol yrga ädimin
Assadan aldy,
Şadyýan aýdymyn
Gaýtalap geldi.
Deňizler dyzymdan,
Egnimden asman.
Keýikleň yzyndan
Ýetmegim ahmal!
Edip elde barym,
Gygyrsam, sesim
Aýlanyp ýer Şaryn
Dolanar basym.
Bu dar dunýämiziň
Dagdyr çöllügi
Maňa mazarlyga
Ýetse boldugy!»
Gijeki dünýäde
Aýdyňdan-aýdyň,
Ýaňlandy howada
Şadyýan aýdym.
Beýle geň aýdymy
Eşden mahaly,
Dünýäň bu adama
Geldi gahary.
Mekir duzak gurdy,
Ahyr soňunda
Bir derýa akdyrdy
Onuň öňünde.
Derýanyň üstunde
Ejizje köpri,
Hany, ol geçsin-dä,
Şu bolsa pikri.

Ýöne bu adamyň
Keýpi hezildi.
...Ahyry aýdymyň
Soňy ezildi.
Köprüden dik aşak
Gaýdan badyna,
Onuň başga aýdym
Düşdi ýadyna.
Gygyrdy, gygyrdy
Çirkin çykdy ses.
Halasgär çagyrdy.
Eştmedi hiç kes.
Gygyryp, gygyryp,
Bu dar dünýäde,
Öl sesi bugaryp
Gitdi howada.
Hiç kim eşitmedi,
Ýetmedi dada,
Ine, şu darajyk,
Kiçi dünýäde.
Gygyrdy neresse
Ýarygijä çen,
Soň turup seretse,
Suw dyzdan eken.
Käte keýpi gelip,
Ýürek heň etse.
Indi başga aýdym
Aýdýar neresse.

*1972*

## *Çişlikçi*

Şäheriň çetinde, piwohanada,
Arzyly, abraýly çişlikçi bir är,
Tüýlek kükregini şemala gerip,
Gadym han-begleri ýadyňa salýar.

Oňa salam berip, tanyşlyk açýan
Kişiniň köňüli, seri dumanly.
Salam berip, salamlary alynman,
Tanyşmadyklaram ömür armanly.

Hamala dag göwsün böwsen Perhat deý
Gaş çytyp, haşlaýar uludan-uly.
Gapdalda bar zada perwaýsyz garap,
Eýesini çekip barýar «Žiguli».

Dogralan etlere hyrsyz garaýar,
Mes itiň guýruga garaýşy ýaly.
Ine, ýagly elin urýar jübsüne,
Çykarýar keýp bilen öz ýasan ýaýyn.

Äpet kelledäki kiçi beýnini
Zor bilen işledýär, batýar-da dere,
Atylan daşdanam biraz kiçiräk
Serçeler patylap gaçýarlar ýere.

Loh-loh edip gülýär oňan awuna,
Bir salymdan dolýar onuň torbasy.
Güýç goşýar oň öňem elhenç güýjüne,
Birje çemçe şorja serçe çorbasy.

Alty adam heder edýär nobatda,
Onuň haýýar hem nadara sesinden.
Ol başlasa, beterräkdir goh sesi,
Söweş meýdanynyň gümmürdisinden.

Hany, eý, nobata şindi durmadyk,
Hany, eý, ýedinji, ýedinji gerçek?
Hany, gerek bolsa, oňa «Bes!» diýjek,
Ýa-da, gerek bolsa, tumşuga berjek?

Sagatlykdanmy ýa basmarlan müýnden
Akýar maňlaýyndan burçak-burçak der.
Gorky bilen garap agyr märekä,
Heder edýär şol ýedinji gerçekden...

* * *

Obanyň üstüne çöküpdir agşam,
Gije ogurlapdyr belendi-pesi.
Uzakdan bir ýerden eşdilýär çala,
Uzyn-uzyn üýrýän itleriň sesi.

Ne ogry penjiräň aýnasyn sökýär,
Ne şemala ygşyldaýar söwütler.
Onda neçün yzyn üzmän daňa çen
Beýle yhlas bilen üýrýärkä itler?

Keýpiň äheňi ýok olaň sesinde,
Duýlanok sesinde köňlüniň şady.
Aýralykmy?
Geçen günden ahmyrmy,
Ýalňyzlykmy —
Ýekeligiň perýady?

Için dökýän ýaly biri-birine,
Üýrüp-üýrüp öz möhleti ýetende,
Obaň ol çetinde goýýar birisi,
Beýleki başlaýar gaýra çetinde.

Süýndürip-süýndürip,
Inçeden-inçe
Üýrende, sesleri ýüregňi dilýär.
Ýöne item däl-de,
Köňli ýaraly
Biriniň agysy bolup eşdilýär.

Diňe daň agaryp,
Adamlar örüp,
Öwsende obada durmuş şemaly,
Göwünleri biraz açylan itler,
Misli gussalaryn gizleýän ýaly,

Üýrmesin goýarlar,
Ylgarlar her ýan,
Tozan turzup küren obaň ýolunda,
Ne hesret, ne gussa ýatlarna düşer,
Işe gümra adamlaryň ýanynda.

*1973*

* * *

Mydam söýdi meni deňi-duşlarym,
Şeýle ajap boldy meniň kysmatym.
Hiç kim meniň bokurdagma basmady,
Menem özgäň bokurdagna basmadym.

Ýar saýladym ähli ýardan zyýada,
Ahalyň düzünde deňi-taýy ýok.
Başga bir ykbaly,
Başga bir ýary
Göz öňüne getiribem bilemok.

Gezdim il içinde paý-u-pyýada,
Şerap içdim ildeşimiň toýunda.
Ýene hiç wagt gursagyma ýumruklap,
Artyk söz aýtmadym türkmen öýünde.

Şeýle ajap boldy meniň kysmatym,
Şygryýet ilinde geldim joşa men.
Bozman şahyrlaryň göni hataryn,
Ahyr ýetdim otuz iki ýaşa men.

Dostlarymyň otdan geçen ynamy,
Ýaşlygymyň beren elýetmez ýary,
Agras diýlip ykrar edlen aýdymlam
Maňa ýeňil düşdi bu zatlaň bary.

Göräýmäge gül örüpdir ýoluma,
Ýaşamak ne hezil!
Ajaýyp zemin.
Ýöne dost ynamy,
Ýaryň söýgüsi,
Halkymyň talaby basýar dag kimin.

Bar geçenim-geljegimiň maýasy.
Dostluk.
Söýgi.
Halkyň köňül hoşlugy.
Bir zat,
Bir zat diňe indi başlanýar
Biziň ýürekleriň saryndaşlygy.

(Bagşyň ýaňy der inipdir maňlaýna,
Ol ýaňy esasy tarlaryn çekýär.
Ardynjyrap,
Bir azajyk aljyrap,
Juda kyn ýollaryň kirşine kakýar.)

Adamçylyk,
Sungat — bary bir kärdir,
Onuň serhedini kimler çaklasyn.
Şygyr meýdanynda pellehanadan
Eger ol bar bolsa, hudaý saklasyn.

Şeýle ajap boldy meniň kysmatym,
Dogamda maňlaýmy sypan deý Hydyr.
...Eger şahyrlaryň bagty bar bolsa,
Bagty egnindäki agyr dagydyr.

*1973*

* * *

Okyjym, men seniň taňry myhmanyň,
Men senden ýaş. Saglyk-amanlyk sora
Töre-de geç diýme, gyşar-da diýme,
Işikde ýer barka geçmäýin töre.

Geçip dag, gollardan, bazar, dükandan,
Ölçäp çykyp menzillerin mesgeniň,
Men bir düzme ýazdym durmuş barada,
Gymmatyn ölçemek wezipäň seniň.

Sen köp bagyşladyň günämi ozal,
Men şoňa buýsanyp harsallyk etdim.
Indi bes. Çen boldy. Kişi çykyldy,
Bagyşlamazlygyň möhleti ýetdi.

*1970*

## *Täze ýylyň bosagasynda*

Hany, geçiň giň saçagyň başyna!
Bäş minut galypdyr onki bolmana.
Döz geldik biz ýyllaň tomus, gyşyna,
Sarpa goýdyk bereketli ummana.

Döz geldik tupandyr tüweleýlere,
Guran binamyza söýenýär asman.
Görenler diýerler: «Baý tüweleme!»
Haýran galar rowaýaty gahryman.

Meň, Täze ýyl, saňa kän haýyşym ýok,
Şatlyk hem bagtymyň öňküsem ýeter.
Gussa-gaýgym bolmasyn-a diýemok,
Ýöne köp bolmasyn öňküden beter.

Dostlarym ýyl-ýyldan azalyp gelýär,
Hemmäniň ýagdaýam bolmaly şeýle.
Doganymça bolsa, diýmek dostum däl,
Dogandanam eziz ýeke dost saýla.

Öz ýerinde bolsun ýagmyrdyr duman,
Öz ýerinde tomus bolsun, ýaz bolsun.
Toý gününde oturşykda oturan
Daş çykanda
Oň gybaty az bolsun.

Agşamara işden gaýdyp geliner,
Şonda öýde çäýnek-käse döwülsin.
Sögünmesin onuň üçin gelinler,
Onuň üçin çagalarmyz söýülsin.

Soňky sözüm: onki jaňyn kakanda,
Täze ýyl, ýoluňa sepilsin güller.
Men näm bolsam şo bolaýyn jahanda,
Saňa nesip etsin ajaýyp günler!

*1970*

## *Hemme ýollar diňe ýürege barýar*

Sanap bu taryhyň güni hem aýyn,
Ýer şary kiçelip barýar gün saýyn.
Bir zaman aň bilen ýetip bolmaýan
Kontinent.
Materik,
Deňiz,
Okean,
Üstüne barmasaň, oňa parhy ýok —
Öýüňe gelmäni azar bilenok.
Ýok boldy aralyk. Açyldy perde.
Öýüň dulundaky telewizorda
Bu şaryň peslignem görüp otyrsyň,
Bu şaryň meslignem görüp otyrsyň.
Şeýle bir, şeýle bir kiçelipdir Şar, —

Oň azary öýde rahat goýmaýar.
Hatda çykyp çypar Aýyň üstüne,
Zeminiň täleýne seredýän siňe,
Dünýäň bar öýünde ýaňlanýar diňe:
«Adamlar, adamlar, serediň muňa,
Serediň hem hiç bir zaman unutmaň!
Bu jepaly Wetnam, gahryman Wetnam
Bu saňa degişli, Degişli maňa!»

Ýok, bu ýollar ýöne-möne gurlanok,
Olaň aňyrsynda şatlyk bar, gam bar,
Öz agysy bile, şatlygy bile
Hemme ýollar diňe ýürege barýar.

Çünki, adam ogly gyşda, tomusda,
Gaýgyda, hesretde, belentde-pesde,
Oýlanyp ýör bar ýürlekleň ustünden
Çekilen mizemez
baky polýusda.

Adam diýen özgäň halyny bilse,
Elbetde, oň üçin şöhratdyr şandyr.
Eger beýik Zemin kiçelýän bolsa,
Diýmek,
Ýüreklermiz ýakynlaşýandyr.

*1970*

## *Eneme*

Sen meni ýaman gözlerden gorap saklajak bolduň,
Sen meni süýt-gaýmak bilen ekläp-saklajak bolduň.
Juda ýagşy suwlar bilen teşneligmi gandyryp,
Ýolumdaky ýaman sözleň baryn çöplejek bolduň.

Güldür atyr sepmekçidiň ýollaryma, yzlaryma,
«Goraň muny!» diýmekçidiň, meniň söýjek gyzlaryma
Ýetmezimi ýuwmakçydyň, ýagşyň ýeri ýuwşy ýaly.
Öz mähriňi bermekçidiň, gury çykan sözlerime.

Sen meni ýaman gözlerden gorap, saklap bilmediň,
Sen meni süýt-gaýmak bilen ekläp, saklap bilmediň.
Iliň içýän suwy bilen teşneligmi gandyrdyň,
Ýolumdaky ýaman sözleň baryn çöpläp bilmediň.

Hemmelerden artyk borum islediň sen başky günüm,
Ine, görseň, iliňkiden ne artyk, ne kemdir günüm.
Ýöne käte, nämüçindir ýa şat bolsam, ýa-da girýan.
Örän, örän, örän tanyş sesiň bilen öýe girýäň.

Ine, durun seň öňüňde sakal-murtly gelişiksiz.
Nämüçindir arzuwyň däl, nämüçindir tagaşyksyz,
Bu dünýäniň bir ajaýyp, bir gazaply kanuny bar.
Bolmaly, bolmasyz zatlar enä hiç geňeş salmaýar.

Ine, durun seň öňüňde diňe ak süýdüňi emen,
Meni hiç bir zatdan gorap bilmedik, ýalňyz enem!

* * *

Salam dostum, mähribanym, Aşgabat,
Meniň çagalygym, ýigitlik çagym.
Meniň öz başymdan sowuljak bagym,
Emma hiç bir zaman sowulmaz bagym.

Depämdäki soňky saçyma çenli,
Men seniň perzendiň, men seniň ogluň.
Şoň üçinem bu gün açyk ýürekden
Seň bilen söhbetdeş bolmakçy boldum.

Seni öwmekçi däl,
Bary boş gürrüň...
Ýogsa bolýar ahyr,
Käte gelýänler,
Gelende, «şäherňiz ajaýyp» diýip,
Gideninde «oba» diýip gülýänler.

Bu ömürde köp-köp şäher görüldi,
Zähmetkeş,
söweşjeň, gahryman şäher...
Saňa hiç şäherden oňat diýmerin,
Sen hemme şäherden mähriban şäher.

Saňa juda sarpa goýanym üçin,
Hem sylanym üçin eziz diýarym,
Soraýasym gelýär myhmanhanalaň
«Ýer ýok» hakykaty sende-de barmy?

Öz ýüzi ýok diýýäs seniň jaýlaryň,
Başda göräýmäge şeýle-de ýaly,
Emma dostlar bilen içgin gatnaşyp,
Tapýas-a öýüni gijäniň ýary.

Ýogsa-da tapmarsyň, dostuň ýok bolsa,
Käte aglamasaň, käte gülmeseň,
Tapanyňda näme şahsy öýleri,
Içinde ýürekdeş tapabilmeseň.

Geçmişim, şu günüm, geljegimem sen.
Men seni söýmäýin nämüçin, ýeri,
Meniň dostlarymyň, söýen gyzlarmyň.
Aglan,
Gülen
günlerimiň şäheri!

Ähli ýeriň birdir güni, asmany,
Ähli ýeriň birdir aýal-erkegi.
Dünýäň her nokady merkez diýýärler,
Diýmek senem bu dünýäniň merkezi.

* * *

Gök gümmürdäp,
Gitdi uzak ýerlere.
Ol soňam eşdildi durdy uzakdan.
Çabgadan soň tämizlenen, terlenen
Täze bir ys geldi ýüz dürli otdan.

Ine, birden ýaz şemaly öwüsdi,
Şonda misli tans oýnaýan boluplar
Göýä
gökde bölek-bölek bulutlaň
Elwan öwsüp gitdi ýumry göwüsi.

Kalbym-durkum bilen sähraýy boldum,
Içdim howasyny — sähranyň meýin.
Men gussadan gaçyp şu ýere geldim,
Men şatlykdan gaçyp nirä gideýin?

Ykbala ten bermän, geljege bakdyk,
Bildik herki zadyň bor eken çeni.
Gereginden artyk bolanda şatlyk,
Adam ýene gussa batjak ekeni.

## *Tehnika*

*(Pişigiň açyşy)*

Meniň ata-babalam,
Agalarym syçany
Örän sada tutupdyr.
Ondan bäri ýyllar däl,
Asyr bary ötüpdir.

Näçe wagt bolupdyr
Asyr bary geçeni.
Men nämüçin tutmaly
Penjäm bilen syçany.

Gämi bilen buz döwýäs,
Baryp Aýa ýetilýär.
Emma nämüçin syçan
Penje bilen tutulýar?!!

Menem bir açyş etdim,
Alkyş aýdyň tapana.
Men indi penjäme däl,
Sygynýaryn gapana!

## *Hüwdi*

*(«Gelin» kinofilmine)*

Çölde gülüm açyldy,
Laldym, dilim açyldy.
Kime zarym aýdaýyn,
Gözde ýaşym seçildi.

Ölümi sen, diri sen,
Unutdyňmy ýary, sen.
Ýüzlerimiň tuwagy,
Gözlerimiň nury, sen.

Ýolda galdy gözlerim,
Tapa bilmen yzlaryň,
Pos alypdyr ýürekde
Saňa diýjek sözlerim.

Gel, gijeki Aý deýin,
Guýup saňa yşk meýin,
Ýüregmi ýaryp çykan
Sözlerimi aýdaýyn.

Äkit ahymy, şemal,
Getir ahyny, şemal,
Bizi birek-birekden
Daş etdi niçik ykbal?

Gördüm günüň ýaşmasyn,
Datmadym toý pişmesin.
Il başyna düşen iş
Deňimizden geçmesin.

* * *

Bu dünýä düşüniň,
Onuň suwlarnyň
Ýokardan aşaga akyp gelşine.
Mekansyz, watansyz ördek-guwlaryň,
Keýpleri gelende göge galşyna.

Düşüniň bu dünýä, beýik alymlar,
Milýon böleklere bölüň atomy,
Böleklerden ýene bölek ýasaň siz,
Bütewi bolsa bor dünýäň adamy.

Biz beýik asyryň, beýik wekili,
Şatlyk bilen hesret duzun dadanlar,
Ýüzlenýäris alymlara: «Bölüň siz
Atomlary,
Bölünmesin Adamlar!»

Siz şahyrlar, ýamanlary dargadyň,
Oň üçin janyňyz aýamaňlar hiç.
Ýamanlyk atom däl gutarmaz ýaly,
Bölüň ýamanlygy gutarna deňiç.

Eý, alymlar, eý, şahyrlar dünýäsi,
Bir çen boldy, ýamanlygy owradyň!
Atoma öwrediň bölünmekligi,
Adamlara bütewligi öwrediň.

* * *

Tüweleme, döwran bize dolandy,
Iýseň ýag akyp dur, geýseňem ýüpek.
Gany damyp duran et oklaýmasaň,
Süňküňe pitiwa edenok köpek.

Gapylarda demir atlar kişňeýär,
Sussuňy basanok aňyrdan gelen.
Hemme zat bar:
Bagt, ýoldaş, hoş sözler,
Hatda bir azajyk artygy bilen.

Hemme zat bar: ertämize ynammyz,
Ýaşyl ummanlaryň rahat ykbaly.
Dükanlar toý mesgenine meňzeýär,
Adaty günlermiz hadysa ýaly.

Ýöne gorkýan, gorkýan başga bir zatdan
Şo gorky gynaýar, ezýär ýüregi,
Hemme zat bar,
Bir uly zat ýetenok,
Tärimmizde Aýazhanyň çarygy.

## *Dileg*

Lukmanlara köpüräjik boş wagt,
Aşyklara köpüräjik hoş wagt.

Topragymyz ýarylmasyn, tozmasyn,
Sagat ne-hä ozsun, ne-de ozmasyn.

Goý, delfinler gürläp bilse, gürlesin,
Ýöne gürläp, dosta hile gurmasyn.

Jübiniň agramy manysyz bolsun,
Her kesiň päliniň wysaly gelsin.

Bagtyň paýlanşygy bolan wagtynda,
Artyk almaweri laýyk bagtyňdan.

Öýüňizden myhman bary çykmasyn,
Gelinlerňiz gaşlaryny çytmasyn.

Azyrajyk bolsun çörek nobaty,
Köpüräjik bolsun kitap nobaty.

Gözüňiz jübt bolsun, ýüzüňiz ýeke,
Bize ýeke ýüzem ömürlik ýeter.

Iň soňam bähbide bolmaňlar ýesir,
Penjire, gapysyz bir jaýa getir.

Ah, şu bolsadylaň bolan pursady,
Şahyram bir käse şerap ursady.

## *Bilýän*

Aglarsyňyz, bilýän, bada,
Meň gabrym gazylan wagty.
Dilärsiňiz o dünýäde
Meniň üçin uly bagty.

Bilýän, goýun soýarsyňyz,
Sähel tukat bolman häli.
Meýi doly guýarsyňyz,
Meni biraz ýatlar ýaly.

Adat bilen aýdarsyňyz
Gerek sözi birden-birden...
Soňra bolsa, undarsyňyz,
Meniň meýdim — gabrym nirde.

* * *

*M. Swetlowa.*

Saňa sataşdyrmady
Köp ýörelen ýol-ýoda.
Bulgur çakyşdyrmadym
Seniň bilen EMÖ-de.
Eşitmedim ýomagňy,
Eşitdim ýogalanňy.

Sen dirikäň lirikaň
Beýle zordur öýtmedim.
A sen entek dirikäň,
Sen dirikäň ökdediň.

Sen ölseň-de eseriň
Baky ýaşar» diýdiler.
Bu söz ýürek heserin
Egser diýip, kim biler?!

Eser ýaşar. Oňat zat.
Emma sendiň geregmiz.
Gitdiň. Ýürekler berbat,
Garyp galdy ýüregmiz.

Soň bilinýär ölçegi.
Ýöne uly ölende,
Ýalan ýaly öljegi.
Adam ýaşap ýörende,

Seniň ýoklugyň derdi,
Günde berensoň yza,
Topragyny iberdi,
Saňa Andaluziýa.

Seniň hakda ýazmaga
Hakym barmy ýa-da ýok,
Bilemok, eý, Mişa aga,
Emma ýazman bilemok.

Munuň üçin diňe sen,
Diňe özüň günäkär.
Birleşdirýän diňleseň
Seni-meni beýik kär.

Men şu günmi, ertemi,
Ýolup günleň ýapragyn,
Elterin, tiz elterin,
Saňa türkmen topragyn.

*1968*

## *Gije we gündiz*

Penjireleň tutuk gije we gündiz,
Gapylaryň ýapyk gije we gündiz.
Sen öýde otyrsyň gije we gündiz,
Sen ýazyp ýatyrsyň gije we gündiz.

Bu günler ýaz joşýar gije we gündiz,
Aşyklar öpüşýär gije we gündiz.
Otlular gatnaýar hyň berýär wokzal,
Adamlar tapyşýar gije we gündiz.

Bir dänejik okla ýeriň teýine,
Bir çynar dänesin okla ýere sen —
Goý, gije we gündiz, gije we gündiz,
Seniň şol dänäňden çynar döresin.

Sen onsoň ýazyber gije we gündiz,
Wagt geçer. Ýene ger gije we gündiz.
Sen... bir gün öläýseň gije ýa gündiz,
Şygryň-da öläýse gije ýa gündiz,

Gelişiň deý gitmän ýalaňaç, ýalňyz,
Galar şol çynaryň gije we gündiz,
Ýogsa, men düşemok, düşemok heniz,
Sen näme ýazýarsyň gije we gündiz?!

*1961*

## *Eneler*

Eneler jomartdyr, giňdir eneler,
Olar kyn pursatyň kömege geler.
Ömürboýy oňa beren jebriňi
Ahyr bir söz üçin bagyşlap biler.

Bagyşlar-da, baky ýumar gözüni.
Agaç ata müner, zemine gider.
Diňe özi gitmez, beren jebriňi,
Sütemiňi ýany bilen äkider.

Sen onsoň aglarsyň. Tutarsyň içiň,
Emma seň gözleriň şol bagta zardyr..
Ene soňky demde günäňi öter,
Ýöne oň ötdügi saňa jezadyr.

## *Baky hoşlaşyk*

Gije. Dermanhana. Köçe. Çyralar.

A. Blok.

Gözel gözleriňe çalaňda sürme,
Saçyňy
diň kimin
öreňde başa,
Seni mejbur edýän gyz endigi däl,
Ol endik däl,
Onuň sebäbi başga.

Duşuşyga gelýäň,
Eliňde sumka
Hem ýeke setiri okalmadyk Blok.
Blok bilen özüň bezejek bolmak
Bolanog-a,
düşün ahyr,
bolanok.

Öz ýanyňdan ýok arzuwlar ýüwürdip,
Käte gijä galýaň, kä gelýärsiň ir.
Sen öz gözelligiň, allaryň bilen.
Meni öz dünýäňe etmekçi ýesir.

«Söýgüsiz bagt ýok,
Söýgüsiz durmuş»,
Diýip aýdyp geçipdirler ozallar.
Söýmek bor Blogy
okamaňda-da,
Sada, tämiz bolsa asly gözelleň,

Gidýän seniň çüýrük ysly dünýäňden,
Senden aýra düşmek kyn bolsa-da, kyn.
Şo dünýäň gapysyn
gaty ýapýaryn,
Soň ýene bir kesiň açmazy üçin.

Şol kitaby agyr ýük deý göterip,
Sen, gyz, boş dünýäňe gaýdyp gelersiň.
Okajak bolarsyň pahyr Blogy,
«Ah, tukatlyk!» diýip, sumka salarsyň.

Sende sadalygyň bolmany üçin,
Näçeler gezseň-de hilä baş goşup,
Edibiljek halkaň
baky halka bor:
Öý. Köçe. Duşuşyk.
Baky hoşlaşyk.

*1968*

* * *

«Watana» barýaryn, görýärin kino,
Içýärin siropy, iýýän eskimo.
Awtobusa münýän, pyýada ýörýän,
Müňlerçe mylaýym ýüzleri görýän.

Pikir ýumagyny dynman çözleýän:
Men kimi gözleýän? Näme gözleýän?
Men tomusmy, gyşmy, güýzmi ýa ýazmy,
Köpi gözleýärin, tapýaryn azy.

Indi il içinde bolup gezende,
Düşündim men:
Hil-hil eken jemende.
Adam bar — ömründe açylmaz gapy,
Şony ýigrenýänme begenýän gaty.
Adam bar — bar kişä açylgy gapy,
Şony söýýänime begenýän gaty.
Biriniň gussasy gynaýar meni,
Biriniň kyssasy gynaýar meni.

Şeýle aladaly, gussaly gezýän,
Men kimi gözleýän? Näme gözleýän?

Men kimi gözleýän? Näme gözleýän?
Jogabyn tapmasam özüm günäli.
Ýöne il bagtyna guwanyp bilsem,
Ýöne il derdine gynanyp bilsem,
Diýerin: «Gözläpdim men şu hünäri!»

Gezýän bulwarlarda, trotuarlarda,
Çümýärin pikire hiç ýana bakman.
Eger il derdine gam çekýän bolsam,
Diýmek, gözleýänmi taparyn hökman.

*1964*

## *Meniň dostum*

Deňiz — asfaltlanan, suwlanan meýdan.
Bar-da, oý-hyýalda gezim ediber.
Deňiz parahatka synla bir meýdan —
Ruhuň deňiz bilen hezil ediner.
Ol paýhasly goja —
Danadyr örän.
Tolkuny — maňlaýynyň gasyny ýaly,
Sen ol gasynlary sana-da göräý,
Her gasyn bir ýylyň geçiren ýoly.
Deňiz bilen syr alyşyp durmaga —
Derdim bölüşmäge utanamokdym.
Men şunça uzaga gözüm diksem-de,
Ýeke gözýetime gözüm ýetýärdi.
Onuň gözýetimne gutarma ýokdy,
Men entek durmuşyň bar ýollaryna,
Ähli çuňluklarna ýetip görmeli.
Ýöne mende şeýle kada döredi:
Mydam meniň bilen deňiz ýörmeli.

Goý, söýgimde gözýetimim bolmasyn,
Goý, il üçin hasrat çeken günlerim
Şol gaýgymda gözýetimim bolmasyn.
Men, bilýärin, ýigrenmelem bolaryn,
Ýigrenjimde gözýetimim bolmasyn.

Men ha ýerde gezsem, ha gökde uçsam,
Kynçylyk duzagyn guraýsa eger,
Elmydam, elmydam ýürekdeş dostum.
Deňiz meni gözlär kömege geler!

*1964*

* * *

Ilkinji goşgulam edilende çap
(Şu günki deý düşýär meniň ýadyma),
Gazeti maňlaýma, gözüme oýkap,
Beýik sözün goşardym men adyma.

Men özüme beýik, geniý diýerdim,
Menden başga şahyr ýokdy dünýäde.
Başda goşgy, soň özümi söýerdim,
...Indi o duýgular düşenok ýada.

Taryn kaksaň, goşgy ýagar liradan,
Emma bilýäň ýetmeýänin towunyň.
Ah, beýiklik, ah, genilik nirede,
Gaýta öz-özüňden geçýär göwüniň.

Gazeti okýaň-da, goýýaň gapdalda,
Çilimiňi otlap, owurtlaýaň çaýyň,
Çykan goşgyň üýtgeşik bir zat däl-de,
Adaty zat, agşam dogşy deý Aýyň.

Şeýdip, sowaýarsyň şygyrdyr söze,
Emma seň ýadyňda şol bagtly gün.
Ýok, bize ýetenok, ýetenok bize,
Ilkinji söýginiň belent şatlygy.

## *Kämillik*

Aladamy, umydymy salyp ýürek kisäme,
Ýürekleriň şa ýolunda döküp maňlaýdan derim,
Her günümden, her aýymdan bir täzelik küýsärin,
Şeýdip, Kämilligim, saňa mydam meýil ederin.

Men seniň ugruňda borun eger tende jan bolsa,
Ýöne saňa ýetenimi ömürbaky bilmäýin.
Goý, her şygrym Kämillige bir basgançak ýetmesin,
Öz-özümden razy bolup, saňa baka bilmäýin.

Kämilligme ýetmäýin ýoluň orta bilinde,
Goý, ömrümiň her güni oňa täze ýol salsyn,
Her bir şygrym bir Kämillik basganςagnyň ahyry,
Soňra täze Kämilligiň — ikinjiniň başy bolsun!

*1964*

## *Gözellik*

Ýok, men Gözellige ýuzleý düşnemok,
Şonuň gudraty deý gudrat görmedim.
Wakalaryň, häsýetleriň, işleriň
Özeninden gözelligi gözledim.

Mermerden gyz döreden-de Pigmalion,
Ussahanasynda işlänmiş ýalňyz.
Elladanyň tukat harabasyndan
Biziň döwrümize ýetipdir şol gyz.

Ol bize güýç berdi. Synlap gönendik,
Diýdik: «Ýyllar geçýär, galýar Gözellik!»
Gözlerinden däne-däne ýaş döküp,
Hasrat çekip «Şatlygyny» ýazanda,
Gördük Gözelligin Bethowenmiziň
Bagtsyz täleýinde, bagtsyz gözünde.

Ol bize ruh berdi. Diňläp gönendik.
Diýdik: «Ýyllar geçýär, galýar Gözellik!»
Ol beýik Wolganyň sag kenarynda,
Bir daban ýer üçin dökülýärkä gan,
Kombata atylan ajal okuny
Döşi bilen alyp galdy gahryman.

Ol diňe kombaty halas etmändi,
Soldatyň yzynda misli gök palas,
Çyrpynyp akýardy mukaddes Wolga,
Aňyrda Russiýa bolupdy halas.

Soldat ýere bereninde döşüni,
Öňünde Gözellik egdi başyny.
Bu gözel durmuşy gorap ölenler,
Baky bagtyýardyr, baky Gözeldir!

...Bir gözellik pak şänige meňzeýär,
Gözellik bar, öwşün atýar nury ýok.
Jebir-jepalarda dörän Gözellik,
Seni wagt ýumuryp, ýuwdup bilenok.

*1966*

## *Beýiklik*

Men düýbünden beýle bolar öýtmändim,
Çünki bary bilen höwrügerdim men:
Baglara şatlygym ederdim beýan,
Ýollara gür biýrdim ähli derdimden.

Men düýbünden beýle bolar öýtmändim,
Ýöne olaň bary şeýle bolupdyr:
Pes bolupdyr beýik diýen baglarym,
Uzak diýen ýollam has gysgalypdyr.

Beýikligi üçin ýüzüme sylan
Baglarmyň halyna dözmeýär ýürek.
Ine, şu hakykat ýakmaýar maňa,
Şu duýgymdan aňsat sypmasam gerek...

Çagalykdan beýnä siňen ynamlar
Ýyllar geçip, çagşan jaý deý synýarlar.
Bu ahwala akyl ýetirdigmizçe,
Ýene şonça syryn açýar dünýäler.

Ýene uzap gidýär ýollar-ýodalar,
Başga beýik baglar güwleýär gökde,
Ine, şol uzaklyk hem beýiklige
Ynamym durmaýar belli bir çäkde.

Şeýdip, agyr oýda her kemçilikden
Akyl ýygnap, ölçäp-jemläp yzymyz,
Kalbymyzda dörän täze ynamlar
Düýbi pugta sütün kimin mizemez.

Gözýetimden gözýetime uza, ýol!
Peseldim diýip, beýik bagym, tutma ýas!
...Gürrüň baglaň peselşi hakda däl,
Özümiz baglar deý beýgelip barýas.

*1965*

## *Saňa garaşýan*

Meýdan güli küýsände, —
Saňa garaşýan,
Üzümlermiz güýzände, —
Saňa garaşýan.

Gije gündize maýyl,
Asman ýyldyza maýyl,
Jeren çöl-düze maýyl, —
Saňa garaşýan.

Hoş söze teşne kimin,
Men bir ýarylan zemin,
Seň garaşýanyň üçin, —
Saňa garaşýan.

Çölde üşesem — oda,
Suwda azaşsam — ada,
Men ullakan bir zada, —
Saňa garaşýan.

Seň özüň kim? Ýa näme?
Haçan injek synama?
Ýüzümi tutup şama —
Saňa garaşýan.

Sen meň üçin — oňat päl.
Sen meň üçin — hoş hyýal.
...Mundan artyk mümkin däl, —
Saňa garaşýan.

*1966*

# *It*

Ol ak tüýli, diýseň gowja güjükdi,
Bantigi-de bardy akja esgiden.
Arman, onuň akja ýüzi öçükdi,
Arman, üýrmeýärdi güjük Moska deý.

Iýilende ertir, agşamlyk şamy,
Boýnun burup, sessiz emenenokdy.
Ýokdy janaweriň damarda gany,
Aslynda, ol itiň damary ýokdy.

Şagalaňly köçelerde ykmady,
Tekjäniň üstünde geçdi her güni,
Oň iýmiti üçin ýal gerkmedi,
Puluň özi bilen bakdylar ony.

Bedasyl pişigiň berýän kötegne
Gulajygyn sallap, çydam edýärdi,
Işi — hojaýynyň berýän köpügni
Agyz däl-de, ýeňse bilen ýuwdýardy.

Onuň bolsa, özge itler mysaly,
Üýresi gelýärdi uzyndan-uzyn.
Oň hyýaly — ähli itleň hyýaly —
Itiň güni diýseler-de, örän kyn.

Oýun. Ygmak. Söýmek. Undup bar zady,
Adam nebsin saklan bir betbagt itdi.
Ol öz täleýinden şeýle närzady, —
Tas jansyz halyna ýöräp gidipdi.

...Köçede keýp bilen it üýrse batly,
Onuň daş ýüregin oda daglardy;
«Üýrüber, doganym, sen örän bagtly,
Üýrüber, doganym!» diýip aglardy.

*1964*

# *Ýalňyşlyk*

Näme diýse, şony diýsin özgeler,
Meniň bu meselä öz garaýşym bar:
Adam ýalňyşýarmy, diýmek, özgerer,
Diýmek, oňa soňra ösüş garaşýar!

Alym bolsun, işçi bolsun ýa aşyk,
Ýa-da meýdanlaryň häkimi daýhan,
Olar ýalňyşlyklaň üstünden aşyp,
Ýeňişi özüne çekerler hökman!

Olara duruw ýok. Olarda güýç bar,
Olar bulaşyp ýör maňlaý derine.
Otluçöpüň dänesi deý sürtülýär,
Olar şowsuzlyklaň kükürtlerine.

Durmuş Kiselýowyň «Algebrasy» däl,
Durmuş algebradan çylşyrymly has.
Onda ýalňyşmagam asyl günä däl, —
Çünki ýalňyşmazlyk üçin ýalňyşýas.

Bilýän ýalňyşmaýan adamlar-da bar,
Syn etseň, wagty hoş, gowy ýalydyr.
Emma, gör, termosa guýlan suw kimin,
Ne bir ýylaýandyr, ne sowaýandyr.

Ýalňyşýanlaň lapy keçdir elmydam,
Gynansa buzdur ol, begense — otdur.
Ýalňyşmasyn diýip başga bir adam,
Onuň ýalňyşmagy bilseň oňatdyr.

Ýer ýüzüne tohum sepiň, el ýetse,
Tohum sepip utulan ýok, utan bar.
Il-gün üçin sähelçe-de haýr etse,
Işiňizde ýalňyşmaga utanmaň!

*1964*

## *Aldawçy awçylar*

Çeşmäniň başynda üç awçy otyr,
Ak pyýala al şeraby guýýarlar.
Humar bolup dagyň agyr ysyndan
Bir-birine oňat sözler diýýärler.

Soňra gezegine öwünýär olar,
Asyl, boş geçenok atylan oklar.
Häsin ýetirse-de biri-biriniň,
Olar bir-birine ynananoklar.

Iki maral urýar bir okda biri,
Beýleki bir okda — durna sürüsin.
Üçünji şeýle bir çypdyrýar welin,
Ol ikisi diýýär: «Hak ynsap bersin!»

Emma şo hal iki maral uzakda,
Ýaňja bolan balalaryn ýalaýar.
Bir okdan ölmedik durna sürüsi
Gök Ýefratyň kenarynda ýaýnaýar.

...Dökýär üç aldawçy gazet üstüne
Kolbasa, konserwi — ýaglykda baryn.
Başga adamlar-a bilemok welin,
Men-ä şeýle awçylary söýýärin.

*1972*

* * *

«Äý, näme söz diýjek Pyragydan soň?»
Diýip, gaş çytýarsyň ýeserlik bilen.
Hoşa goýan bolsa, şoňa-da şükür,
Şoň goýan hoşasam ýeterlik bize.

*1969*

* * *

Käbiri gaýradan, käsi ilerden
Ýürek bilen gulagyma guýdular.
«Sen hokga çykarma, ýigit, boş ýerden,
Amerikany açasyň ýok» diýdiler.

Beýle açyş hakda edemok hyýal
Men başga bir ýagşy ýurduň gurbany.
Siziň üçin Amerikany açjak däl
Siziň üçin açjak Türkmenistany!

* * *

Men öňdenem bilýärdim —
Beýle däl, beýle:
Köp oýnadym bilýardy,
Köp çykdym seýle.
Men asyl ýok diýmedim,
Meýlise gitdim.
Soňra eşdip gybatym,
Ýakamy tutdum.

Ikiýana çarp urdum,
Aýlandy başym,
Jorap kimin çalşyrdym
Dostdur ýoldaşym.

Bir seretsem, dost nire —
Boşapdyr daşym.
Eý, çekgäňden ak giren,
Garagol başym!

Mep otura-otura
Ýanna gapanyň,
Diýdim: «Ýetip otuza
Şumy tapanyň?»

Her kim özüçe alýar
Ýakan odundan.
Ýöne ýitgiň köp bolýar
Tapan zadyňdan.

Tapan zadyň azajyk,
Ýas bilen toýda.
Seniň bilen aglajak
Syrdaşyň kaýda?

Bu niçiksi geň gylyk?
Bilýäs has soňra:
Owal-başda ýykylyp,
Aglaýas soňra.

Geçen başyňa külpet
Meýlisde — öýde.
Diýýärler maňa: «Ülpet,
Seniňki öňde!

Çapyber saga, ülpet,
Çapyber sola,
Ýitirenleň, sabyr et,
Tapylar soňra!»

Keýpiň bolmaz ýazyňda,
Işde, öýüňde.
Ýitireniň yzyňda,
Galany öňde.

Belki, hoş bor geljegiň.
Oň gürrüňi ýok.
Ýöne seni geçeniň
Rahat goýanok.

Bilmän, günde nämeden,
Külterläp ýoly,
Ýaşamaga täzeden
Başlaýan ýaly...

*1969*

## *Dost waspy*

Uzyn gije uly öýüň iç-daşy,
Ýüregiňi gyýyp barýan agydy.
Ertesi gün, gün guşluga galanda,
Mazarlyga äkitdiler tabydy.

Dört gerçegiň gerdeninde şo tabyt,
Dört tigir üstünde barýan ýalydy.
Nebir ynjaýardy, ne bir sarsýardy,
Ol howada uçup barýan ýalydy.

Ýöne nämüçindir şol dört gerçegiň,
Birine bu tabyt düşýärdi agyr.
Gözüne der inip, haşlaýardy ol,
Äpet egin bolsa, bolupdyr ýagyr.

Kömege gelene ýaýkaýar başyn,
Guran goluna hem berenok dynjy.
Gussa-ünji hemmeleri maýrypdy,
Ony hasam maýyrypdy şol ünji.

Ýadanlaň ýerini ýadanlar tutýar,
Ýadan bedenlere güýz ýeli urýar.
Ses eşdildi: «Wah, bu gerçek iň söwer
Dostun mazarlyga äkidip barýar.»

...Her näme diýsegem, ölýär adamlar —
Yzda eser galýar. Galýar saz, mukam.
Ýöne bizi şeýle ünji-gam bilen,
Gerdeninde göterjekler barmykan?

*1968*

## *Erteki we hakykat*

Gyz diýenmiş: «Çyn bolsa seň söýýäniň,
Symrug getir — gözelligi dünýäniň.»
Ýigit gyzyň buýrugyny bitiren,
Uzak ýurtdan symrug guşun getiren.

Ýene biri gylyç dakyp biline,
Gidenmişin aždarhanyň iline.
Kesip olaň kellesiniň baryny
Tapanmyşyn anbar ysly bägüli.

Bägül alyp ýar ýanyna gelenmiş,
Aýşy-aşrat bilen meşgul bolanmyş.
Menem öz ýarymy jandan söýýärin,
«Buýrsaň, symrug getireýin» diýýärin.

Seni söýýänligime düşünip aýan,
Ýaş başyňy iki ýana ýaýkaýaň.
Saçymy sypaýaň. Ýylgyrýaň. Diýýäň:
«Ömür goýbermerin! Men seni söýýän!»

*1968*

## *Gorkaklar*

Olar bar zatdan gorkýar,
Başda bezzatdan gorkýar.
Bir gün özünden gorkýar,
Diýen sözünden gorkýar.
Gorkýar gögüň durşundan,
Ýaşlaň aýak urşundan.
Bir dogry sözden gorkýar,
Arassa gözden gorkýar.

Baha berilse birden,
Zyýanam ýok olardan.
Ýoldan barýan seretse,
Diýer: «Ýuwaş neresse.»

Olar ýüzüňe bakmaz,
Olar zemine bakar.
Çola burçdan öwrülip,
Arkaňa pyçak sokar.

Gorkamok men hiç zatdan,
Aýdyň gözden gorkamok,
Dogry sözden gorkamok,
Gaýta her gün, her aýym,
Söýýän olary gaýym.

Aždarhany getiriň,
Mende şindi gurp kän!
Gorkýan ýeke bir zatdan
Gorkaklardan gorkýan.

*1968*

* * *

Adamlary söýmek — ýeňil iş däldir,
Adamlary söýmek — uly hünärdir.
Kimler demir ýenjip, söýýändir ony,
Kim Sibirden geçip, söýýändir ony.
Serhetde adamy söýýändir esger,
Şahyr adam söýüp ýazýandyr eser.

«Adamlary söýýän!» diýip gagyrma
Bu bir boş sözlere sarpa goýmakdyr.
Sen gygyrma. Hünäriňi dowam et,
Şunuň özi adamlary söýmekdir.

*1968*

## *At goýmasy kyn goşgy*

Tohumyň bolsa — zemine eçil,
Pähimiň bolsa — iliňe eçil.
Deňiziň bolsa — kenara eçil,
Kenaryň bolsa — deňize eçil.

*1968*

## *Sähram ne giň, ne dar*

Sähram ne giň,
ne dar —
oňşarça bardyr,
Mizemez bakydyr onuň binýady.
Kimlere
bu sähram jaý kimin dardyr.
Kimler üçin — uç-gyraksyz dünýädir.

Gülüp, oýnap, aglap, söýüp, hoş bolup,
Geçen kändir, gurup bazar dükany.
Ýöne seniň üçin, bilýärin, Kolumb
Açan däldir uzak Amerikany.

Bu ýollar uzakdyr,
uzakdyr umman,
Peýda bolmaz uruberseň,
kürekden.
Az ýol geçseň, oňa etmegin arman,
Az ýoluňy söýüp geçgin ýürekden.

Her bir dähedemin ýüzüňe sylgyn,
Teşne kimin öpgün her bir dessemin.
Sähraň bary üçin
gyljyňy syrgyn,—
Öňde-soňda bardyr öýtseň etsemim.

Her daban topragy dünýä deý açsaň,
Mähriň berseň bu ümmülmez düzüňe,
Sen her ädimiňi gül edip geçseň,
Şeýtseň,
sähram giň görüner gözüňe!
Bulut oýnap, gelse sähramyň joşy,
Kaklary aýnadyr. Şekliň — içinde,
Şu giden sährany dar gören kişi
Orun tapmaz ýedi yklym içinde!

*1967*

## *Gojalyk*

Tomusda gyş hakda şygyr ýazýaryn,
Baharda güýz hakda ýazýaryn şygyr,
Şu günki gün hakda ýazmaly ýaly,
Emma men düýn hakda ýazýaryn şygyr.

Gül-gunçalaň, gyzlaň deňinden geçdim,
Geljek üçin şerap içdim badadan.
Juwan günlem gojalykdan söz açdym, —
Gojalyk diýilen buzly adadan.

Haý diýmän, gojalyk gapymy kakar,
Oňa bakyp diýrin: «Men saňa taýyn!»
Gojalyk ahmyrdan göz-ýaşyn döker,
Diýer: «Bu jebire neneň çydaýyn.

Maňa seniň toplan aklyň ne derkar?
Akylly bolsamam ýörün dereksiz.
Maňa sende borum üçin minnetdar,
Juwanlygyň, juwanlygyň gerekdi.»

Ol aşak çöker-de, diňlär böwrüni,
Bu gamgyn halyna jiger daglaryn —
Juwanlykda garrap giden ömrümi,
Oň üstüne atanyma aglaryn.

Ýöne şindi juwanlygym ýanymda,
Bir dilegim: sizem ýanymda boluň!
Bize berlen ömrüň giň meýdanynda,
Her paslyň gülüni wagtynda ýoluň!

Äkidiň siz şol günleri — gülleri,
Olar gojalyga dermandyr derman.
Juwanlygyň tapylgysyz günlerin
Hiç ýele, hiç şere, tupana bermäň!

Uzakda gojalyk eli hasaly,
Bize garap otyr, haly-da harap.
Juwan ýaşaň,
soňra lukman mysaly,
Ony ýaşlyk bilen ederis halas.

*1967*

# *Duralgalar*

Aladaňdan
ak atyny
gamçylap,
Alaňlardan
Aşyp barýar alaryp.
Aladaňdan — ne bir
gije,
ne gündiz,
Iki reňkiň arasynda aralyk.

Aralykda haýdap barýar otlymyz,
Göwün gerip bu arassa sähere.
Argyn,
agyr salam berip girýär ol,
Kiçi duralga
hem
uly şähere.

Her halda ýaşamak gyzykly örän
Näçe ýaşa,
Ýaşamadan ganma ýok.
Geçen günler
galýar duralgalarda,
Indem oňa asyl-asyl dönme ýok.

Ine,
ýene öňümizde duralga,
Bilýän,
Ol şahyra sorag berer kän.
Bu duralga men nähili ýüz bilen,
Men nähili
täze sözli bararkam?

Bahar gülleriniň näzikliginden,
Posa berip otla müňlerçe ýola,
Oňat arzuw bilen gözel gyzlarmyz,
Bizi alkyşlaýar bagtly ýola.

Gojadyr çagalar golun galgadýar,
Olar
salamyna mährini goşýar.
A meniň ýadyma ýene şäherler,
Uly söz aşygy duralga düşýär.

Durmuş!
Bu gykylyk,
uly gürrüň däl,
Agramyň elmydam
egnimde galsyn.
Ýaşaýyşda
bir dilegim, niýetim:
Köpräk duralgam,
kenarym bolsun!

Eger galgap dursa
mähirli gollar,
Gojalar ýüzlense: «Inerim, arma!»
Ynamym:
bararyn täze söz bilen,
Ähli duralga hem kenarlaryma!

Duralgalam!
Kenarlarym!
Garaşyň!
«Gijä galýaň,
gijä...»
diýip ökünmäň!
Aladaňdan sürüp barýar
al atyn,
Basym gündiz,
Basym — bararyn hökman!

*1969*

* * *

*A. Agabaýewe.*

Görmedik baglaryň gözel ýalydyr,
Görmedik ýurtlaryň täsin ýalydyr.
Geň-taň işler bolup geçýär dünýäde —
Gözler mydam görmediginiň zarydyr.

Müsür piramidalarynyň öňünde,
Namazyny okap gutaran fellah,
Guwansa-da Niliň keramatyna,
Ýene Eýfel, Jamna edýändir telwas.

Garagumuň bar depesin bilsem-de,
Gözlerim ýene-de Saharaga zar.
Her näme diýsegem, görmedik zadyň,
Gadagan edilen gadyrly bolýar.

Şeýdip, uzak ülkelere gidýäris,
Göz bilen gulaga dönüp durşuna.
Syn edýäris garyplygyň, baýlygyň,
Ejizligiň, wagtyň akyp barşyna.

Bizi haýran edýär özge binalar,
Kiçi, uly ýurtlaň gadymy däbi.
Arapda çekilen derdi-azarlar,
Şarapda müňleriň pygany dälmi?!

Keşt edip ýörüs biz ýakyny-ýady,
Der ysyna mäjum edip köýnegi.
Şeýdip, öwrenýäris teşnelik bilen
Öz iliňi, watanyňy söýmegi.

*1968*

## *Akar suw*

Akar
akar saz edip,
Sen kenara gelersiň.
Şäher şowhunyndan soň,
Uludan dem alarsyň.

Akaryň agyr ysy,
Güller, otlar, tämiz ýer,
Epteklerde ýok derman
Bolup, ruhuňa siňer.

Sen ýeňilsiň, bagtlysyň,
Köňül keýpden doludyr.
Göräýmäge başga zat
Gerekmejek ýalydyr.

Ýok! Sen keýpi-sapanyň
Depesine çykarsyň,
Akar
akar saz edip,
Sen hapaňy dökersiň.

Birden özüňe gelip,
Bet işiňi saklarsyň.
Yrga akylyň bilen
Garalygňy aklarsyň.

Akarlaň däbi şeýle,
Onuň ahy-zary ýok.
Ol özüni tanaýar:
Akar suwuň hary ýok.
Akar
uzaga akar,
Oba ak bolup geler.
Har bolmaýar harlanan,
Harlan kişi har bolar.

*1968*

## *Sönen wulkanlar*

Ýyllar nämemişin, asyrlar boýy
Güwläp, lawasyny akdyran wulkan,
Aldy-da, sönäýdi günleriň biri,
Sönmeginiň düýp sebäbi nämekän?

Bir jogap bar: tebigatyň kanuny —
Ýanýar wulkan, diýmek, ýaşaýar wulkan.
...A men bir adamyň şaýady boldum,
Wulkan kimin ol sönüpdi dirikän.

Emma şeýle günler, ýyllar bolupdy, —
Onuňam ýylysy ýyldypdy ýeri.
Olam wulkan kimin ýanyp ýaşapdy,
Ýykylana uzalypdy elleri.

Göreşmek adamyň beýik hormaty,
Göreş adam üçin görk-görmekdir.
Dünýede iň elhenç tomaşaň biri,
Wulkan däl,
Adamyň sönşün görmekdir.

*1964*

## *Ikiýüzlüler*

Men bu pikirimde yranmaýaryn!
Aslynda beý diýmek nämäňe derkar?!
Ikiýüzlülere ynanmaýaryn,
Adamlaň ýagşysy, ýamany-da bar.

Hawa, adamlaryň ýamany-da bar,
Men olary ýigrenýärin ebedi.
Olar ýaşap ýörler ilden «assyryn»,
Siz düşüniň: şu erbediň erbedi,

Iş ýerinde, awtobusda, köçede
Ýa-da tanyşyňka bolaýsaň myhman,
Şeýle adam seň keýpiňi keç eder,
Şeýle adam özün tanadar hökman.

Oturşyga bile gelen dostunyň,
Sebäp bilen daş çykarna mähetdel,
Üstün açyp oňa bolan kastynyň,
Işdä bilen gybat eder şol hakda.

Durmuşda köp duşdum ikiýüzlä men,
Şeýle duşuşykda köp zat ýitirdim.
Ýöne bulaň bary misli ekzamen —
Ýagşylara şeýdip akyl ýetirdim.

*1963*

## *Hamala*

Ýazýarlar: aý aýlanar, ýyllar dolanar.
Ölerin, owazym ýaňlanar doly.
(Hamala, bir zatlar ýazyp geçeniň
ýazany zamana galaýjak ýaly),

Ýazýarlar: düşeňzok şygyrlaryma,
Ýüz ýyl geçsin. Hany soňam göräli!
(Hamala, ýüz ýyldan soňky adamlar
öňkülerden akmak bolaýjak ýaly).

Ýazýarlar: şygyrlam — beýik perzentlem
Ölsem-de, uzaldar bu gysga ýoly.
(Hamala, wagt şygry duza gapgaryp,
Soň olary beýik edäýjek ýaly).

Näme ýazmaýarlar!
Hudaý saklasyn!
Bir goşga üç sany giň beýannama.
Ölmejek goşguly «Ertirki şahyr»,
A bu gün näme?

## *Ýaş şahyr*

Haçan
          tolkun atyp,
                    syrylar mahmal?
Garaşýar student,
                    pagtaçy,
                              montýor.
Çerkez ýapynjasyn atynyp,
Sahna
çykýar ýigrimi ýaşly Lermontow!

Çykýar
ähli juwan hyjuwy bile
(Ol şeýle tekepbir, merdem hemişe!)
Lermontow okaýar,
okaýar ýene.
Zal bolsa güwleýär:
«Ýene-de Mişa!»

Iň başky hatarda oturan gözel,
Gözün aýrabilmän, gaşlaryn görýär:
«Ah!
Siz serediň, Maňlaýy, gözem,
Ýüzem ýaşlyk bilen ýylgyryp durýar!»
Ah, gözel, gerek däl ýüzüň sallamak,
Ol
entek telpegi agmadyk
sallah!

...Gün geçer:
Edebi gazetde
düýnki
agşam hakda
habar ýazylar hökman:
«Ol entek ýaş.
Ýöne, mümkin zat, mümkin,

Ondan uly şahyr çykmagam ahmal!»
Menem ol habary okaryn,
Ýöne
Şu habar bolar meň iň agyr ýüküm.
«Sen, ülpet, özüňden hoş bolup ýörme —

Diýerin —
Mişa kim?
Gurbannazar kim?»

Ine, şu duýgudan halas bolma kyn,
Şu duýgudan arkam bolupdyr ýagyr.
Lermontow ýaş şahyr bolany üçin,
Bu ady gazanmak agyrdyr-agyr.

*1965*

## *Poeziýa diýen zat nämekä?*

Bolsaň eger diregsiziň diregi,
bir aglap durana teselli bolsaň,
dünýäň ähli nähoşunyň deregne,
diňe sen, diňe sen keselli bolsaň,

seniň sözleriňi sözlerne goşup,
aşyk ýigit söýýän gyzyna aýtsa,
ýekeje setiriň ýadyna düşüp,
betpäl bet pälinden yzyna gaýtsa,

göni baksaň päk gözlere bakaňda,
demir gözleginden altyn äkelseň,
ýow günüňde bedew ata çykaňda,
diňe öňki hatarlarda ýykylsaň,

biziň juda söýen watanymyzda,
mydam çörek bilen aýdym-saz bolsa,
uzak Hindistanda tamdyr gyzanda,
şoň ýanynda el serenler az bolsa,

ýalan söz ýerinde durup bilmeseň,
gural bolsaň dünýäň derdini syzýan,
diňe, diňe sen perwaýsyz bolmasaň
şudur, meniň pikirimçe, Poeziýa.

*1974*

## *Üç atly*

*Alym Köşekowa,*
*Kaýsyn Kulyýewe,*
*Resul Gamzatowa.*

Agşamara ýüzün tutup şemala,
Ýapynjasyn galgadyşyp üç atly,
Bir ýaýdan goýberlen üç peýkam bolup,
Daga tarap atyldylar haýbatly.

Obalaryň, mazarlaryň, ýaýlalaň
Halyn sorap, aňry geçip barýarlar.
Ýok, üç atly ýöne-möne baranok,
Olar ganat baglap uçup barýarlar.

Uzaklarda gerçeklerne guwanyp,
Ak telpegin bulaýardy Elbrus,
Olaň billerinde şapak nuruna
Hanjarlary nur goşýardy — elhepus!

Atalardan galan kesgir hanjary
Ýöne ýere göterenok gerçekler,—
Ýamanlygy dogram-dogram etjekler
Ýagşylyga ýürekde ýer berjekler.

Ýanlarynda daglylaryň şeraby,
Dodak bassaň damarda gan dyňzaýar.
Zemin sarsýar bedewleriň gurbundan,
Atyň naly ýarym aýa meňzeýär,

Türkmeniň atlaram şöhrata baýdyr,
Obalaram bardyr setirme setir,
Gylyjy diýjekmi! — Gynyndan çykar,
Soň başyň ýaýka-da, sygyr-da otur.

Daglarmyzyň beýikligne guwanýas.
Aglaýas gadymy mazarlarmyza.
Büzmeýin üzümniň güýçli şerabyn
Datsak, golaý gelmez azarlar bize.

Menem gylyjymy dakyp bilime,
Atlanaryn ýollaň piri gyrata,
Soraryn perişde sypat gojadan:
«Aýt, ýaşuly, şol üç atly nirede?»

Salgy alyp üç atlynyň ugruny,
Süpürip maňlaýdan syrygýan derim,
Obalaryň, dag-daşlaryň, ýaýlalaň,
Mazarlaň deňinden geçip giderin.

Rehimsiz hanjardan, gylyçdan ölen
Men diýen gerçekleň namysyn-aryn
Ruhuma siňdirip, bu ajap dünýäň
Betlagamlaryndan alaryn aryn.

Bir gyzgyn sährada daljygyp atym,
Ýanyn ýere berse, ýaş döküp gözden,
Ýeňim bilen gözýaşyny süpürip,
Üç atly, delalat islärin sizden!

«Ýigit, seň niýetiň oňat!» diýsinler,
Parhy ýok, üç atly, zaryndan zaryn,
Biziň kärimizde ýagşy niýetiň
Ýarym döwlet däldigine aglaryn.

Howlugýanmy? Gijä galýan? Bilemok,
Jemlesem-de paýhas-aňymyň baryn,
Ýöne entek tabşyrylan gyraty
Siz deý çapyp bilmeýänme aglaryn.

## *Döredijilik üçin*

Şahyrlar, artistler hem hudožnikler
Tost aýtmakdan ýaňa titräp, galdyrap,
Döredijilik üçin arzuwlap köp ýaş,
Döredijilik üçin içýärler şerap.

Özlerine bolan päk ynamlara
Endikli köwüş deý perwaýsyz garap,
Hem ýoluň, hem döwrüň ýakalarynda
Döredijilik üçin içýärler şerap.

Jadylanan töwerek deý, günlerem
Geçip dur, geçip dur sakgalyn darap,
Şahyrlar, artistler hem hudožnikler
Döredijilik üçin içýärler şerap.

Nirdendir bir ýerden bir adam barýar,
Şyltak arza bilen ýüregin sarap.
Bu ýerde şahyrlar hem hudožnikler
Döredijilik üçin içýärler şerap.

Uzak Sibiristan ilinde ýören
Alymyň ýüzüne urýar gar syrap.
Bu ýerde artistler hem hudožnikler
Döredijilik üçin içýärler şerap.

Bir ýerde şahyrlar terjimehalyn
Ýazýarlar döwüriň ýüzüne garap,
A bu ýerde bolsa, undup dünýäni,
Döredijilik üçin içýärler şerap.

Terjimehal nirde, döwür nirede?!
Bulaň öz duýmaýan bir hasraty bar:
Saglygyň irginsiz dilenýäninden
Döredijilik soňky demin sanaýar.

Bu käriň özüniň häsiýeti bar.
Bar onuň gazaply, näzik gylygy:
Döredijilik seni unudyp biler,
Eger sen unutsaň döredijiligi!

## *Şahyr bilen ulus-iliň arasy*

Ülkäm güýz paslynda neneň ajaýyp!
Ajap onuň giç açylan gülleri.
Saralan ýapraklar howada gaýyp,
Uçup ýör atlanyp ýüwrük ýelleri.

Ak pellerde gün nuruna beslenip,
Öwşün atýar ak pagtamyz enaýy.
Akarlarda sowan suwlar seslenip,
Akyp ýatyr ýada salyp gün-aýy.

Gyrasynda maşyn,
Otly ýollarnyň,
Ak bagtymyz ak pamygyň käni bar.
Bir ýerlere barýan adam ellerniň
«Bulanşynda «Armaň!» diýen many bar.

Bizem çykdyk bu gün atyz-pellere,
Gezdik ýurdumyzyň oba-şäherin.
Güýz gelen ekeni biziň illere,
Ýada salyp bolçulygyň baharyn.

Şygyr okap berdik agras güýz güni,
Gämi kapitany — inerlermize,
Näzik elleriniň pamyklygyny
Ak pagta siňdiren gözellerimize.

Wasp etdik ýer sürüp ekin ekeni,
Şygyr eken argynlygyň çäresi.
Gördük neneň,
Niçik ýakyn ekeni
Şahyr bilen ulus-iliň arasy.

Görüp adamlaryň yhlasyn Söze,
Düşelgeden ol düşelgä ýördük biz.
Biziň daýhanlara,
Daýhanlaň bize
Teşneligniň gandyrlyşyn gördük biz.

Gezmek,
Görmek,
Iliň halyny bilmek,
Owal-başda şahyrlaryň käridir.
Şeýle adamlaryň şahyry bolmak,
Dünýede ýetdirmez bagtyň biridir.

*1972*

## *Erbet goşgular*

Erbet goşgy... Olar dürli-dürlüdir,
Käsiniň suwy kän, duzy bolsa az.
Käsi boş taňňyra ýokardan gaçan
Daş sebäpli dörän ýakymsyz owaz.

Käsi nädogrudan ýoluny başlap,
Özüni müň dürli külpete salar.
Subut etjek bolup nädogry zady,
Goşgy öňküdenem nädogry bolar.

Käsi bolsa... Çykaryp bir hokgany,
Iki ikiň jeminiň jedelin eder.
Muny çözmek üçin birje ýol barka,
Ol alar-da, egri ýollardan gider.

Egri ýollar şahyr üçin hatarly,
Ýöne dogrudanam ägä bol, şahyr!
Käte dogry pikriň artyklygyndan
Nädogry goşgy hem döräýýär ahyr.

*1965*

## *Ballada*

*(Gözel Italiýa topragynda faşistlere garşy göreşde wepat bolan türkmen ýigidi Jumadurdy Sabyrowa bagyşlaýaryn).*

«Sag bol, ene mekan, süýt emen ýerim,
Aglama, ene jan, gaýdyp gelerin.

Süpür gözýaşyňy, bes et ahyňy,
Il üçin dogrupdyň, düşün ahyry.

Döşüni paralap duşman güllesi,
Watan howp astynda durýan pillesi,

Merdem bol, ene jan, bes et ahyňy,
Men halkyň perzendi, düşün ahyry!

Tämizläp duşmandan mukaddes ýerim,
Sag-aman ýanyňa gaýdyp gelerin!»

Gijeler söweşdi. Gündiz söweşdi,
Kiýewi eýeläp, Karpatdan geçdi.

Gan dökdi. Ýykyldy, yza tesmedi,
...Soň ony daş ülkä zyňdy kysmaty.

Gözel Italiýaň mert ogly bile
Ol dogan okaşdy el berip ele.

«Söýdüm asmanyňy, iliňi seniň,
Italiýa, Italiýa, Italiýam meniň»

Gözlände ýigidi faşist esgeri,
Gizledi Italiýa, Italiýaň ýeri.

...Yzladylar ony. Ahyr tutdular.
Soň atyljak ýere alyp gitdiler.

Italiýaň asmany gara bürendi,
Ah urup, Italiýaň ýerem yrandy.

«Kim sen?» Faşist mawy gözlerin
ýumýar,
Ýigit göge bakyp merdemsi dymýar.

Garibaldiň ýurdy Italiýa dymýar.
Otjagazlar dymýar, guşlar-da dymýar.

Soňra Ajal münüp gülläň gerşine,
Ýigidiň erkini alýar durşuna.

Asman gözýaş döküp, güýçli ýel ösýär,
Italiýa türkmeni bagryna basýar.

«Sag bol, ene mekan, süýt emen ýerim,
Aglama, ene jan, gaýdyp gelerin!»

Süpür gözýaşyňy, bes et ahyňy,
Täk seň üçin dogmanma düşün ahyry!»

* * *

Sen ony kyrk birde ýolladyň beýläk,
Ähli ýol-ýodalaň barýan ýerine.
Kyrk üçde birdenkä ýykyldy ogluň,
Seniň bilen duşuşmagyň ýerine.

Ol kyrk üçden turup gaýtmak isledi,
Seniň çal başyňy sypamak üçin.
Ýolagçy otly ýok, komandirowka ýok.
Kyn...

Bagry bilen süýşüp geljegem boldy.
Nätjek, şol kyrk üçden sypyp
bolanok.
Sen ogluňdan gaty görme, ene jan,
Gelip bilenok.

## *Uruş*

Altymdamy?
Ýedimde?
Bilemok aýan.
...Çörek üçin men irden
Dükana barýan.
Dünýe imisalalyk,
Gökde ýyldyz kän.
Saga.
Sola.
Soň göni.
Ine-de dükan.

Uçdy imisalalyk, —
Jagylda-jugul.
Hökman üleş paýymy
Almaly şu gün.

Durdum agyr nobata
Nobatym ýetdi.
Tüýlek, daýaw bir kişi
Döşümden itdi.
Nobatyma durdy-da,
Uzatdy çekin.
Gygyrdym «Nobat meňki!»
Haýkyrdy: «Çekil!»

Ýene durdum nobata,
Süýşdi ol assa,
Ýuka ýürek aýallar
Diýýär «Neresse»,

Wah, bu nobat!
Bu nobat!
Rezin deý süýndi.
Dert pasyl öz nobatyn
Çalşana döndi.

Meň ýöräp däl, asylyp.
Nobatym ýetdi.
Çöregim aldym-da,
Öýmüze gitdim.

Begenjimiň çägi ýok,
Gobsunýar ýürek,
Hyýalymda — öýümiz,
Elimde çörek.

Tegelek gün galypdyr —
Aýdyň töwerek.
Elimdäki çörek deý
Günüm-de çörek!

Köçe imisalalyk
Howa ýüpekdi.
Sola.
Birden şol tüýlek
Öňümden çykdy.

Görüp ruhsuz ýüzüni,
Men galpyldadym.
Özi açmy?
Gözi aç?
Bilip bilmedim.

Ol başda gözi bile
Çöregmi iýdi.
Soňra: «Ýigit, bol, eçil
Çöregňi» diýdi.

Men gygyrdym, möňňürdim:
«Meniňki çörek!»
Pyşyrdady: «Şol çörek
maňa-da gerek».

Çöregimi aldy-da,
Ýeňsämden itdi.
Töweregne garanyp,
Ugruna gitdi.

Men iňledim, içimden
Sanjy tutan dek.
Hol aňyrda äpet gün,
Hol bärde tüýlek,

Dönüp gara nokada,
Ýitdi ol ine,
Tegmil bolup ýapyşdy
Günüň ýüzüne.

...Bu ýerlerde şeýleräk
Akýardy durmuş.
Uzak bir ýerde bolsa,
Ýakýardy uruş.

Ol uruş-a düşnükli,
Ol maňa mälim.
Ýöne, ýeri, bu uruş,
Ýeri, bu näme?

Urşuň bir kadasy bar:
Polky ýok eder,
mazar eker,
ejizleň,
polkun döreder.

Başa düşen synagyň
kynlygna bakman,
ynanýarys: urşy
ýeňeris hökman.

Ýöne şol agyr günler
Ýüzüni açan
ejiz diýen milleti
ýeňeris haçan?..

*1966*

## *Gödek soldat*

Front ýollarynda gödek soldata
Bir gyz aşyk boldy,
Bagş etdi özün.
Söz tapmady soldat oňa diýere,
Kalbyna siňdirip bilmedi näzin.

Günleň biri şinel atyp üstlerne,
Onuňam üstünden atynyp asman,
Ýatdylar
Gödeklik hemem näziklik,
Aradaky uly serhede ýetmän.

Diňe daň çigregi ýakyp başlanda,
Gyzyň düýşleriniň üstüne basman,
Gödek soldat «ýorganyny» bölüşdi,
Gyza şinel düşdi,
Özüne asman.

* * *

Aýakda gabarçak, maňlaýynda der,
Dört ýyl geçenden soň dolandy esger.

Obanyň gaşyna geldi, oturdy,
Çilimini müşdügine öturdi.

Howlukman otlady. Howlukman sordy.
Häzir ajy çilim lukmandan zordy.

Obadyr arada ýeke menzil ýok,
Esger obasyna syn etdi uzak.

Çilimi gutardy. Otlandy ýene.
Gyşardy ýaşajyk otuň üstüne.

Aňyrda ak tamlar, ak öýler üste
Galýardy ýylan deý goýy ak tüsse.

Ýylyň bahar pasly, gün öýle wagty,
Ýigdi uçurýardy duşuşyk bagty,

Esgeriň akyly ýetýärdi oňat;
Oba ýetse oňky sylagdyr hormat.

Uly toý tutulyp, goýun soýular,
Dünýede iň oňat sözler diýiler.

Şeýdip, günler geçer, başgasy geler,
Bagta, güzerana endik ediler.

Ýöne häzir geň-taň humar bolup ser
Obasyna bakyp ýatyrdy esger.

Obasyna bakyp, ýatyrdy häli
Bagtyny azajyk uzaldýan ýaly.

* * *

Uruş gidip otyrdy
Günbatar sary,
Ýigidiň yzynda galdy
Söýgüli ýary.

Şol köpeldi oturdy
Ýüzde ýygyrdy.
Gündiz ak ekin ordy,
Gije egirdi.

Kuwwat berdi gahryman
Ýary biline.
Birjik şübhe etmedi
Diriligine.

«Diri!» diýdi ýatanda,
Turanda: «Diri!»
«Ýok, indi gelmez» diýdi
Näkesiň biri,
Şonda-da, diýdi gelin:
«Diridir diri!..»

Goradymy yhlasy
Ýa-da dilegi.
Ýary agyr söweşden
Dolandy, geldi.

Goňşy-golam sowulyp,
Galyp ikiçäk,
Ýumşak düşek ýazyldy
Üstüne keçäň.

Ýigit şonda sözledi
Daňdana çenli,
Dört ýyllap ýow gününde
Başdan geçenni.

Sözledi ol teninden
Akan ganyndan.
Gaýdanyny ölümiň
Bäri ýanyndan.

Bendilige, horluga
Döz geleninden.
Mauthauzeniň
Şum düzgüninden.

Ýarynyň hor egnine
Goýdy-da elin,
Sessiz-üýnsüz aglady,
Towlandy gelin.

Ol ynanyp bilmedi
Meýmiräp ine,
Ýanda diri ýatanyň
Diriligine.

## *Urşa ýüzlenme*

Oňa kyn söweşde ölendir öýdüp,
Uzak ýerde ýadygärlik dikdiler.
Ýyllar geçdi. Geldi öýüne gaýdyp.
Ýyldyz berip, Gahryman at dakdylar.

...Ine, dur ol öz-özüniň öňünde,
Olaň biri öli, birisi diri.
Şeýle bir gam dömdi garry göwünde,
Beýle gam çekmändi dogaly bäri.

Söweşende ärdi. Soňam ärdi ol.
Ýöne häzir bir ejize meňzeýär.
Öz öňünde çal başyny egýär ol,
Onuň öz öňünde nä günäsi bar?

Agyr gamdan ýere çümdi dyzlary,
Ol saňa sedasyz okady nälet.
Bireýýäm bitipdi tygyň yzlary.
Şindem öleňokmy?
Indikiň näme?..

* * *

Ýogalýar eneler! Ýogalýar, arman,
Doýman ogullarnyň gamdyr bagtyndan.
Şeýdip, ene mährin görjek perzentler
Ýetim bolup galýar aýny wagtynda.

Söweş güni söweş donuny geýen
Çaga ýurt ykbalyn goramak ne kyn?!
Watan üçin baş goýýarlar ogullar,
Bärde enelermiz galýarlar ýetim...

## *Soldat ýüregi*

Ol beýik Wolganyň sag kenaryndan
Alymlar tapdylar kaska, ýaragy,
Gapdalynda şindi ýere siňmedik
Ýatyrdy soldatyň urýan ýüregi.

Emaý bilen gazyp alyp gudraty,
Üýşdüler daşyna hersi bir ýerden.
Bu eziz howadan dem alan ýürek
Adam sesi bilen gürledi birden.

«Bu jepaly ýer astynda
Ýürek gaty kän.
Buýruk ýerne ýetirildi,
Ýoldaş kapitan!»

## *Asatur aga*

Ýazu-gyş gapysyn
Giň açyp duran
Jaý biziň köçede
Meşhurdyr örän.

Agajynyň reňki
Öçük-aladyr,
Ol ädik bejerýän
Ussahanadyr.

Şol dümtüner otyr
Goja Asatur.
Gapyda üç aýak
Arabasy dur.

Stoluň astynda
Bitaý aýagy,
Taý edip alypdyr
goşa taýagy.

Aýdan sözi ötgür
Asatur agaň.
Hiç takaty ýokdur
Boş oturmaga.

Yssy iýul bolsun,
Ha bolsun ýanwar,
Ýa köwüş reňklär,
Ýa ädik ýamar.

Agaçdan çüý eder,
Ýa gaýyş serer.
Märeke şol gider,
Şol geler durar.

Jaýyň içi şowhun,
Bäs eder ýaza.
Gürrüňleň ahyry
Jedele ýazar,

Bir görseň syýasat,
Bir görseň ýomak,
Aziýa syýahat,
Afrika kömek.

Kosmos,
          Bekdaş,
          Sibir —
Habara baýdyr.
Umuman, bar zatdan
Habary bardyr.

Geýilip könelşen.
Reňki saralşan
Ädigi reňklände,
Gözüň gamaşar!

«Al, ýigit, ak ýolda
ýyrtylsyn» diýer,
Ädigiň eýesi
Ädigi geýer.

Şonda goja gysyp
Goşa taýagyn,
Ýat eder Elbada
Goýan aýagyn.

Soň eli sypynsa.
(ol endikli kär)
Üç aýak arabaň
Tigrini bejär,

Agşam düşer. Gulplar
Gapysyn mäkäm.
Gider ol howlukman
Öýüne bakan.

Şagalaňly ýolda
Asatur aga
Baş atar gojalar,
Baş atar çaga,

Meşhur ädikçimiz
Guwanyp ile,
Goşular-da gider
Kuwwatly sile.

Bir azajyk ýadar,
Der ýüzün örter.
Ony müňläp aýak
Öýüne elter.

* * *

Bir dosty Kiýewde ýazyldy ýere,
Ýene biri wepat boldy Oderde,
Ol bolsa bar Ýewropany aýlandy,
Ýewropa-da sag bol diýdi o merde.

Dogduk diýaryna dolandy esger,
Bir uly toý tutdy enesi pahyr.
Esgerler uruşda ölmeýär diňe,
Uruşdan gaýdybam gelinýär ahyr.

Ýöne uruşlaryň bir kadasy bar,
Ol gaýdyp gelene bermez karary:
Diriler gezip ýör, gysyp dişlerin,
Ölenleň ölmüne sebäpkär ýaly.

## *Düýşler*

Günde näçe düýş görülýär jahanda?
Müňmi? Millionmy?
Aslynda kim ony sanap bilipdir.
Düýş bize gerekli iň zerur zatlaň
Ýüzün açyp bilýän mümkinçilikdir.

Towuk dary görermişin düýşünde,
Asman ýeri görermişin düýşünde;
Söýmedikleň görýäni söýülmedik
bir juwan,
Şäherleriň görýäni çyg basan
uzak meýdan,

Planeta şol aýlanar ýörermiş
Hem düýşünde rahatlygy görermiş.
Her kimiň öz iň zerur
Düýşi bolýar.
Geň zatlar!
Geçen uly uruşdan gaýdyp gelýär
düýşünde
Ölen soldatlar.

* * *

Deň-duşlarmyň bary kämil çykypdyr;
Kitap okaýarlar. Ýazýarlar kitap.
Kimsi ýurduň ýollarynda gezip ýör,
Geýimleri ýol ysyndan dur küküp.

Olar ýagty günler gidýärler kino,
Aýal, çagalarnam alyp gidýärler.
Zürýatlary üçin nobata durup,
Olara eskimo hödür edýärler.

Olar gam çekseler — garalar asman,
Olar şatlansalar — şol asman güler.
Olar ilki okaýarlar taryhy,
Soňra şol taryhy döredýär olar.

Mahal-mahal duşuşýarys barymyz,
Şerap içip, köňülleri şatlaýas.
Akyldyr pelsepe undulýar şonda,
Şorta sözdür degişmäni ýatlaýas.

Soňra ýurduň ýollaryna dagaýas,
Belent Frontlarda derläp gezýäris.
Iş, alada, belent zatlar barada
Bir-birmize uzyn hatlar ýazýarys.

Aladamyz bile gaplaýas ýurdy,
Ony belentlere göterýäris has.
«Düýn säher söweşde gahrymanlarça...»
Diýen hatyň gelmejegne ynanýas.

* * *

Geliň,
Özümizi köşeşdirmäliň,
Geliň,
Ýüregmizi köşeşdirmäliň.
On sekiz ýaşynda giden ýigitler
Otuz ýyl geçibem gelenok häli.

Dileg etdik gaýdyp gelerler diýip,
Gapak deý döşleri ençe ordenli.
Garaşdyk.
Garaşma kemin goýmadyk.
Eger geljek bolsa gelerçe boldy.

Geliň,
Hakykatyň gözne bakalyň,
Garaşyplar näçe ýyly ötürdik.
Gidenler borjuny ýerne ýetirdi,
Bizem borjumyzy ýerne ýetirdik.

Göwünlik bermäňem bolýar bir çeni,
Ýöne ýigrimi million... biz üçin öldi.
Geliň,
Mertlerçe razy bolalyň,
Eger geljek bolsa gelerçe boldy.

## *Daş gyz*

### (Romantiki poema)

Bolupmy bu waka ýa-da bolanok,
Onuň biziň üçin asyl parhy ýok.
Asyrdan asyra geçip,
Nesilden nesile geçip,
Pasyldan pasyla geçip,
Göwher daşy kimin ýylmanyp gelýän
Men bir rowaýaty edeýin beýan.

Gadym zamanlarda Ýunan[1] ilinde,
Gözellik ylmynyň ýaýran ilinde
Ajap sungat bilen Parnasa[2] çykan
Bir juwan heýkelçi ýaşaýar eken.

Gün ýaşan ýerinde ýatan ekeni,
Gün dogan ýerinde turar ekeni.
Bolupdyr ne ýassyk, ne bir ýorgany.
Daş ýonup geçirmiş dogan her güni.

Barmyş ýan ýoldaşy bir-täk keseri,
Döreden şoň bilen ajap eseri.
Uranda keserin mermer daşyna,
Ýoklukdan bir ynsan germiş gaşyna.

Kä günler gezermiş obalar söküp,
Öňünde adamlar dyzyna çöküp,
Heýkelçiň işlerin görüp gidenler,
Ajap sungat üçin tagzym edenler.

---

[1]Ýunan — Gresiýa.
[2]Parnas — şahyrlaryň, sungat işgärleriniň mesgeni.

Rowaýatyň gürrüň bermegne görä,
Jarçynyň owazy düşüp dag-derä.
Ýetip bu älemiň ahyryna çen,
Hemmeleri toýa çagyran eken.
Bu gün toý tutýarmyş bir obaň baýy.

Gündiziň hyýaly, gijäniň Aýy
Gözeller ýüzlerne çekip ak perde,
Ak kepderler kimin kä galyp ýerden,
Gaşlaryn kä büzüp, kä ýasap ýaýy,
Humarly gözlerin süzüp enaýy,
Goşup liraçynyň täsin sazyna,
Tans edýärler, meňzäp paslyň ýazyna.

Perileň tansyna gözlerin gypman,
Seredýär heýkelçi — biziň ýaş ynsan.
Näzijek aýaklar ýere degýärmi
Ýa tüm gije görlen süýji ahwalmy,
Bogunlary ysman, howada gaýyp,
Gülüp, oýnap, tans edýärmi ajaýyp,
Şemalmy, dumanmy ýa-da hyýalmy,
Bilemok, heýkelçi akyly haýran,
Otyr bu görnüşe täsin galyp jan.

Ine, tans gutarýar. Misli çal duman,
Gyzlar eda bilen çekilýär bir ýan.
Şonda ýürekleri gurşaýar gussa,
Hem agyr märeke dem alýar assa,
Tansçylaň ýerini tutýar bir goja,
Görmek duýgusyndan mahrum kör goja.

Ýanynda agtygy gara gözüni
Balkyldadyp
hem galdyrman ýüzüni,
Aşakdan märekä ogryn garaýar,
Şemal onuň buýra saçyn daraýar.
Bir goja,
ýanynda bir juwan ynsan,
Müň bir nazar üçin boldular nyşan.
Ine endik eden tüýlek barmaklar,
Liranyň jadyly taryna kakýar.

Deňiz tolkuny dek liranyň sesi,
Galkyp, ýuwaş-ýuwaş tutýar dag-pesi.
Soň gaýgyly owaz çykýar çalaja,
Şeýdip, aýdymyna başlaýar goja.
«Gadym zamanlarda ýüzi nurana,
Waspy dagdyr derýa, göge-her ýana
Düşen bir perizat ýaşanmyş ýerde,
Görenler galanmyş bir uly derde.
Kä günler ak ýüze çekip ak perde,
Günüň nury ýaňy ýeri guçanda,
Gözel çeşmä suw almaga geçende,
Dag maraly oň duşundan çykarmyş,
Hem öňünde mäläp, oýnap-bökermiş.
Ýaryna intizar bir aşyk misli,
Çeşme gaýnap-joşup, ses edip çasly,
Gözel gyz gelende, sesini kesen
Hem ony öz sowuk bagryna basan.
Her gün suw boýuna gelende peri,
Tapyp dag başynda bir buky ýeri,
Asman sergezdany, ýyldyzlaň ýary,
Perişde bagyrtlap gaýany, daşy,
Akdyryp gözünden alaçsyz ýaşy,
Hyrçyn dişläp, jebir edip özüne,
Melul nazar bilen ýeriň gyzyna
Bakarmyş. Oň boş ýüregi şol zaman,
Zemin söýgüsine dolan şadyýan.
«Gezdim men älemi, gezdim uçmany,
Geçdi göz öňümden hüýrleriň käni,
Emma şindi beýle gözel ynsany,
Ömrümde bir gezek görebilmändim.
Ýok! Ýok! Goý, bolaýyn asmanyň ogly,
Indi men günäli! Men ýere bagly!
Şu gyz maňlaýymdan öpse mylaýym,
Ýeriň jezalaryn çekmäge taýyn.»
Ine, şeýle günleň birinde peri
Suwa gaýdanynda, köne güzeri
Saklap, şol perişde galanmyş derde.

Ahyr gün at boýy galanda ýerden,
Gözel gülüp marallaryň oýnuna,
Geleninde sowuk çeşmäň boýuna,
Çeşmeden öň ýyldyrym dek ýaldyrap,
Güýz ýapragy kimin titräp, galdyrap,
Perişde atylyp misli bir peýkam,
Gözeli gujagna gysanmyş mäkäm.
Hem diýen:
Ýüregmiň erkini alan,
Söýýän seni asman söýgüsi bilen.

Gyz:
— Kim siz? Siz nireden? Men sizden
gorkýan.
Gözleriňiziň ody bedenmi ýakýar.
Goýberiň siz meni, ah, goýberiň tiz,
Rehmiňiz gelsin — men sizden ejiz!

Perişde:
—Men hudaýyň bir wepadar bendesi,
Bilmezdim hudaýdan başga hiç kesi.
Ähli işim, bar pikirim, bar derdim —
Mydam şoň öňünde tagzym ederdim,
Kalbym, bar bedenim, ýürek dünýäsi
Diňe şonuň bilen dolup durýardy.
Men ölümsiz. Adalatly her işde,
Hudaýyň wepaly guly — perişde
Boldum, ine, size duşmazdan ozal,
Ýöne sizi görüp, ynan, eý gözel,
Asman, bakylykdan, hudaýdan geçdim,
Hem-de bu jepaly zemine düşdüm.
Özüňi bagş etseň sen maňa daýym,
Ynsan dek gamlanyp, ölmäge taýyn!

Gyz:
— Ýok! Ýok! Ýuwdaýsa-da şu duran ýerim,
Men seniň söýgüliň bolup bilmerin.
Sen perişde — gökde gaýyp ýörmeli,
Men ölümli — ýerde ömür sürmeli.

Goýber meni, sandyraýan gorkymdan,
Menden gorkma — gork hudaýyň
erkinden,

Gaýgyly perişdäň keç bolup haly,
Ýene göge bakan ýasady ýoly.
Birden gara bulda gaplandy asman.
Soň ýagyş-da ýagdy yzyny kesmän.
Ýyldyrym ýaldyrap, çakmagyn çakdy,
Perişde gübürdäp, her ýana çapdy.
Ertesi bulutlar syrylyp gökden,
Gün göwresi görünende uzakdan,
Gözel gyz eline alyp küýzäni,
Yzarlap inçejik tanyş ýodany,
Geleninde suw boýuna uz ýöräp,
Gördi — dur perişde titräp, galdyrap.
Ýalbardy, aglady, dyzyna çökdi,
Gözelden ne seza, ne bir ses çykdy.

Ertesi ýene-de. Birigün ýene.
Şeýdip, günleň sany bardy bir çene.
Emma perişdäniň keç bolup haly,
Günde göge bakan ýasady ýoly.

Soňra ar oduna gaplanyp ýürek,
Asylly duýgudan galmady derek.
— Sen meňki bolarsyň: Görersiň,
ynha...
Eý, eýjejik ynsan! Ha-ha-ha! Ha-ha!

Bu ahmyrly gülki ýaýrap her ýana,
Dag-dereler titräp, geldi lerzana.

— Bu niçiksi ahwal boldy, perişde,
Siz nä adalatly dälmi her işde?
— Ýürekde ýansa-da adalat ody,
Galmandyr hiç ýerde onuň kuwwaty,
Meniň adalatym — men seni söýýän,
Sen bir ýana, dünýä bir ýana diýýän.
Öz söýgim ugrunda bolsam-da däli,
Meň hudaý öňünde ýene günäli.

Neçün? Şo diýp gurban etsem-de serim,
Hudaý adalatly diýip bilmerin...
Sen meňki bolarsyň. Ýa-da kysmatyň
Ters bolar. Dünýäde rahat tapmarsyň.
Seretmän gözüňden akýan gan-ýaşa,
Seni öwürerin bir gaty daşa.
Mermer daglarynyň çür depesinde,
Gün çoguna çişip, ýanarsyň günde.
Aç bürgütler ganat gerip daşyňda,
Wagşy oýunlary gurar başynda.
Çişirip dulugyn awara tupan,
Üflär bar ýelini ol saňa bakan.
Ne görk, ne bir duýgy galar ýüzüňde,
Mydam gorky ody ýanar gözüňde.
Pikirlen. Netije çykar, dilberim,
Men erte bu ýere ýene gelerin.
Ýüregim arzuwdan, umytdan doly —
Perişde asmana ýasady ýoly.

Ertesi. Duşuşyk köne güzerde.
Gözel jogap berdi: «Galmaň siz derde,
Siz perişde — gökde gaýyp ýörmeli.
Men ölümli — ýerde ömür sürmeli.»
— Sen diňe meniňki bolmaly, gözel!
Ýogsa öýüňize barmazdan ozal,
Mermer daglaryna barmaly borsuň,
Ol ýerde daş bolup durmaly borsuň! —
Diýdi-de, perişde gazaba mündi,
Gözeliň dadyna kim ýeter indi?!

* * *

Bir gün, üç gün, on alty gün uçdular,
Mermer dagyň depesinden düşdüler,
Dag diýseň dag — ne bir ömür ysy bar,
Munda wagşylygyň müň bir tüýsi bar.
Kä gaýaň başynda ýalňyz arçalar
Ýel öwsende tukat heňini çalar.
Düýpsüz gowaklary, jülgeleri bar,
Baky gün düşmedik kölgeleri bar.

Dag diýseň dag — ne bir ömür ysy bar,
Munda wagşylygyň müň bir tüýsi bar.
Beýik gaýalaryň çür depesinden
Daşa dönen gözel uzaga garýar,
Häzir hem şol gözel Mermer dagynda
Hem ir ertir, hem giç agşam çagynda
Lal nazaryn aýlap dogduk mekana,
Dönsem diýip ýene janly ynsana,
Arzuw edip durmuş, galyp müň derde,
Rowaýat hem tamam bolýar şu ýerde.»

Täsin rowaýatyn soňlanda goja,
Märeke gobsunyp gitdi çalaja.

Heýkelçiň ýüregi gopdy-da birden,
Ýolbars dek atylyp ol turdy ýerden,
«Aýt, atam, Mermer dagy nirede?
Hem ol gözel — ýürek dagy nirede?
Salgy ber, men ol mekana gideýin,
Hem bagtygarany halas edeýin,
Men ol dagyň göwsün dilip gün yrman,
Sungatymy, ukybymy gaýgyrman,
Gije diýmän, gündiz diýmän işlärin,
Gözel gyzyň hünji dişin, gaşlaryn,
Maral gözlerini, ýaňaklaryny,
Ýonup alyp, näzik tenin ynjytman,
Ylham bilen bagş ederin oňa jan.»

Pata alyp düşdi ol uzak ýola,
Gündiz gije orun berdi köp ýola,
Köp oý, köp depeden indi heýkelçi,
Köp çeşmäň suwundan gandy heýkelçi.
Mäkäm gonup ýyndam günleň gerşine,
Ahyr geldi Mermer dagyň gaşyna.
Dagdan sowuk şemal ýüzüne urdy,
Dag wagşy nazaryn oňa öwürdi.
«He... he... he... hoş geldiň, merdana
ýigit!

Niçik ýoluň düşdi bu ýana, ýigit?!
Ne adam bar, ne durmuş bar bu ýerde,
Neçün ýollar söküp galdyň sen derde?»
Ýigit jogap berdi: «Maksadym şeýle,
Nirde ýesir gözel, sen aýan eýle?!
Müdimi daş bolup bendilik çekýän,
Erksiz nazar bilen iline bakýan,
Daşa dönen şol gözeli göreýin
Hem oňa uçmaga ganat bereýin.»
«Ol meniň goýnumda. Meniň tenimde,
Ýüregi daş, garagy daş, teni-de,
Han-ha, hol gaýanyň başynda ýalňyz,
Saçyny ýaýyp dur şol näzenin gyz.
Eger-de nazaryň aýlasaň şol ýan,
Daşmy ýa ynsanmy — durarsyň bilmän,
Ýöne oýatmaga daş bolan teni,
Sende gudrat hany, keramat hany?»
«Gudrat-da bar, keramat-da mende bar,
Kükregimde ýürek ýadaman urýar.
Ine, şol ýüregiň teninden alyp,
Ine, şol ýüregiň ganyndan alyp,
Hem bu ellerimiň inçe hünärin,
Baryny şol gyza bagyş edýärin».

Gaýanyň başynda, aşakda duman.
Gara gije diýmän, ýagty gün diýmän,
Ol bir beýik ussa, çynyna tutsa,
Gyzyň näzik tenin ynjytman, assa,
Işleýär heýkelçi ýadaman-dynman.
Ony dagdan-daşdan saýlap enaýy,
Gidiren görküni berýär gün saýy.

Ýöne hiç many ýok gara gözlerde,
Çykanok agzyndan dür dek sözler-de.
Almanyň reňki ýok ýaňaklarynda,
Hereketsiz gamyş barmaklary-da.

Misli ýyldyz kimin günler düzülip,
Geçip barýar, geçip barýar uzalyp,
Soň gözeliň görmegine, görküne
Aşyk bolup, juwan ýigit erkine
Buýrup bilmän, misli ejiz perwana,
Alaç tapman özün urýar her ýana.
Gorap ýagyşlardan, tupandan gyzy,
Elniň hünärine guwanýar özi.
Gün-günden agralýar ýigidiň haly,
Soň ýerden galmaga galman mejaly,
Gözeliň öňünde dyzyna çökýär,
Ýöne gyzdan ne ses, ne seda çykýar.
Gara gözler dolup dursa-da ýaşdan,
Çykaryp bolanok ýüregi daşdan.
Şonda güýjün tijäp, heýkelçi birden,
Misli ýolbars kimin ol galýar ýerden.
Soň kükregin ýaryp misli giň dünýä,
Ýanýan ýüregini eline alýar.
Hem gyzyň göwsüni ynjytman açyp,
Ony emaý bilen şol ýere salýar...

* * *

Heýkelçiň hünäri bolsady mende,
Aýaman güýjümiň sähelçesin-de,
Daş ýygnap, aýlanyp Ýeriň Şaryny,
Men güle öwrerdim olaň baryny.

## *Pikir derýasynda akyl gämisi...*

I

Şeýle bolmalydy,
Şeýle-de boldy:
Ençeme ýyl örklenip merkeze,
Ahyrsoňy üstün çykyp özümden,
Geldim şol arzyly seniň Gerkeze.

Şol uly şäheriň dymyk gijesi
Okamda şygryňy daň sazyna çen,
Bagyşla, Pyragy, bilýän diýse-de,
Şägirt halypasyn bilmeýän eken.

Seniň ömrüň, seniň döwrüň barada
Mäti Kösäýewiň bildini çeken
Şägirdiň iň belent baha alsa-da,
Beýik halypasyn bilmeýän eken.

Soň, durmuşyň uly-uly ýolunda
Azaşyp, gijeler gyzyl ot ýakan,
Içinden ot geçen hem sowuk geçen
Şägirt halypasyn bilmeýän eken.

Bu gün şaglawuklaň älemgoşary,
Daş içinde ýol ýitiren bulaklar,
Döşlerde nur saçýan elwan gülýaka,
Zer gaş bilezikli babyrbilekler,

Aýyň düşýän ýeri täsin Aýdere,
Dag daşlary, hat-da dagyň şemaly,
Seniň her setirňe, her bir bendiňe
Bir baky dikilen heýkel mysaly.

Bar geçen günümi bermen bu güne,
Çünki şu gün her setiriň, her bendiň,
Ykbalyň, begenjiň, gynanjyň, söýgiň,
Umuman, seň özüň has ýakyn bolduň,

Bu täsin daglaryň, täsin görnüşiň
Duýgudyr aňynda suratyn çeken,
Pyragy, seň ýaly merdana ärde
Şahyr bolmazlyga çäre ýok eken.

II

Gel, oturyp dünýe hakda sözläli,
Ýakyn edip ara düşen yragy.
Rastym aýtsam, jedelleşmek
meýlim ýok,
Men nire, sen nire, eziz Pyragy!?

Döwür elmydama üýtgär-de durar,
Bu gün düýne gider. Düýnüň hiç gelmez.
Ýeke bir hak dostuň bitiren işi
Müňde bir ýoldaşyň golundan gelmez.

Seniň döwrüň, özüň bilýäň, agyrdy.
Emma şeýle böleşdiler bu derdi:
Kiçi ýürek onuň kiçi bölegin,
Uly ýürek ulusyny göterdi.

Namart gülýär mert kişiniň halyna,
Dünýede şer işiň bolany üçin,
Ejiz ýurek bilen ýaşasa bolar,
Uly ýurek bilen ýaşamak ne kyn.

Ýagşylyk, ýamanlyk elmydam birdir,
Kimse haýryň zary, kim şeriň zary,
Bu gün ýamanlygyň bolany üçin,
Ýetýär adam başa bäş batman däri.

Her adam başyna bäş batman ölüm?!
Her adam başyna bäş batman däri?!
Bir başa bir ölüm ýeterlik bize,
Bir başa bäş batman?
Artygrak dälmi?

Adam ähli söýüp, urşup, ýigrenip,
Gör-bak,
näçe ýüz müň menziller geçdi.
Ähli döwürleriň haýyr, şer işi
Maňzy,
Asly,
Durky bilen meňzeşdir.

Dünýede şer işiň bolany üçin,
Ähli döwürleriň geniý nesili,
Ýanyp ýaşaýarlar ahyr içmäge
Salýeriň awuly pyýalasyny.

Adamyň zehini beýik bolanda,
Bahyllar üstüne labyryn atar.
Ýöne akyllaryň ýogalan güni,
Hatda şol milletem başyny tutar.

Kimse çykar uzak-uzak ýollara,
Şatlyk buşlap, gapylary kakmaga,
Kimse çykar şol buşlukçyň öňünden
Onuň tigirine taýak sokmaga.

Şeýdip, çüýrük merdiwana çykarlar,
Köňüllerin bir pasyljyk şat edip.
Han-begler,
Şazada,
Şalar ölýärler.
Halk aglaýar şahyryny ýat edip.

Çünki hak şahyrlar iliň namysy,
Agysyna aglap, gülse gülýärler.
Il-günüň hasratyn ýüregne çekip,
Soňra ýürek agyrsyndan ölýärler.

III

Begenjegňem, gynanjagňam bileňok,
Gök çaýyň başynda aýdyp ýomaklar,
Erte ony goşga salyp getirýän
Juda köpelipdir şahyrsumaklar.

Gynanýarsyň seniň beýik käriňi
Ýaňky tetellileň harlany üçin,
Biraz begenýärsiň: «Eý, garaz, näme,
Olardan okyj-a çykmagy mümkin,..»

Olar elmydama ýaşar ýörerler,
Bulap ownuk adamlaryň hyýalyn.
Haçan? Haçan ýiter şahyrsumaklar
Mamontlaň dünýäden ýitişi ýaly.

Asmanyň bezegi, ganaty — bürgüt.
Daglaryň bezegi peleňdir-şirdir.
Şahyr bolmaz ulus-ili güýmänler,
Adamlary özgerdýänler şahyrdyr.

...Diri bolan bolsaň, ýazardyň eser,
Unutmazdy neşirýatyň plany.
Arza berip, bolardyňam SSSR
Ýazyjylar soýuzynyň çleni.

Ýygnaklara, maslahata barardyň,
Dilewarlar bardyr ökdeden ökde,
Işlerin okarlar: «Beýik şahyryň
Şygrynda ters otur hem nokat hakda».

Sen ýylgyrsyň, biraz dere batarsyň,
Çümersiň birhili düşnüksiz duýga;
Herhal, Magtymguly tersoturlardan,
Çyzykdan, nokatdan biraz beýig-ä...

Ýygnaklaň birinde gazaba münüp,
Kärdeşini ýersiz uryan bir bikär
Öýe gelip, çagalarna (eý, aman!)
Bikär hakda ýazan goşgyňy okar.

Onuň müýni ýokdur. Gara çynydyr, —
Özüniň pesligne, galplygna bakman,
Peslik, Galplyk hakda goşgularyňdan
Yhlas bile mysal getirer hökman.

Her döwüriň öz dessury, däbi bar,
Ýöne mahal-mahal çenden çykyp has,
Biziň özümizi gözelleşdirýän
Tebigatyň gözelligni unudýas.

Seniň wasp etdigiň gözel bedewler
Bu gün ýataklarda çekýärler zary.
...Oba hojalykda ähmiýeti ýok,
Nämemiş, garnynda ýokmuş motory.

Olar bolsa, goç ýigidi göterip,
Şemala, boz sähra, ýaýlaga sary,
Gözellere sary gitmek isleýär,
Bürgütleň asmana galşy mysaly.

Ylym barýar ýyldyzlaryň deňine,
Şäherlerem aýa başyn baglaýar.
Ýöne ýerden, gülden dörän adamzat
Sähra baryp, güli ogşap, aglaýar...

Aeroporty bilen güňlesin şäher,
Aeroportam öz sesine guwansyn!
Ýöne tebigylyk, sadalyk mydam
Adamynyň onki süňňünde galsyn.

...Kä sada adamlar jedelleşýärler
«Şygrynyň muzduny bermeseň eger,
Her ýüz on müň adamynyň başyna
Bir şahyr ýeter ýa ýetmezdi meger.»

Sadalygy bile dogry bu pikir,
Çünki iş tapmasa pensiýa çykan,
Öz uzak ömrüniň ýyl ýazgysyny
Gyzyllap iberýär redaksiýa bakan.

Hany onsoň dur bakaly öňünde,
Goşgyň gowşak diýip ýazarsyň jogap.
Jogaba jogap ger: «Nähili beýle...
Çynym bilen ýazdym, meň ýüregim sap!»

We şuňa meňzeşler, ýene ş. m.-ler...
Emma şygryýetde saplykdan başga,
Tebigat başga bir gudrat bermeli,
Bilbil bogazyny berşi deý bagşa.

IV

Iňrik çökdi Aýderäniň üstüne,
Dag başynda ot alypdyr bulutlar.
Seniň gözüň, demiň düşen jülgeler,
Bahar meýlisinde serhoş bolupdyr.

Mahal-mahal uzyn gije dümtünip,
Ahyr ýetenimde halasgär daňa,
Eý, Pyragy, saňa sorag berýärin:
«Senden daşlaşýanmy? Barýanmy saňa!»

Gep bu ýerde rifma, bogunda-da däl,
(Ýogsa, düýn ýüregin, beýnisin ezip,
Täze-täze rifma gözlän-de bolsa,
Bu gün sadaň gözleginde Ezizow).

Gep süýji owazda, akymda-da däl,
Her kim dowam edýär saýlan ýoluny.
Ýok, başga ulurak bir mesele bar,
Söýýänmi
Söýşüň dek türkmen ilini?

Onuň ýaýlag bürän sähralaryny,
Daglarynda jerenleriň balasyn?
Giýewçilemäge haçan ger diýip,
Çuwalgyzlaň kakýan süýji lälesin?

Isgenderiň düýşüne-de girmedik
Içi bereketli binalaryny?
Bir ajap sözlemiň ýüzlenmesi däk
Howaly-howaly minaralarny?

Ýazgar meni, şu zatlary söýmesem,
Söýmedigim — harladygym käriňi.
Öz ilini söýüp bilmedik kişi
Söýebilmez materikleň baryny,

V

Enäni söýmedik ýurduny söýmez,
Ýurduny söýmedik jahany söýmez.
Jahany söýmedik özüni söýmez.

## *Söýgi*

### (Sonetler çemeni)

I

Ömrüň agajyndan düşüp dur günler,
Günler ömrüň eleginde elener.
Yza dönmek islär däli göwünler,
Geçen gün şäher däl — gaýdyp gelere.

Her kimiň geçenden bir ahmyry bar.
Mende-de ahmyr bar. Ýöne men hergiz,
Seniň ruhuň bilen ederin mydar,
Meniň bar ruhumy direlden, serwim.

Ýolumyzyň çatak düşeni üçin,
Gam çekme. Bu derdi götergin merdem,
Uruşdan aman-sag halas bolmak kyn,
Has kyn halas bolmak ýatlamalardan.

Düşün, ýatlamalar, köňlüme häli,
Saralan ýapraklaň düşüşi ýaly,

II

Saralan ýapraklaň düşüşi ýaly,
Solgun ýatlamalar giripdir köňle.
Uçurdyň eliňden arzyly ýary,
Indi bir ýatlamaň söhbetin diňle.

Köpler kimin, duşmasam-da ýara men,
Duýdum bu kalbymda çäksiz diriliş.
Päklige düşündim şo duýgy bilen,
Şoň bilen başlandy iň gözel durmuş.

Duýmadym şoň bilen gussa-gaýgyny,
Soradym halyňy her bir geçenden.
Öňde-soňda iň päk — asyl duýgymy
Alyp çykdym suwuň, oduň içinden.

Ýollar kimin uzap barýar bu günler,
Ýollarda duşuşýar aşyk göwünler.

III

Ýollarda duşuşýar aşyk göwünler,
Wokzal. Front. Al gan örtüpdir gary.
Gysdy penjesine ölümli günler,
A men, nämüçindir, ýene-de diri.

Buguň eteginde ýazyldym ýere.
Öldüm. Soň seretsem, ýene-de diri.
Berliniň öňünde öldüm men ýene,
Öldüm. Soň seretsem, ýene-de diri.

Seň bilen ýylyndym çygly zeminde,
Seň bilen, eý, meniň şatlygym, görgim,
Ähli ölümleri öldürdim şonda,
Özüm üçin, hemem seň üçin, serwim.

Töwerek gümmürdi, töwerek däri.
Ýollar aýra salýar ýar bilen ýary.

IV

Ýollar aýra salýar ýar bilen ýary,
Özi bolsa gidip otyr ummana.
Indi seni baky dünýeden bäri
Görüp biläýjegim örän gümana.

Ýöne mahal-mahal iňrik garalyp,
Seni ýatlap, oý edemde uzak, ýar,
Azaşan ýolagçyň geýmine girip,
Meniň söýgim meniň gapymy kakýar.

Kämil bolup, aklym ýetdi bir zada:
Mydam köňül arzuwyna ýetme ýok.
Bir gezek söýmek bar ýagty dünýäde,
Ýaşamagam iki gezek berlenok,

Her günüň — bir ömür, bir uly sene —
Söýgi günleriniň adaty, ine,

V

Söýgi günleriniň adaty, ine:
Her günüň — açyşdyr,
her günüň — şatdyr.
Onuň algebrasyn çözersiň. Ýene
Birini ýazansyň, ikisem ýatda,

Meniň söýgim şeýle kämil çykypdyr,
Eger sen dönäýen bolsaňam daşa,
Söýgim gursagyňa girip, diýerdi:
«Sen meni ýaratdyň. Indem sen ýaşa!»

Bir görsem-ä, saňa elim ýetenok.
Bir görsemem, ruhumda sen, sen golaý.
Bir özüme gökde ýyldyz az ýaly,
Ikimize welin, ýeterlik olar.

Ýatlama-da sary, gussa-da sary.
Yşk lezzeti köňli guçýar günsaýy.

VI

Yşk lezzeti köňli guçýar günsaýy.
Ol lezzet bahardyr ýar bilen ýara.
Baglaň pyntyk ýaryşy deý mart aýy,
Ähli duýgularyň pyntygyn ýarar.

Şeýdip, maňa düşer ýigdekçe, ine.
Nädogry ýaşaýşy birden sazlaşar.
Düşüner ol aýyň gözelligine,
Lukman bolup güller bilen sözleşer.

Aşyk ýigit bilen söhbet açma kyn:
Şol wasp eder otyr ýerdäki aýyn.
Demigip gürrüň biýr saňa günuzyn,
Ol uzyn gijä-de taýyndyr taýyn.

Köňül öwşün atmaz yşkyň nuruna —
Aşyklar duşmasa biri-birine.

VII

Aşyklar duşmasa biri-birine,
Bir deňze guýmasa ol goşa derýa,
Ähli umyt siňer ýeriň şoruna,
Ähli geljek göni geçmişe barýa.

Men seni soraglap gezýän dünýäni,
Seni tapjak bolýan şamu-säherden.
Bu gün bu şäherden otla münýärin
Taparyn diýp başga oňat şäherden.

Sorag belgisi deý, garaňky gökde,
Egri aý soragly bakýar gözlerme,
...Ýyldyzlar uzakda, şeýle uzakda,
Uzaklygy çalym edýär gözlerňe.

Ýürekler almasa söýgüden paýy,
Dogmajak ýalydyr güni hem aýy.

VIII

Dogmajak ýalydyr güni hem aýy,
Aşyk ýigit aýra düşse ýaryndan,
Ýöne gam çekmekde, heý, many barmy?
Bu ýeke-täk ýolmy ýollaň baryndan?

Söýgi hasrat däldir.
Ýürekde dörän,
Hiç mahal guramaz baldakdyr baldak.
Men söýgini belent göterdim örän,
Misli maňa tabşyrylan al baýdak.

Men ölerin.
Şeýdip mazaram dörär.
(Alaç barmy — tebigatyň emri bu).
Söýgim gelip mazaryma büdürär
Hem bir ädim uzaldar meň ömrümi.

Söýgim gözýaş döker üstümde günde,
Her hal säher tüm çetinden jyklanda.

IX

Her hal säher tüm çetinden jyklanda,
Suwy süýjän alma kimin daň atar.
Şeýdip ýarym dünýe gezen, ykmanda
Günüň mis naýzasy zemine ýeter.

Sen meniň bagtymmy ýa meniň gaýgym?
Bagtymmy?
Gaýgymmy?
Ony kim bilýär.
Seslen sen, seslen sen, eý meniň söýgim,
Saňa oňat sözler aýdasym gelýär.

Men sensiz şatlykda ýaşadym, arman,
Örän köp şatlykdan ýadadym-irdim.
Seni tapsam, şat şäherde ornuň bar,
Gussa şäherimi bagta öwirdim.

Şonda bagtym üste uly gün dogar,
Rugsat berenden soň haýbatly horaz.

X

Rugsat berenden soň haýbatly horaz.
Başlar baky urşy «ýok» bilen «baryň»,
A men sen barada ýazaryn gazal,
Oňarsam gussamy ilden gizlärin.

Öterin men ähli deňizden, otdan,
Goý, ot bilen suwdan bolsun ýazanym.
Söýmek üçin mertlik gerek bar zatdan,
Seni söýüp, soňra mertlik gazandym.

Döredi öňümde gomlaryň beýgi,
Ýeňdim men olary ýeňşi deý gämiň,
Belki, myradyna ýetmedik söýgi
Ýeten söýgülerden kämildir kämil.

Bu dünýe jemidir (oý ediň, barlaň!),
Ähli duşan hem duşmadyk ykballaň.

XI

Ähli duşan hem duşmadyk ykballaň
Dünýesidir biziň ümmülmez dünýä.
Duşanlary — bir ýassykda uklarlar,
Duşmadyga — bir ýassyk az görünýä.

Şu gün köçämizden bir gözel geçdi.
Kim ol? Ady näme? Gelipdir nirden?
Ol saňa şeýle bir gaty meňzeşdi,
Sen adyňy tutman, saklandym zordan.

Sen sesimi eşden bolsaň eger-de,
Ýüregňi gyýardy ol misli päki.
Men nirde ýansam-da doňsam-da nirde,
Seniň rahatlygňy bozmaryn baky.

Seniň rahatlygyň bar bolsa eger,
Üstünden lowurdap tylla Gün dogar.

XII

Üstünden lowurdap tylla Gün dogar,
Oňatlygyň hemem erbet pälleriň.
Onuň örän uly aladasy bar —
Olam aladasy uly şarlaryň,

Ýogsa onuň özem men diýen aşyk,
Şol ylgap ýör. Oňa pellehana ýok.
Her günde bäş sany materik aşyp,
Şindem Aý ýaryna duşup bilenok.

Ýöne ol ýyladýar duşmadyklary,
Aýa duşman, edýän ahmyrna derek.
Bize-de, Gün ýaly, gussajyklary
Öz nurumyz bilen gizlemek gerek!

Oňatlyk, nur ýagsa ýagmaly wagty,
Söýülse, Gün dogsa dogmaly wagty.

XIII

Söýülse, Gün dogsa dogmaly wagty,
Sekiz elli gussaň manysy ýokdur.
Iru-giç päk bolsa ynsanyň bagty,
Başda söýýän wagty ýüregi päkdir.

Söýgiň bilen maňa beren päkligiň
Bu başymy belent göge ýetirdi,
Meniň ykbalymda seniň ýoklugyň
Maňa juda tämiz gussa getirdi.

Seniň gussaň bilen galdym belende,
Seniň gussaň bilen ömrüm abatlyk.
Gussa söýgi bilen dörän bolanda,
Dünýede iň tämiz şatlykdyr şatlyk.

Guramaz dünýede söýgiň daragty! —
Ine, adamzadyň iň zerur bagty.

XIV

Ine, adamzadyň iň zerur bagty:
Söýgi bet pygyldan çykýandyr üstün.
Siz şeýle bir söýüň, şeýle söýüliň,
Goý, gökde ýyldyzlaň gözleri gitsin.

Söýüp — peslik, pislik köküni gyryň!
Söýgi bilen söýüň! A söýgi giňdir.
Her hal geçmişimden ýokdur ahmyrym,
Çünki meň geçmişim — seniň söýgiňdir.

Seniň aýdyp ýetişmedik sözleriň,
Ýaňakda gijeden yz galan halyň,
Seniň meni gözläp ýören gözleriň,—
Şudur ähli geçen, geljek ykbalym.

Gör, eýýäm iňrige gark bolupdyr ýer,
Ömrüň agajyndan düşüp dur günler.

Magistral

Ömrüň agajyndan düşüp dur günler,
Saralan ýapraklaň düşüşi ýaly.
Ýollarda duşuşýar aşyk göwünler,
Ýollar aýra salýar ýar bilen ýary.

Söýgi günleriniň adaty, ine:
Yşk lezzeti köňli guçýar günsaýy,
Aşyklar duşmasa biri-birine,
Dogmajak ýalydyr güni hem aýy.

Her hal säher tüm çetinden jyklanda
Rugsat berenden soň haýbatly horaz,
Ähli duşan hem duşmadyk ykballaň
Üstünden lowurdap tylla Gün dogar!

Söýülse, Gün — dogsa dogmaly wagty,
Ine, adamzadyň iň zerur bagty!

# *Güýz*

## (Sonetler çemeni)

I

Ýene güýz. Güýz bolsa saralýar ýaprak.
Ýaprak saralanda durlanýar pikir.
Ýatlaýaň geçeni öňküden köpräk,
Hem diýýäň: «Oňatlyk, Hudaýa şükür!»

Ýöne güýzüň manysyna düşene
Diňe şu gün bile ýaşap ýörme ýok.
Çünki güýz ene deý doguryp, ýene
Indiki ýaz üçin işläp aranok.

Hana, gör, asmanda bulutlar göçýär,
Pikirem bulut deý geçýär her ýana.
Ýyldyrym gylyç deý çar ýana geçýär,
Ýyldyrym deý pikir goýsaň eýýama...

Ömri gyl üstünde ýapraklar öçýär,
Sary şemal ony tändirip geçýär.

II

Sary şemal ony tändirip geçýär,
Soňkuja ýapragy, bir pasyl ömri.
Adam durmuşynda uly many bar:
Geçeniň yzynda galyp ýör höwri.

Bu ýerde uly bir pelsepe-de ýok,
Her ynsan özüçe ýasanýar bagty.
Ýaprak gaçýar. Gaçma diýip bolanok.
Ýöne, iň gowy zat: galýar daragty.

Güýz ene deý şol daragty emdirýär,
Sowukda, şemalda kyn bolsa-da, kyn.
Öz ýalaňaç tenin ýagşa ezdirýär,
Güýzlüginden ýaza öwrülmek üçin.

Sen bir gözüňi aç, töwerege bak,—
Çaga dogran enä meňzeş bu toprak.

III

Çaga dogran enä meňzeş bu toprak,
Goýýar seň öňüňde baky sowaly.
«Meniňki bag döken tohumy tapmak,
Aýt, oglum, seniň tohumyň bamy?»

Sen onsoň pikire çümersiň çuňňur,
«Çagam barym» bilen bolmarsyň halas.
«Tohum» diýen sözüň manysy çuňdur
Hem belentdir pikir edişinden has.

Ol sowalyň anygyna ýetmeli,
Ýagny, saçyň ýolup, der döküp, bada,
Ömrüň pikriňden soň dowam etmeli,
Şeýdip, ýaşamaly ýagty dünýäde.

Ine, şu sowala bolup baky ýar,
Topragyň üstünden ömürler geçýär,

IV

Topragyň üstünden ömürler geçýär.
Goýup soňky açyşlaryň tohumyn.
Şol tohumlar sende ýokmy ýa-da bar?
Ine, etgin şu sowalyň wehimin.

Seň aýdan pikiriň aňyrdan gelse,
Aşakdan gelşi deý tämiz çeşmäniň.
Derýadan geçjege bir köpri bolsa,—
Serişdesi bolsa, münüp-düşmäniň.

Öten dostlaryňy örtenip ýatla,
Ýaşap ýörenleri söýmegiň üçin.
Köňlüňi pes tutup, güýz kimin ýaşa,
Ertäň aladasyn duýmagyň üçin.

Uçýar hyýal guşy ganatyn ýaýyp,
Bar sary töwerek şeýle ajaýyp!

V

Bar sary töwerek şeýle ajaýyp,
Seniňem ajaýyp bolasyň gelýär.
Bu ýagşy dünýäniň üstünde gaýyp,
Ölseň-de, bu dünýä gelesiň gelýär,

Emma ýagşy sözi beýan etme kyn,
Ýaksaň-da oň üçin günüň, ýyl, aýyň.
Erbet söz jezasyn çekmeklik mümkin.
Ýagşy söz jebrine neneň çydaýyn.

Ol edil topraga düşen tohum dek,
Ezýär ýuregimi Jepasy kändir.
Eger bir gün goýsa urmasyn ýürek —
Aýdylmadyk ýagşy söze büdrändir.

Misli bir arassa, manyly göwün.
Bar sary töwerek ýalaňaç bu gün.

VI

Bar sary töwerek ýalaňaç bu gün,
Ol säherden, hatda bahardanam päk,
Ol misli tersine çöwürlen göwün,
Onuň asyl durky. Hile-aly ýok.

Güýze, güýze meňzäň, pikirlerim meň,
Güýzüň dürs sapagyn okaýan bu gün.
Neneň edip eredip bor ýürekleň
Demirgazyk buzly okeanlygyn?!

Sen, pikirim, özüňçe bol iň bolman,
Bu kyn asyr etjek işleriň kändir.
Özüňçe bol, iň bolmanda umman bol,
Çünki her bir ynsan giden ummandyr.

Ýörme gökde özüň perişde saýyp,
Bu tämiz, manyly görnüşe gaýyp.

VII

Bu tämiz, manyly görnüşe gaýyp
Ýörmekde many ýok. Ynsan söýülsin.
Barlygymda pikrim bolsun ajaýyp,
Gidemden soň gidenligim duýulsyn.

Toý, mydam mähirli sazlar çalaýyn,
Şo saz bilen mährem duýgy oýansyn.
Meň özüm raketaň sesi bolaýyn,
Pikrim raketa deý özümden ozsun,

Pikrim gylyç bolsun ýowuz günlerde,
Gorasyn bu ýagty günleň sarpasyn,
Orak bolsun ak asmanly günlerde,
Orsun meýdanlaryň bugdaý-arpasyn.

Bassyn elmydama şer işleň howun,
Şoňa telwas edýär bu däli göwün.

VIII

Şoňa telwas edýär bu däli göwün,
Şoňa — şer işleriň sumat bolarna,
Erteki ýeňişleň erte däl, şu gün,
Şu günki ýeňişleň şu wagt bolarna.

Pikirim kök urup ýurek teýine,
Öz çykarny, öz ýazyny küýseýär.
Ähli durkum dört-bäş aýlyk geline
Çalym edýän tämiz güýze meňzeýär.

Güýz diýilen zada gutarma ýokdur.
Güýz bolsa, toprakdan hasyl önmeli.
Meniň, güýzüm, ýollarymyz uzakdyr,
Sen ruhumdan dömüp, ýaza dönmeli.

Öz ähli mazmunym açsadym menem,
Ine, şu bag kimin ussatlyk bilen.

## IX

Ine, şu bag kimin ussatlyk bilen
Ähli mazmunymy açsadym eger,..
Mähribanym, diýar, sen paýhas bilen
Ilki pata, ondan soňra pursat ber,

Ýogum üçin meni gynama, diýar,
Ähli güýç-kuwwaty senden alaryn.
Özüm ýerde, gökde parlaýar hyýal,
Men şindi ýok. Ýok, men indi bolaryn.

«Biziň kärimizde ýagşy niýetiň
Ýarym döwlet däldigini» bilsem-de,
Niýetsiz ýaşamak çetin, ah, çetin,
Ýagşy niýet edýän wagty il senden.

Gögüň sypyrşy deý bulut — ýaglygyn
Sypyrsam pikrimiň ähli gabygyn,

## X

Sypyrsam pikrimiň ähli gabygyn,
Il-günüň ýüzüne müýnsüz garasam.
Magtymgulyň çaýlar içen çäýnegin,
Ýuwun-süpürmäge hukuk gazansam,

Il-günüňi söýmek uly iş, bilýän,
Ili söýsem söýşi kimin şol äriň.
Ýekeje setirim, bir sözüm bilen
Harlamaweräýin Pyragyň kärin.

Eý, pikirim, haçan dömjek, et aýan.
Ýogsa, senden bu ýürege takat ýok,
Seni wagtyndan öň aýtmak isleýän,
Seni wagtyndan öň aýdyp bilemok.

Gije ýolsuz ýerden ýörýän ýaly men,
Saklasam ruhumda geljek ýazy men,

XI

Saklasam ruhumda geljek ýazy men,
Indiki ýazlaryň dänelerini.
Bereketli, mährem zemin ýaly men,
Arzuw etsem dänäň känelerini.

Ine, biz aýlanyp ýörüs ýollarda,
Şatlanýarys. Gam çekmänem bolanok.
Ýöne ýaşar ýaly uzak ýyllarda
Hemmämizde şol ýaryljak däne ýok.

Owal-başda seni döredip zemin,
Ekläp, saklap, söýüp, ýola besläpdir.
Çaga höziriniň görülşi kimin,
Ol seň ýazyň bilen joşmak isläpdir..

Saklamasaň ýaşadygyň däl bu gün,
Şat baharyň ol hamyla gämigin.

XII

Şat baharyň ol hamyla gämigin.
Götereliň ruhumyzda biz merdem.
Gögem ýapynypdyr başa ýaglygyn,
Gyşyň ysy gelýär uzak bir ýerden.

Emaý bilen çökýär zemine duman,
Asman wada berýär bir giden ýagşy,
Bilýän, öz ýazyma ýetjegim bilýän,
Ýöne haçan? Gijä galmasam ýagşy...

Seret, gökde kakyp ýeňil ganatyn,
Awara durnalar edýärler owaz.
Güýz — bu kämilligiň alamatydyr,
Kämillikden dogan sadalykdyr ýaz.

Düşünmäge agyryňa döwür seň,
Güýz paýhasy bilen pikir öwürseň.

## XIII

Güýz paýhasy bilen pikir öwürseň
Ýamany kül edip sowurmak üçin.
Ynamsyzlyk köprüsini çöwürseň,
Ynam köprüsine öwürmek üçin.

Görýän weli, entek iş kän dünýäde,
Alajyň nä, närazylyk örtese.
Meň umydym, meniň iň bir zyýada
Kämilligim, şun geljekmi, erte, sen?!

Eger bir gün saňa ýetmän ölsem-de,
Çekmen tüm aşakda derdi-azary.
Otuz üç ýyl gijä galyp gelseň-de,
Gelseň bor ilimiň bory üçin razy.

Herhal dirilikde azarly ýörsem,
Ýazym gelse, ýagty pikir dogursam.

## XIV

Ýazym gelse, ýagty pikir dogursam,
Gitsem türkmen ýaýlalarnyň içine,
Gurujylar bile binalar gursam,
Gül bolup örülsem gyzlaň saçyna,

Awara şemala meňzeş gyratyň,
Ýallaryn sypalap, sährama sürsem.
Ýoklugymda boljak ähli hormatyň,
Dirilikde ýeke birini görsem.

Işlesem, bilmesem öler-galarym,
Ajalam birsellem golaýma gelmez.
Ahyrsoňy, ahyrsoňy ölerin,
Ýöne giç. Ol meniň öldügim bolmaz.

Meni tohum kimin ýygnar bu toprak.
Ýene güýz. Güýz bolsa saralýar ýaprak.

## Magistral

Ýene güýz, Güýz bolsa saralýar ýaprak,
Sary şemal ony tänderip geçýär.
Çaga dogran enä meňzeş bu toprak,
Topragyň üstünden ömürler geçýär.

Bar sary töwerek şeýle ajaýyp,
Bar sary töwerek ýalaňaç bu gün.
Bu tämiz, manyly görnüşe gaýyp,
Şona telwas edýär bu däli göwün.

Ine, şu bag kimin ussatlyk bilen
Sypyrsam pikiriň ähli gabygyn.
Saklasam ruhumda geljek ýazy men,—
Şat baharyň ol hamyla gämigin.

Güýz paýhasy bilen pikir öwürsem,
Ýazym gelse, ýagty pikir dogursam.

## *Serpaý*

Söýüň meni — ýürek söýgi küýseýär,
Şeýle bir küýseýär — ýok çaky-çeni.
Ýekeje adama ýeterlik söýgi
Bilen
        bir pursatlyk söýüň siz meni.

Maňa kän zat,
Uly bir zat gerek däl,
Eliňizi ýüregňize goýuň siz:
Size söýgi bilen ýüzlenýän günlem
Sözlerimi kesä çekmän söýüň siz.

Söýüň meni — ähli erki hem durky
Bilen size tarap ýollar çekeni.
Ýeke özüň söýüp ýörseň elmydam
Birazajyk agyr düşjek ekeni.

Söýüň meni siziň sadyk guluňyz,
Soňra menden size galar şeýle paý,
Men size bahasyz serpaý ederin —
Şalaryň elinden gelmejek serpaý.

«Enedilim.com» sahypasynyň kitaphanasy. ©